**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

G.D.Saryýewa, B.S.Saryýew, M.O.Myradow

# Neşekeşlige garşy göreş

**(Okuw gollanama)**

Ylmy redaktor: dosent A.Jumaýew

Aşagabt – 2010

**G.D.Saryýewa, B.S.Saryýew, M.O.Myradow**

# Neşekeşlige garşy göreş

# (Okuw gollanama)

## Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi

**Ylmy redaktor hukuk ylymlarynyň kandidaty,**

**dosent A. Jumaýew**

**Aşgabat – 2010**

## Giriş

Hormatly Prezidendimiz Gurbanguly Berdimuhamedow adam hakyndaky alada iň möhüm alada hökmünde garaýar, şeýle bolansoň sowatly ýaş nesli ýetişdirmek, olary neşekeşlik ýaly hyýanatçylyklardan goramak, Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler eýýamynyň derwaýys talaby bolup durýar. Türkmenistan döwletini esaslandyrýan jemgyýetiň milli aýratynlyklary, daşary ýurt döwletleriniň içerki we daşarky syýasatyna gatyşmazlyk, goňşy ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy alyp barmaklyk, dünýä howpsuzlygyna ýardam etmeklik, neşekeşlige we terrorçylyga garşy göreşi alyp barmaklyk ýurdumyzyň alyp barýan syýasatynyň iň esasy häsiýetlendiriji alamatlary bolup durýarlar.

Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler eýýamynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Watanymyzyň dünýä tejribesini hemmetaraplaýyn özünde jemleýän milli kanunçylygymyzy döretmegi döwlet syýasatynyň esasy ugry hökmünde häsiýetlendirdi. Ýurdumyzda kämil demokratik, hukuk we dünýewi ýörelgeleriň rowaç alýandygyna şaýatlyk edýän Baş kanunymyzda berkidilen. Konstitusiýada we kanunlarda görkezilen ýagdaýlardan başga adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmäge hiç kimiň haky ýokdur. Ýagny adamyň hukuklary hem-de azatlyklary eldegrilmesizdir we olary adamyň elinden alyp bolmaz. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasynda

”Türkmenistanda jemgyýetiň döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr” diýip bellenilýär[1].

Döwletimizde amala aşyrylýan durmuş – ykdysady reformalar Hormatly Prezidentimiziň öz halky üçin edýän aladalaryň aýdyň subutnamasydyr. Täze Galkynyşlar zamanasynda biziň döwletimiziň öňünde takyk wezipeler goýuldy. Şol wezipeleriň biri hem, raýatlaryň ruhy tämizligi we sagdyn ýaşamagydyr. Şu günki gün dünýäde iň wajyp meseleleriniň biri Ilatyň saglygyny goramak we oňa garşy edilýän jenaýatlaryň öňüni almak bolup durýar. Biziň ýurdumyzyň baştutany – Eziz Liderimyz Gurbanguly Berdimuhamedow biziň Watanymyzyň ösüşiniň perspektiwalaryny, onuň umumy mazmunyny, hereket edýän güýçlerini, syýasy, ykdysady we medeni täzeden gurluşynyň esasy ugurlaryny, reformalaryň geçirilişinde anyk strategiýalary ýokary derejede kesgitledi.

Awtordaşlykda taýýarlanan Neşekeşlige garşy göreş dersiniň okuw gollanmasyny harby we hukuk goraýjy edaralarynyň – Goranmak ministrliginiň, Döwlet Serhet gullugynyň, Içeri işler ministrliginiň, Milli howpsuzlyk ministrliginiň, Ýokary kazyýetiň, Baş prokuraturanyň, Döwlet gümrük gullugynyň, Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň, Adalat ministrliginiň, Döwlet Migrasiýa gullugynyň işgärleri we hukukçy talyplary üçin niýetlenen.

Neşe serişdeleriň dolanyşygynyň garşysyna göreşmegi, Türkmenistan döwleti Halkara

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasy.A., 2008, sah.11

borçnamalarynyň esasylarynyň biri diýip hasaplaýar, sebäbi neşe serişdelerinyň bikanun dolanyşygy jenaýatlaryň ösmegine getirýär. Şonuň üçin, ähli türkmen halky, jenaýatçylygy ýok etmek üçin bileleşip, ilki bilen, iň ýowuz belany – neşäni ýok etmelidir. Esasy şu günki wezipeleriniň biri - Türkmenistanyň çäginde neşekeşligi ýok etmek, neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygy bilen bagly jenaýatçylygynyň öňüni almak, jenaýatçylykly ýola düşen adamlary jemgyýetçilik, lukmançylyk we beýleki edaralaryň kömegi bilen dogry ýola salmak we geljeki, neşekeşlik bilen bagly jenaýatlaryň öňüni almak.

Metbugatdan, telewidiniýeden we beýleki habar beriş serişdelerinden çen tutsaň, bu bela garşy göreş dünýa möçberinde giňden geçirilýar. Biziň döwletimizde-de neşeler bilen meşgullanýan adamlar heniz hem bar, şoňa görä-de Hormatly Prezidentimiz neşe belasyna garşy göreşi bütin oba bolup, tutuş il bolup alyp barmalydygyny nygtaýar we degişli hukuk goraýjy edaralaryndan, öňüni alyş çäreleriň geçirilişi barada berk talap edýär. Bu ählihalk göreşinde, hukuk goraýjy edaralarynyň paýyna degişli işler örän uludyr, çüňki olar üçin bu göreş diňe bir jemgyýetçilik borçlary bolman, eýsem gönüden-göni wezipe borçlary bolup durýar.

Neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygy we terrorçylyk bilen bagly jenaýatlaryň garşysyna göreş alyp barmaga gönükdirilen täze üýtgetmeleriniň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine goşulmagy biziň ýurdymyzda adam hukuklaryny we azatlaklaryny goramagy üpjün etmekde

möhüm orny eýeleär.[2] Hormatly Prezidentimiziň tarapyndan öňde goýulan wezipelerden ugur alyp, “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi, kanunyň 3-nji maddasyna laýyklykda 2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndan şol kanun hukuk güýjüne girdi[3].

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzda geçirýän bilim we ylym syýasaty, türkmen ylymyň, bilimiňi dünýä standartlarynyň derejesine gün-günden ýakynlaşdyrýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ylmy-tehniki pudagyny ösüşiň hil taýdan täze derejesine çykarmak üçin şol pudakdaky işiň ýagdaýyny düýpli üýtgetmäge, ylmy barlaglaryň we tehniki işläp taýýarlamalaryň netijeliligini ýokarlandyrmaga, olary halk hojalygynyň dürli pudaklarynyň barha artýan talaplaryny üpjün etmäge we döwlet durmuşynyň derwaýyş meselelerini çözmäge gönükdirmäge wagt ýetdi, diýip, döwletimiziň baştutany nygtaýar. Döwletimyzyň mundan beýläk-de, hemmetaraplaýyn üstünlikli ösüşi, Türkmenistanda geçirilýän uly möçberli özgertmeleri, şol sanda milli bilim ulgamy babatda özgertmeleriň doly derejede durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin dünýä ylmynyň öňdebaryjy tehnologiýalaryny öwrenmek bilen, ýökary hünärli işgärleri taýýarlamak meseleleri ýokary okuw mekdebiniň mugallymlarynyň öňünde örän wajyp we jogapkärçilikli wezipe bolup durýar. Türkmen halkynyň Lideri şeýle

---

[2] Türkmenistan gazeti. 2010 ýýlyň 11-nji maý
[3] Türkmenistan gazeti. 2010 ýýlyň 20-njy maý

belläp geçdi: “ýuristleri, ykdysadyýetçileri, bank işgärlerini, kompýuter programmalarynyň hünärmenlerini, inženerlerini we ýurdumyza zerur bolan beýleki hünärmenleri dünýäniň iň ösen döwletlerinde, iň abraýly okuw mekdeplerinde taýýarlarys“[4].

Ýurdumyzda jemgyýetiň, durmuşyň hilini ösdürmek we kämilleşdirmek meseleleri ylmyň, bilimiň esasynda amala aşyrylýar. Ýokarda goýulan wezipeleri durmuşa geçirmek, kanunçylygy ulanylmak, “Hukuk öwreniş” hünäriniň talyplarynyň okuw hilini kämilleşdirmek üçin, Neşekeşlige garşy göreş dersiniň okuw gollanmasy hödürlenýär.

[4] Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek – bagtdyr.A., 2007, sah.130

## Bap I. Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler ýýamynda Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistanda neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygyna garşy alyp barylýan göreş çäreleri. Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ilatyň saglygy barada alyp barýan aladasy we neşekeşlige garşy göreş syýasaty

Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde 1995-nji ýyldan bäri her ýylyň Iýun aýynyň 26-sy, neşekeşlige we neşe serişdeleriniň bikanun ýaýradylmagyna garşy “**Halkara göreş”** güni bellenip geçilýär. **Neşekeşlik we neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygy** häzirki döwürde dünýä boýunça iň çylşyrymly meseleleriniň biri bolup durýär, onuň jemgyýetçilik howpy örän ulydyr. Neşe özüniň hemişe ýa-da ýzygiderli ýagdaýda ulanylmagyny talap edýär. Netije-de bolsa, adamynyň neşä bolan garaşlylygy, oňa baglylygy ýüze çykýar.



Neşe serişdeleriniň adamyň aňyna dowamly täsir etmegi dünýa garaýşynyň gowşamagyna, ýadyň bozulmagyna getirýär. Neşekeşler öz işlerine, dogan-garyndaşlaryna, hatda, öz çagalaryna biparh garap

başlaýarlar. Olar özlerine erk edip bilmeýärler, olaryň daşky görnüşi ýaramazlaşýar, ahlak taýdan bozulýarlar.



Neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygyna göreşmek bilen bagly meselelerini ähli döwletleriň güýçleriniň toplanşygy esasynda çözülip bilner. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy neşe serişdeleriniň bikanuň dolanşygyna garşy göreşi amala aşyrmak we oňa gözegçilik etmek üçin ýörite fondlary ykrar etdi we ş.m. çäreleri geçirýär. Biziň döwletimizde neşekeşlige garşy göreşmek meselelerine işjen seredilýär we neşekeşlik ýaly belany ýok etmek bu umumy ählihalk işi bolup durýar. Şonuň üçin, uly-kiçi diýmän, maşgalada we jemgyýetde, her bir maşgala we jemgyýet agzasy neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygyna garşy göreşmekde öz goşandyny goşmaly. Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin mejlislerini jenaýatçylygyň öňüni almak bilen bagly meseleler boýunça yzygiderli geçirýär. Olaryň gün tertibine ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň – Goranmak ministrliginiň, Döwlet Serhet gullugynyň, Içeri işler ministrliginiň, Milli howpsuzlyk ministrliginiň, Ýokary kazyýetiň, Baş prokuraturanyň, Döwlet gümrük gullugynyň, Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň, Adalat ministrliginiň, Döwlet

Migrasiýa gullugynyň edýän işleriniň jemlerini jemlemek we olaryň öňünde durýan täze wezipeleri kesgitlemek, Garaşsyzlygyň esaslaryny berkitmek, ýurdumyzyň raýatlarynyň parahat we abadan durmuşda ýaşamak üçin şertleri döretmek bilen baglanyşykly meseleleler seredilýär. Döwlet Baştutany her çykyşynda neşekeşlige, neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygyna we ýaýradylmagyna garşy göreşe her bir adamyň ünsüni çekýär, neşekeşligi ýok etmek işi diňe neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň däl-de eýsem, hemmeleriň mukaddes borjudyr we bu mesele biziň ýurdumyzyň içeri syýasatynyň möhüm meseleleriniň biridir diýip belleýär. Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti döwlet ýolbaşçylaryň degişli wezipeleri öňünde goýdy, şoňa görä-de, ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalary neşekeşlige garşy alyp barýan göreşinde ilkinji hatarda bolmalydyrlar, bu ýowuz bela garşy ähli serişdeleri we mümkinçilikleri ulanmak zerurdyr, neşekeşlige çarşy göreşmegiň köpçulikleýin bedenterbiýäni we sporty ösdürmek ilatyň, aýratyn hem, ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek, beden taýdan sagdyn we ruhy taydan kämil ýaş nesli taýarlamak ýaly netijeleri usullary giňden ulanmaly.



Neşe serişdeleriniň bikanun ulanmagy, neşekeşlik bilen bagly jenaýatlaryň amala aşyrmagyna getirýär, sebäbi dolanşykda gadagan bolan neşe serişdeleriniň ulanmagy, taýýarlanmagy, gaýtadan işlenilmegi, edinmegi, daşamagy, saklamagy, ibermekligi bilen bagly hereketleriň amala

aşyrmagynyň özi – jenaýat bolup durýar. Jenaýat diýlip hasaplanýan, neşe serişdeleri bilen baglanyşykly amala aşyrylýan jemgyýetçilik howply etmişleriň görnüşleri, olaryň düşünjesi, usullarynyň we şertleriniň jemi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 292-301-njy maddalarynda görkezilen. Neşekeşligiň öňüni almak üçin derňewi we kazyýet seljerşini geçirýan edaralaryň öňünde goýulýan wezipeleri esasan, şu soraglara jogap bermeklikden ybaratdyr: jenaýatlar kimler tarapyndan edilýär, dolanşykda gadagan neşeleriň haýsy görnüşi giň ýaýran, jenaýat kanuny tarapyndan gadagan edilen etmişleriň haýsysy iň köp gabat gelýär, aýratyn jenaýatlaryň sebäpleri we şertleri nämeden ybarat bolup durýar, bu etmişleri eden adamlara, esasanam, nähili jeza çäreleri bellenilýär we şuňa meňzeş meseleler.

Neşe serişdelerini ulanýan adamlary bejermekligiň umumy maksady, olary kadaly durmuşa gaýtaryp getirmek, neşe serişdelerini ulanmak gylygyny meýletin taşlatmak, zähmet-bejeriş we bejeriş-terbiýeçilik edaralarynda neşekeşleri bejermek, şeýle hem lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmagynyň tertibini kämilleşdirmek we beýlekiler.

Neşekeşlik gadymdan jemgyýetde ýazgarylýar, şu mahal bolsa oňa garşy göreş çäreleri bütin dünýä boýunça geçirilýär. Lukmançylyk görkezmesi ýok halatynda neşe serişdeleriniň ulanmagy örän agyr netijelere getirip bilýär. Adamyň jan saglygy, maşgala abadançylygy, onuň geljegi we durmuş ýoly kül bolýar. Neşeleriň bikanun ulanylmagy we olaryň dolanyşygy döwletiň howpsuzlygyna we ilatyň saglygyna zeper ýetirýär. Neşe adamyň beýnisini, bütin

bedenini zäherleýär, adam ömrüne palta urup, özüniň jemgyýetdäki ornuny we abraýyny pese düşürýär. Şonuň üçin neşekeşlerde durmuşa degişli hiç hili höwesi bolmaýar, olarda ýalan sözlemek, binamyslyk, hapysalyk, maşgala we ata-enä biperwaýlyk, ruhy we beden taýdan mätäçligi, titreme, sandyrama ýaly ýaramaz gylyk-häsiýetleri ýüze çykýarlar. Netijede neşäni ulanýan adamlar, wagtyň geçmegi bilen zähmete bolan ukybyny ýitirýärler, neşe belasyndan mätäçlik çekip neşe serişedeleriniň ulanmagyna bagly bolup durýarlar. Neşäniň gysga wagtda täsir edýändigi sebäpli, neşekeşiň bedeni her gezek neşäniň öňküden-de köp möçberiniň kabul edilmegini talap edýär. Neşe serişdelerine bolan baglylyk neşekeşiň özini alyp barşyna güýçli täsir edýär we onuň erkini, ruhuny basýar, dünýä garaýşyny daraldýar. Neşekeşiň pikiri, bar höwesi–aladasy neşe serişdesini tapmak we ulanmaklyga gönükdirlen bolýar. Neşe serişdelerine baş goşan adamlar ýalan sözlemekden, aldamakdan, ogurluk etmekden, zorlamakdan, saglyga şikes ýetirmekden, adam öldürmekden hem gaýdanoklar. Güýçli baglylyk döredýändigi sebäpli geroiniň, tirýegiň, gök naryň, gaşişiň we düzüminde neşe serişdesi bolan beýleki dürli dermanlaryň ulanmagy adamy dürli kesellere sezewar edýär. Şol sanda, neşekeş ilkinji döwürde neşäni keýp üçin ulanýan bolsa, ikinji döwürde onuň fiziki baglanşygy we içki beden agzalarynyň zaýalanmagyny, üçünji döwürde bolsa, neşekeşiň ruhy, ahlak we bejerip bolmaýan baglanyşygyny ýüze çykarýar. Şu derejä ýeten adamlary dogry durmuş ýoluna goýmak örän kyndyr. Neşekeşler durmuşda her bir adam üçin esasy bolup durýan Watan, ene-ata, ýanýoldaş, çagalar, garyndaşlar, dostlar,

kärdeşler ýaly gymmatlyklaryň çuňňur we wajyp mazmunyny ýitirýärler.

Ýaşlary şu ýaramaz etmişlerden saklamak üçin döwletimiziň jemgyýetçilik guramalary, hukuk goraýjy, lukmançylyk, bilim we beýleki pudak edaralary uly işleri alyp barýarlar. Bu ýowuz belanyň öňini almakda Täze Galkynyş zamanasynda Garaşsyz Watanymyzyň her bir raýaty öz goşandyny goşmalydyr. Neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygyna garşy göreşmek şol çäreleri geçirmäge borçly bolup durýan edaralaryň bilelikdäki işleri esasynda amala aşyrylýar, ýöne esasy üns bolsa, düşündüriş, terbiýeleýiş we öňüni alyş çärelerine berilmelidir. Jemgyýetiň howpsuzlygyna, ilatyň saglygyna wehim salýan neşekeşligiň garşysyna göreşi alyp barmak - her bir adamyň mukaddes borjy bolup durýar.

Raýatlaryň parahat, bagtyýar durmuşda ýaşamagy, azat-erkin zähmet çekmegi, dünýä derejesinde ylym-bilim almagy üçin döwlet tarapyndan ähli şertler döredilýär. Garaşsyz ýurdumyzda gazanylýan syýasy-ykdysady ýeňişler halkymyzy eşretli, abadan ýaşaýşyň, bolelin durmuşyň belentliklerine atarýar. Raýatlaryň maddy we ruhy taýdan üpjün edilen durmuşda ýaşamagy üçin bimöçber tagallalar amala aşyrylýar. Adalat jemgyýetimizde raýatlaryň kanuny hak-hukuklarynyň goralmagyna, her bir adamynyň kanunda görkezilen kepilliklerinden peýdalanyp bilmegine oňyn şertleriň döredilmegi, ýurtda demokratik özgertmeleriň, dünýä döwletleriniň parahatçylygyna, asudalygyna, durnuklylyga we howpsuzlyga gönükdirilen syýasatlaryň ýöredilmegi Bitarap türkmen döwletimiziň halkara derejesindäki

abraýyny has-da ýokary göterýär. Hukuk goraýyjy edaralary tarapyndan döwletimizde geçirilýan çareleriň hemmesi jenayatlaryň öňuni almaga niýetlenen. Jenaýatlaryň öňüni almakda esasy sertleriň biri-de neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygyna garşy göreş çärelerini geçirmekdir.

Täze Galkynyş eýýamynda neşä hiç bir orun bolmaly däldir, neşekeşlik biziň ajaýyp durmuşymyzyň gara tegmilidir. Neşekeşlik bütin dünýäniň halklarynyň arasynda ýazgarylýar hem-de oňa garşy göreşilýär. Neşekeşligiň ýowuz beladygy, ol ýowuz kesel bilen hiç bir oýun ederlik däldigi, bu günki-gün bütün dünýä jemgyýetçiligine aýan boldy.

Neşekeşleriň arasynda käte ruhy kesellere sezewar bolanlara hem gabat gelinýär. Neşe beýnini, bütin bedeni zäherleýär, adam ömrüne palta urup, adamyň şahsyýetyýetine ýara salyp, ony jemgyýetde pese düşürýär.

Neşekeşlige garşy göreş bütin dünýä jemgyýetçiliginiň, ähli döwletleriň, her bir adamyň ynsançylyk parzy hem-de mukaddes borjy bolup durýar. Gynansak-da, neşe serişdeleriniň garşysyna göreşmekden geçen, müňlerçe adamlary zäherlemek, abat maşgalalary berbat etmek, esasan hem ýaşlaryň aňyny bulaşdyryp, olary neşe serişdelerini ulanmaklyga çekmekligi ýörite kesp-kär edinýän adamlar bar.

Türkmenistanyň Jenaýat kanunçylygynda, jenaýat diýlip hasaplanýan, neşe serişdeleri bilen baglanyşykly amala aşyrylýan jemgyýetçilik howply etmişleriň

görnüşleri, olaryň düşünjesi, amala aşyrylyş usullary we şertleri, bu jenaýatlary kimleriň edýändigi, kanunçylyk nukdaýnazaryndan ýazgarylyşy, bu jenaýatçylykly etmişleri eden adamlara jeza çäreleriniň bellenilişi barada gürrüň edilýär.

Neşe serişdelerini ulanýan adamlary bejermekligiň umumy maksatnamasy, olary kadaly durmuşa gaýtaryp getirmek, neşe serişdelerini ulanmaklygy meýletin taşlamakdan boýun gaçyrýan adamlary, zähmet-bejeriş we bejeriş-terbiýeleýiş edaralaryna, bejergi almaklyk üçin mejbury ugratmagyň, şeýle hem jeza çäresi bilen birlikde, lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri bellemekligiň tertibi, neşekeşleri bejermeklik üçin lukmanlaryň edýän tagallalary barada degişli ugur boýunça ýokary derejeli hünärmenler tarapyndan giňden gürrüň edilýär.

Neşe serişdeleriniň bikanuň dolanşygy bilen bagly meseleleriniň çözülmegi üçin iki sany ugry utgaşdyrmak zerurdyr:

1) öňüni alyş çäreleri, neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygyna garşy göreşi we ýaş nesiliň arasynda düşündiriş işlerini alyp barmak.

2) neşe serişdelerine bagly bolan adamlary bejermek we olary dogry ýola goýmak.

Watanymyzyň röwşen ertirleriniň dowamaty bolan ýaşlaryň arasynda neşekeşlik atly nägehan howpuň öňüni almakda durmuşa geçirilmeli çäreleriň örän uludygyny nygtamak gerek. Bu ýowuz bela-betere garşy göreşmekde gümrük we serhet gulluklary, saglygy goraýyş hem bilim

edaralary, Umumymilli “Galkynyş” hereketine girýän jemgyýetçilik guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmakda polisiýa işgärleriniň işi döwrüň talabyna laýyk guramagy zerurdyr.

Türkmenistanyň Prezidenti, hormatly Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhammedowyň belleýşi ýaly neşeleriň bikanun dolanşygyna garşy göreşi düýpgöter güýçlendirmeli, çünki edilýän jenaýatlaryň aglaba köpüsi neşe serişdeleri bilen baglanşykly bolup durýar. “Saglyk” Maksatnamasyny hem-de neşe serişdelerine garşy göreşi doly möçberde amala aşyrmaklyk üçin, neşe serişdeleriniň zyýany barada halkymyzyň arasynda wagyz-nesihat işlerini geçirip, metbugatda, telewideniýede, mekdeplerde, edara-kärhanalarda we beýleki jemgyýetçilik ýerlerinde çykyş etmegimizi mundan-da güýçlendirip bu bela bütin halk tarapyndan ýazgarşa sezewar etmeklige degişlidir.

Metbugatdan, telewidiniýeden we beýleki dünýä habar beriş serişdelerinden çen tutsaň, bu bela garşy göreş dünýa möçberinde giňden ýaýbaňlandyrylýar. Biziň Garaşsyz, Baky Bitarap eziz Türkmenistanymyzda-da neşekeşlige baş goşýanlar gynansakda aradan aýrylyp gidiberenok, oňa görä-de Hormatly Prezidentimiz neşe belasyna garşy göreşi bütin oba bolup, tutuş il bolup, alyp barmalydygyny öwran-öwran nygtaýar we hukuk goraýjy edaralardan, bu barada berk talap edýär. Bu ähli halk göreşinde, hukuk goraýjy edaralarynyň paýyna düşýäni örän ulydyr, çünki olar üçin bu göreş diňe bir jemgyýetçilik borçlary bolman, eýsem gönüden göni wezipe borçlary bolup durýar.

Neşe serişdeleriň we psihotropik maddalarynyň bikanun taýýarlanmagynyň, gaýtadan işlenmeginiň, edinilmeginiň, saklanylmagynyň, daşalmagynyň we iberilmeginiň, şeyle hem satylmagynyň garşysyna bütün dünýä boýunça göreş alnyp barylýar. Birleşen Milletler Guramasy 1961-nji ýylda Neşe serişdeleriň Bitewi konwensiýasyny, 1971-nji ýylda Psihotropiya maddalary baradaky Konwensiýasyny, 1988-nji ýylda Neşe serişdeleriň hem-de psihotropiýa maddalaryň dolanyşygynyň garşysyna göreşmek baradaky Konwensiýasyny kabul etmek bilen halkara düşünjeleri we jogapkärli wezipeleri döwletleriň öňünde belledi.

Neşe serişdeleriň hem-de psihotropiýa maddalarynyň dolanşygynyň garşysyna göreşmegi, Türkmenistan döwleti Halkara borçnamalarynyň biri hasaplaýar, sebäbi neşe serişdeler bilen baglanyşykly jenaýatlaryň jemgyýet üçin howply täsiriniň barlygyny, adamzat nesliniň dowamlylygyna ýykgynçylykly zarba urýandygyny, Neşe serişdeleriň ulanmagynyň bolsa, adam saglygyny ýitirip güýç-kuwwatdan, at-abraýdan gaçyrýandygyny, adamy ahlaksyzlyga eltýändigini, maşgala betbagtçylyk getirýändigini taryh tassyk edýär.

Hormatly Prezidentimiz özüniň “Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy” atly kitabynda: ”Ýurdumyzda neşekeşlige garşy göreşiň güýçlenmegi, çilim çekmegiň, nas atmagyň gadagan edilmegi hem ýönekeý meseleler bolup galmaýar. Ylaýta-da ýaş nesli şeýle howply, diňe saglyk babatda däl eýsem, ahlak babatdaky nogsanlyklardan gorap saklamak jemgyýetiň her bir agzasynyň borjydyr. Sebäbi şu günki nesil biziň ertirki

dowamatymyzdyr watanymyzy kuwwatlandyrjak, biziň edýän işlerimizi has mynasyp öňe alyp gitjek adamlardyr. Şonuň üçin ýaş nesil baradaky aladany uly mähir bilen, özi hem ene göwresindekä döwlet derejesine çykarmagy zerur hasap edýärin[1] " diýip belleýär.

Ýurtda saglyk gününiň döwlet derejesinde bellenilip geçilmegi Hormatly prezidentumiziň ilatyň saglygy, sagdyn durmuş obrazyny has gowylandyrmak üçin alyp barýan asylly syýasatynyň bir ugrydyr. Ýurdumyzyň adam hukuklary baradaky, neşekeşlige garşy göreş hakyndaky halkara konwensiýalaryna goşulmagy bolsa ýurdymyzyň, onuň milli Lideriniň ilatyň saglygyny, howupsuzlygyny, ýaş nesillerimiziň gelejegini, hemme zatdan ileri goýýanlygynyň subutnamasydyr.

[1] Türkmenistan Sagdynlygyň we Ruhybelentligiň ýurdy. Gurbanguly Berdimuhammedow .A., 2008 .
36 sah

## Bap II. Neşe serişdelere garşy göreşiń taryhy meseleleri. Neşe serişdeleriň bikanun ýaýramagynyň we ulanylmagynyň taryhy



Ýer ýüzüniň islendik halky öz taryhynda neşe serişdeleriniň peýdalanylandygy barada köp mysallary tapyp biler. Taryhy geçmişde şol serişdeleriň ol ýa-da beýleki görnüşiniň ulanylyşy, ýurduň ýerleşen ýerine, ilatyň däp-dessuryna we beýleki ýagdaýlaryna bagly bolupdyr.

Ýewropa sebitinde **neşe serişdeleri** gadyndan mälim bolupdyr. Ellin etruskalaryna we rimlilere göknaryň her hili önümleri belli bolupdyr. Onuň entek bişip ýetişmedik gozasyny dilip, ondan **tirýek** alypdyrlar we uklamak üçin ýa-da agyra garşy ulanypdyrlar. Eýýäm şol döwürlerde neşe serişdeleriniň gorkulydygy belli eken. Uly Pliniý, tirýegiň köp ulanylmagynyň ölüme eltýändigini ýazypdyr. Göknaryň şiresi Aziýada hem gowy tanalypdyr. Şumerler ondan uky dermanlaryny ýasapdyrlar. Tirýek Ýewropa sebitine, Aziýa döwletlerinden düşen bolmagy mümkin. Aziýada tirýekden başga-da neşe maddalary ulanylypdyr. Beduin taýpalary daş ýola ugranlarynda häzirki wagtda **“marihuana” ýa-da “gaşiş”** diýip atlandyrylýan **bang şepbigini** hem ýanlaryna alypdyrlar. Şepbigi iç gysmazlyk üçin çekipdirler. Arap ýarym adasynyň günortasynda **kata (Catha edulis)** diýilýän ösümligiň ýapragyny çeýnäpdirler

we bu adat hasaplanylypdyr. Bu ösümligiň düzüminde **Y-norefedrin** bar. Afrika döwletlerinde-de neşe **serişdeleri** ulanylypdyr. Müsürliler göknaryň şiresiniň ukladýandygyny bilipdirler we ulanypdyrlar. Gündogar Afrikanyň ýaşaýjylary **katy** ulanypdyrlar. Birnäçe tireleriň çopanlary özünde kofein saklaýan **kofe agajynyň (Coffea arabica)** ýapraklaryny çeýnäpdirler. Günorta Amerikanyň demirgazyk-gündogar bölegindäki indeýler özünde kokain saklaýan **koka (Erythroxylon coca L.)** diýilýän ösümligiň ýapraklaryny ulanypdyrlar. Demirgazyk Amerika indeýleri bolsa, şady-horramlyk etmegiň öň ýanynda iýmitlerine düzüminde **psilolisin bolan kömelegi (Psylocyde mexicana)** we düzüminde **meskalin saklaýan kaktuslaryň (Lopophora williamsii)** baldaklaryny goşup, özlerini täsin (ekstaz) ýagdaýa çenli eltipdirler (bu ýagdaý aklyndan azaşany ýatladýar). Düzüminde antropin bar bolan ýene-de bir demirgazyk-amerika ösümligine **“melgun üljesi ”** diýilmegi ýöne ýerden däldir.



Taryha göz aýlasak, X1X-asyrda Hytaý döwletiniň pese düşmegine hem neşe serişdeleriniň täsiriniň nähilidigini görmek bolýar.

Hytaýda dini garaýyşlara eýerip, alkogolly içgiler gadagan hasaplanypdyr. Emma 1821-nji ýylda Osk-Hind kompaniýasy, Hytaýa 270 tonna tirýegi getiripdir. 1838-nji ýylda Britan imperiýasyndan getirilýän tirýegiň möçberi 2400 tonna ýetipdir. Tirýek Hytaýyň öndürýän önümlerine garanda iki esse köp girdeji getiripdir. Hytaýa tirýegiň getirilmeginiň depgini has güýçlenipdir. Hat-da döwlet ony satyn almaga ýeterlikli serişde toplap bilmändir. Hytaýyň imperatory hem-de döwleti dolandyrýan adamlary millionlarça adamlaryň zaýalanmagynyň şaýady bolupdyrlar. Şeýlelikde, ýurtda ykdysadyýetiň ýagdaýy güýçli pese düşüp, döwletiň güýjüniň peselmegine getiripdir.



1838-nji ýylda döwletiň dolandyryş topary, Lin Sezýuý ýolbaşçylygynda Kantonda 20.219 guty tirýegi ýakypdyr. Bu haryt Hindistandan getirilepdir. Şeýlelikde

Hytaýda “tirýek urşy” başlanypdyr. Bu döwür 1839-1842-nji ýyllary öz içine alypdyr[1].

Hytaý häkimiýeti tirýek çekmekligi gadagan edýän dürli usullary ulanypdyr. Olaryň arasynda has ýowuzlarynyň biri general Szent Tan tarapyndan oýlanyp tapylyp, amala aşyrylypdyr. Ol hemme neşekeşleriň dodagyny çapmaklygy buýrupdyr (müşdigi sorup bilmezligi üçin). Şeýle ýowuz çäre hem neşekeşligiň ösüş depginini saklap bilmändir. Hytaý döwleti neşe belasynyň howpunyň astynda bolupdyr. Neşe serişdelerini barlamak we öwrenmek XIX asyryň başlarynda başlanypdyr. Arassa görnüşde alnan ilkinji neşe serişdesi morfindir. Ony 1804-nji ýylda Sertýuner diýlen adam göknardan alypdyr. 1821-nji ýylda çaýdan tein, kofeden kofein tapylyp, olaryň meňzeşdikleri subut edilipdir. 1832-nji ýylda tirýekden kodein tapylypdyr. 1960-njy ýyllardan başlap alkaloidleriň her hili görnüşleri tapylýar. Olaryň arasynda kokanyň ýapragyndan alnan kokain, efedradan alnan efedrin ýaly neşe serişdeleri bar. Himikleriň köpüsi neşe serişdeleriniň aşa köp ulanylmagynyň netijesiniň ummasyz agyr bolýandygyna oňat düşünip, olaryň adam aňy üçin zyýansyzlaryny emeli usul bilen almaga çalyşýarlar. Emma bu olara entek başardanok. Gaýtam tersine –bu barlaglaryň netijesinde öňkülerdenem erbet häsiýeti bolan geroin we dietilamidolizergin turşulygy (DZG) ýaly has gorkuly neşe serişdeleri alyndy. Ýöne alymlar tarapyndan howpsuz neşe serişdeleriniň gözlegi häzirem dowam etdirilýär.

Saglyga taý geljek zat ýok, her bir ynsan jany sagdyn wagty saglygyň gadryny bilip, neşe ýowuzlygy ýaly bela-

[1] Daşary ýurt “Interner” maglumatlaryndan.

beterlerden özüni goramalydyr. Şu ýerde akyldar, pelsepeçi, Magtymguly Pyragynyň parasatly sözlerini ýatlamaklyk ýerlikli bolar:

Magtymguly Möwlam jandan ýakyndyr,

Çilim bir şor suwdyr, ten bir zemindir,

Iman bir tilkidir, göwre bir hindir,

Tilki tüssä dönmez, hinde çilimkeş.

ýa-da:

Nas atanlar hondan bärsi çak eder,

Ýagşy, ýaman eden işiň hak eder,

Akar-durar, üstü başy poh eder,

Senden gaçar deňi-duşuň nas atan

-diýen setirlerini şu günki-gün unutmaly däldiris.

Neşekeşligiň öz taryhy bar. Biziň eramyzdan öň 14-20 asyrlaryň hindi çeşmelerinde ilkinji gezek neşe serişdesi bolan “bhang” hakynda aýdylýar. Müsürde neşe serişdeleri Faraon Ramzes I-iň döwründen ulanyp başlapdyrlar. Ýewropa halklarynyň arasyna bolsa, Gippokratyň belleýşine görä, neşe serişdeler 5000 ýyl mundan ozal ýaýradylypdyr. Ýöne häzirki döwürde neşekeşlik dünýa boýunça has giň ýaýran beladyr. Bu ýagdaý bolsa neşekeşligi iň wajyp meseleriniň birine öwürildi. Jemgyýet üçin howply bolan neşekeşligiň ýüze çykmagynyň we ýaýramagynyň sebäpleri we şertleri hemmetaraplaýyn

ýeterlik derejede öwrenilmedik. Bu meseläni dünýäniň ähli döwletleri öz güýçlerini birleşdirip çözüp bilerler. Bütin dünýäde neşekeşlige garşy alnyp barylýan göreşde degişli çäreler ulanylýar, käbir döwletlerde neşe baradaky kanunçylygy bozan adama ölüm jezasy bellenýär, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy neşe serişdelerine gözegçilik işini gurnamak üçin ýörite fondy tassyklady.

Gadym zamananyň tebipleri neşe serişdelerini lihoradka (titireme), kelle ýa-da diş agyrysy üçin, göz, gulak we ş.m. keselleri üçin ulanmagy maslahat beripdirler. Şu wagtky döwürde hem käbir erlerde neşe serişdeler agyryny aýyrýan derman hökmünde ulanylýar.

Neşe serişdelerini ulanýan şahsyýetler köp sanly jenaýatlary edýärler. Gulam Ahmedow we Mustafa Kadyrow "Наркомания. Преступность. Ответственностью" diýen işlerinde şeýle belleýärler, "Neşe serişdelerini ulanýän hem-de ondan ejir çekýän şahsyýetyýetler betnebislik niýet bilen edilýän jenaýatlary köp amala aşyrýarlar. Neşekeşlik bilen bagly bolan jenaýatlaryň 59,6 % betnebislik bilen edilýän jenaýatlardyr. Bu ýagdaýy neşe serişdeleri edinmek üçin köp pul serişdeleriniň gerek bolýanlygy bilen düşundirip bolar. Neşe serişdelerini ulanmak döwlet we lukmançylyk edaralaryndan, ýakyn garyndaşlardan we tanyşlardan gizlinlikde edilýär".

***Neşekeşlik*** - häzirki döwürde dünýä boýunça iň wajyp meselelaryň biridir. Onuň jemgyýetçilik howpy örän ulydyr. Neşe özüniň ulanylmagyny hemişe ýa-da belli bir

tertip boýunça ýagdaýda ulanylmagyny talap edýär, sebäbi diňe neşäni hemişe ýa-da belli bir tertip boýunça, ýagny kä mahal ulananyňda keýp alyp bolýar hem-de diskomfortlykdan azat bolup bolýar. Netijede bolsa, adamynyň neşä bolan garaşlylygy, oňa baglylygy ýüze çykýar. Bu baglanyşyk birnäçe döwürleri geçenden soň emele gelýär. Birinji döwürde haýsam bolsa bir neşe serişdesineni "eýforiýany" ulanmak bilen keýpliligiň subýektiw duýgusy emele gelýär. Bu keýpi täzeden ýene bir gezek duýmak islegi netijesinde neşe serişde ýamaşgandan ulanylýar. Neşäni ýygy-ýygydan ulanmak bolsa adamyň oňa bolan ruhy garaşlylygynyň ösmegine getirýär. Şeýlelikde, birinji döwürde neşekeşlikden kesellemek bolup geçýär. Eger-de haýsam bolsa bir sebäplere görä adam neşe serişdesineni ulanmagyny bes etse, onda göwni çökgünlilik, kanagatlanmazlyk emele gelýär, ol hemişe neşe hakynda pikir edip başlaýar. Neşe serişdesineniň soňraky ulanylmagy adamyň oňa bolan fiziki garaşlylygyny emele getirýär, neşe arlyk simptomynyň (abstinent sindromy) emele gelmegine getirýär. Bu ýagdaý hroniki arakhorlykdäki pohmelýa meňzeýär. Adamyň neşe serişdesine garaşlylygy (fiziki), eýýäm, onuň ikinji döwürsyny aňladýar. Bu döwürde neşäni ulanmak zerur serişde bolup durýar. Bu döwür uzak wagt, birnäçe ýyllar dowam edip bilýär. Şeýlelikde, üçünji döwür başlanýar: neşe serişdesi az möçberli ýygy-ýygydan (her 1-2 sagatdan) ulanylyp başlaýar. Eger-de az wagt hem muny ulanmasaň, neşekeşiň ähli ýaşaýyşy üçin zerur edaralarynyň ygtyýarlygy togtaýar, bu bolsa onuň janyna howp salýar.

Neşeleriň adamyň ruhyna dowamly täsir etmegi intellektiň gowşamagyna, ýadyň bozulmagyna getirýär. Neşekeşler öz işlerine, dogan-garyndaşlaryna, hatda, öz çagalaryna biparh garap başlaýarlar. Olar özlerine erk edip bilmeýärler, olaryň şahsyýety degrasiýasy bolup geçýär: olaryň daşky görnüşi ýaramazlaşýar, ahlak taýdan bozulýarlar.

Köp döwletleriň neşekeşlige wagtynda üns bermänligi we onuň öňüni almanlygy onuň bütin dünýä ýaýramagyna we uly bir mesele öwrülmegine getirdi. Bu meseläni ähli döwletler öz güýçlerini toplaşyp çözüp bilerler. Bütin dünýäde neşekeşlige garşy göreşmek üçin degişli çäreleri ulanýarlar. Käbir döwletleriň kanunçylygynda neşekeşlik üçin ölüm jezasy bellenilen. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy bolsa neşekeşlige garşy gözegçilik etmek işi boýunça gurama üçin ýörite fondy ykrar etdi we ş.m. çäreler geçirilýär.

Ýewropaň we Amerikanyň döwletlerinde neşekeşlik has giň ýaýrandyr. Hasabat berlenlere görä, amerikanlylaryň 60 % neşekeşdir, Fransiýada 100 müň adam neşe serişdelerini ulanýarlar. Germaniýada ulanýarlaryň 25-30 % ýetginjekler, 14 ýaşdan başlap neşäni ulanmakda tejribe toplaýarlar.

Bütindünýä saglygy saklaýyş guramasynyň berýän maglumatlaryna görä, şu wagt bütin dünýä boýunça 48 mln adam neşekeş hasaplanýarlar. Neşäniň söwdasy we onuň kontrabandasy artýar. Bu iş dünýä biznesine öwrüldi. Neşe söwdany gurnaýan gizlin korporasiýalaryň ýyldaky alýan peýdasy 300 mlrd. dollar töweregidir.

**Iň ýaýran neşe serişdesi – Tirýek,** “opus” gadymy grek sözi bolup “şerbet” diýen manyny aňladypdyr. Ol 25-e golaý alkoloidden, şepbiklerden, mineral duzlardan, beloklardan, kauçukdan, uglewodorotdanan we beýleki serişdelerden ybaratdyr. Tirýegiň täsiri onuň düzmünde morfiniň 5-15 göterimi neşäniň hiline baglylykda (1,5 – 12,5), kofeiniň (0,2 - 3), papaweriniň (0,1 - 1), tebainiň (0,2- 0,5), narsiniň (0,2) we mekon kislotalarynyň näçe derejede bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Tirýekden önümçilik ugrundan morfiý, papawerin alýarlar. Şol alynan önümleriň käbirem öz nobatynda lukmançylykda uly ähmiýeti bar bolan birnäçe maddalary almagyň özeni bolup hyzmat edýär. Mysal üçin, morfini, kofein, geroin we anaomorfin almak üçin peýdalanýarlar. Tirýegiň lukmançylykda ulanylmagy öz gözbaşyny gadym eýýamdan alyp gaýdýar. Hakykatda munuň özi içki kesellerinde ulanylyp başlanan ilkinji serişdeleriň biridir. Ol Hytaýda, soňra Arap lukmançylygynda giňden ulanylýar.

Eger tirýegiň we ondan alnan önümleriň terapewtlik atymy (möçberi) gymmat bahaly dermanlyk serişde hasaplanýan bolsa, onuň yzgiderli ulanylmagy neşekeşlik endigine alyp barýar. Neşekeşleriň tirýegi ulanyşlarynyň dürli usuly bar: tirýek atmak (gaty ýa-da suwuk görnüşde), çekmek, sormak (içiňe dartmak), bedeniňe sançmak. Tirýek adamyň organizmine heläkçilikli täsir edýär. Ilki başda tirýegi azajyk ulanan ýagdaýynda, çekende ol adamyň agyrysyny aýran ýaly edýär, süňňüni düzedýär, keýpini göterýär, göwnüni hoş edýär, her hili ýakymly ham-hyýallara batyrýar. Emma tirýegiň bir syhly ulanylmagy

organizmiň yzgiderli zäherlenmegine eltýär, netijede adamyň damar dokumlary, bagr dokumalary, gan damarlary, içki sekresiýanyň mäzleri özgermelere sezewar bolýar, bütün madda çalyşygy bozulýar, organizmiň kem-kemden haly gaçyp, onuň olüme eltýän halatlaram seýrek bolmaýar. Öwrendekli (süpük) tirýekkeş iňňä sapaýmaly ýaly bolýar, onuň ýüz-keşbini göreniňde nebsiň agyrýar. Ýaşy 30 hem bolsa, sypaty garry adama meňzeýär, gury “agaç” bolup galýar. Tirýek edýänleriň arasyndan ölýänleriň sany sag adamlaryňkydan iki esseden hem artykdyr. Çig tirýegi gizlin alyp-satmak üçin ony gaýnadýarlar, şeýle edilse-de onuň öz mahsus ysy aýrylmaýar. Şoňa görä-de ony klýonka, polietilen gaba, ýapyk gap-gaçlara salyp goýýarlar, ysyny bildirmezlik üçin başga ýiti ysly serişdeleriň ysyny berýärler. Tirýegi gapdan çykaryp, ony köplenç polietilen paketlere bir gramdan bölüp dolaýarlar. Ýokary hili tirýegiň dymjyk ýa-da ýanyk ysy, şor ýa-da süýjümtik tagamy bolmaýar. Guradylan tirýegiň owradylan külkesiniň açyk-goňras reňki bolýar. Ol suwda, spirtde kem-käsleýin ereýär we bulonykly goňras ergini berýär. Arassa tirýek (dyrnak ýaljak tirýegi alyp, temençäniň ujyna dürtäýmeli) gaty tüteýän ýaly ýagty ýalyn bilen ýanyp diýseň ýakymly ysly ak tüsse çykarýar.

Tirýek tapmak kyn bolanda neşekeşler G**ök nar** ulanýarlar. Göknary tirýek haşhaşynyň (hatda azyklyk haşhaşynyň) guradylan gozasyndan taýýarlaýaralar. Göknary naşehallaýyn (neşäni iýmek, çaýda eretmek, iýmit goşmak we ş,m) iki usul bilen ulanýarlar: göknaryň külkesiniň üstüne çaý ýa-da suw guýulýar ýa-da tirýek

haşhaşynyň gozasyndan we baldagyndan güýçli şire suwuny içýärler.

**Meň** – (marihuana) – bu kenebiň ýapragynyň we gülüniň guradylyp, owradylan görnüşidir, *gaşiş* bolsa, kenebiň şepbigi ýa-da toşabydyr.[5]

**(**anaşa, plan, marihuana, kif, malah, ýamba, bangi, çepa, momeka, hurus, kanabis, we ş.m.**)** – güçli täsir edýän şepbiksi neşe madda. Ony esasan Hindi, günorta Manžuriýa ýa-da günorta Çu kenebinden alýarlar. Kenep dünýäniň ähli yssy, ýa-da ýarym klimatly ýurtlarynda ösýär. Ol lukmançylykda ulanylmaýar. Kenep esasan Gündogar Aziýada, Balkan ýurtlarynda, Ýakyn Gündogarda, Günorta Amerikada, Meksikada, Merkezi Amerikada ösdürilip ýetişdirilýär.

Meň taýar görnüşinde açyk ýaşylymtyl, gara, goňras, ýaşylymtyl-goňras reňkdäki dykyz madda (onuň owradylyşyna baglylykda) bolýar, özem pitirdäp döwülýär, azajyk hem kenebiň ysy gelýär. Meňi neşekeşler köplenç çekmek üçin ulanýarlar. Meňi birnäçe ýyllap yzgiderli çekip ýören adamlar oňa hiç zat goşmazdan arassa özini çekýärler.

Süpük neşekeşler bolsa ýörite lüle turbajygyny ulanýarlar. Meňi diňe çilim edip çekmek bilenem çäklenmeýärler, ony dürli naharlara-da goşýarlar. Meň zäherlenmesi ony ulanýan adam birnäçe gezek sorandan soň ýüze çykyp ugraýar. Adam edil alkogolly içgiden

---

[5] Сележинский Г.В. Маков цвет. Химия и жизнь, Москва 1976. стр 59-61.

serhoş bolýan ýaly ýagdaýda bolýar. Meňkeşde bir ýeňňillik şähdiaçyklyk duýgusy döreýär, kähälätlärda onuň dynuwsyz gülkisi tutýar. Bu neşe maddany çekýänleriň gözüne daş-töwerekdäki zatlar bolşundan uly bolup görünýär. Käbirleriniň gödekligi artýar, sebäpsiz ýerden uruşjak bolup durýar, huligançylyk hereketlerini edýär, olaryň käbirleriniň jyns islegleri güçlenýär, olaryň aýallary barada biedep depreşýän, hatda zorlukdanam gaýtmaýan azgyna öwrilýän halatlary seýrek bolmaýar.

Käbir adamlaryň meň çekmegiň täsiri netijesinde özini gödek alyp baryşy tirýek çekenden güýçli bolýar. Adamyň şeýle ýagdaýa ýetmegi ony bilkasdan adam öldirmek, adamyň synasyna dürli derejede şikes ýetirmek, aýal-gyzlary zorlamak ýaly agyr jenaýatlara ikekleýär. Tirýek täsirinden lällimläp ugraýan adamlardan tapawutlylykda meňkeşler göçgünli hem çakgan bolýarlar. Meňe-de tirýege öwrenişleri ýaly kem-kemden öwrenişýärler. Meň bilen zäherleniş ýagdaýy neşekeşleriňkiden ýa-da morfiniňkiden birneme ýeňil geçýar. Munuň özi 8-15 günläp dowam edýär, ýöne meň çekmek islegi has köp wagtlap saklanyp galýar[1].

Keselhana şertlerinden daşarda abistinent alamaty peýda bolanda meňkeş ony esli derejede yzaly geçirýär, her edip-hesip edip meň neşe tapmaga dyrjaşýar, ol uruşmakdan hem gaýtmaýar, öldürmek haýbatynam atýar, ol şeýle bir ganygyzgynlyk ýagdaýa ýetýär, hatda ol meň, neşe üçin pul bermese öz ejesini heläklemäge çenli ýetjekdigi hem iki uçly däl.

---

[1] H.A.Amanow , W.D.Fisak “Uçydyň eňreginde” A., 1990. Sah 17

Meňkeşlik netijesinde adam diňe pese gaçmaklyk bilen çäklenmän, onuň huşy ýaramazlaşýar, onuň beterläp kemakyllyga eltmegi hem mümkin. Bu kelle göçgünlilik aňyňy aldyrmak häsýetine geçýär. Bu neşe maddanyň ýaýramgy uly howp döredýär sebäbi meňkeşlige ylaýta-da ýaşlaryň arasynda köp duş gelinýär, meňiň topar gurap çekilmegi bolsa, oňa ýetginjeklieriň güýçli ünsüni çekýar we jenaýatçylykly ýagdaýlaryň bolmagyna eltýär.

## Bap III. Neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygy barada düşünje

Neşekeşlige, neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygyna garşy göreş meselesi häzir halkara, dünýa möçberli meseledir, tutuş adamzady tolgundurýan meseledir. Bu meseläniň şeýle ýiti goýulmagynyň sebäbi, ol adam üçin gymmatly bolan jan saglygy bilen berk baglanşyklydyr.

Neşekeşligiň ýaýramagynyň we bolmagynyň şertlerini we sebäplerini deslapky derňewde ýüze çykarmak we olary aradan aýyrmak barada işler geçirlende, ýagny, jenaýat işleri derňelende Türkmenistanyň Jenaýat iş ýerediş kodeksiniň maddalarynyň talaplaryna laýyklykda her bir bolýan jenaýatyň öňüni almaga borçludyr. Hukuk goraýjy edaralaryň işleriniň neşe serişdelerine garşy göreşde uly jemgyýetçilik ähmiýetiniň bardygy aýratyn bellenip geçilýar. Jenaýatlaryň aglaba köpüsiniň artmagyna neşe serişdelerini ulanýanlaryň sanynyň artmagy bilen baglanşykly bolup, bu bolsa jemgyýetçilik howplulygynyň özüniň örän uly täsirini ýetirýändir.

Kanunda göz öňünde tutulan ähli ýagdaýlar, ýagny jenaýatyň üstüni doly we hemmetaraplaýyn açylmagy, jenaýatkäriň şahsyýetyýeti, olaryň her biriniň jenaýata gatnaşyş derejesi, neşäniň görnüşi we möçberi, jenaýata iteklän sebäpleri, jenaýatyň bolmagy üçin ýüze çykan şertleri we ş.m. aýyl-saýyl edilmäge çalyşýar. Jenaýatçylara jeza çäresi bellenende olaryň öz eden jenaýatyna – etmişine garaýşy, puşmana gelişi, toba edişi, eden jenaýatynyň

jemgyýet üçin howplulyk derejesi, şeýle-de Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 57-58-nji maddalarynda jogapkärçiligiň agyrlaşdyrýan we ýeňňileşdirýän ýagdaýlaryny göz öňünde tutulýar. Neşe serişdeleri bilen baglanyşykly jenaýatlaryň ýüze çykmagynyň sebäpleri öwrenilende, esasan hem bu jenaýatlara baş urýan adamlaryň ýaşlardygy (18 ýaş - 35 ýaş aralygynda), hiç ýerde işlemeýän, ýeňil gazanç gözleýän adamlardygy tassyklanýar.

Neşekeşlik her bir neşä baş goşan şahsyýetyýet üçin, şol şahsyýetyýetiň maşgalasy üçin hem-de umumy jemgyýet üçin iň howply keselleriň biridir. Bu kesele uçran adam ynsan sypatlaryny ýitirip, jemgyýet üçin öz maşgalasy we daş-töweregi üçin howply adama öwürilip başlaýar. Egerde şeýle adamlaryň sany köpelse, onda elbetde ol howp şonça-da jemgyýete zyýan salýar. Şeýle bolansoň hukuk goraýjy edaralar bilen bir halatda özleriniň hukuklarynyň çäklerinde mümkin bolan ähli çäreleri görýärler. Netijede neşekeşlik bilen baglanşykly jenaýatlar we beýleki kanunbozulmalar düýpgöter ýok edilmese-de bu ýagadaýlar ýylyň-ýylyna azalýar.

1961-nji, 1971-nji, 1988-nji ýyllarda Birleşen Milletler guramasy tarapyndan neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygy barada Konwensiýalar kabul edilip, olarda neşe bilen baglanyşykly bikanun hereketleriň düşünjesi, neşe serişdeleriniň görnüşleri, neşekeşlik bilen bagly jenaýatlaryň görnüşleri, neşekeşligiň jemgiýetçilik howpy we beýleki meseleler seredildi. Şeýle halkara hukuk namalaryň kabul edilmegi ösen ýurtlarda neşekeşligiň giňden ýaýramagy bilen düşündirilýär. Türkmenistan hem

köp sanly neşekeşlige garşy halkara konwensiýalary we şertnamalary ykrar edip, olaryň gatnaşyjysy bolup durýar. Neşekeşlige garşy konwensiýalary yglan edilmeginiň özi şu meselelerde Türkmenistanyň berk halkara we milli çäreleri bilen çykyş edýändigine şaýatlyk edýär.

2004.04-da kabul edilen **“Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar, prekursorlar we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş çäreleri hakyndaky”** Türkmenistanyň Kanuna laýyklykda, (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary 2004 ý. № 4, Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary 18.04.2008 ý. № 192 we Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary 18.04.2009 ý. № 32) Kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen):

**Neşe serişdeleri** - neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň Sanawyna girizilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna, şol sanda BMG-niň neşe serişdeleri hakynda 1961-nji ýyldaky Bitewi konwensiýasyna düzedişler girizmek hakynda 1972-nji ýyldaky Teswirnama laýyklykda oňa girizilen düzedişler bilen BMG-niň neşe serişdeleri hakynda 1961-nji ýyldaky Bitewi konwensiýasyna laýyklykda gözegçilik edilmäge degişli sintetiki ýa-da tebigy maddalar, olaryň serişdeleri, şol sanda derman serişdeleri, şeýle hem ösümlikler;

**Psihotrop maddalar** - neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň Sanawyna girizilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna, şol sanda BMG-niň psihotrop maddalary

hakynda 1971-nji ýyldaky Konwensiýasyna laýyklykda gözegçilik edilmäge degişli sintetiki ýa-da tebigy maddalar, olaryň serişdeleri, şol sanda derman serişdeleri, şeýle hem tebigy materiallar;

**Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň prekursorlary (mundan beýläk - prekursorlar)** - neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň Sanawyna girizilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna, şol sanda BMG-niň neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş hakynda 1988-nji ýyldaky Konwensiýasyna laýyklykda gözegçilik edilmäge degişli neşe serişdeleri we psihotrop maddalar öndürilende, taýýarlanylanda, gaýtadan işlenilende peýdalanylýan maddalar;

**Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň kybapdaşlary** - himiki gurluşy we häsiýeti babatda neşe serişdelerine, psihotrop maddalara meňzeş, psihika şonuň ýaly işjeň täsir edýän, Türkmenistanda gözegçilik edilmäge degişli neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň Sanawyna girizilmedik, Türkmenistanda dolanşygy gadagan edilen sintetiki ýa-da tebigy maddalar;

**Düzüminde neşe serişdeleri ýa-da psihotrop maddalar bolan serişdeler (mundan beýläk - serişdeler)** - Türkmenistanda gözegçilik edilmäge degişli neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň Sanawyna girizilen neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň birini ýa-da birnäçesini düzüminde saklaýan islendik fiziki ýagdaýdaky maddalaryň garyndysy;

**Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy** - düzüminde neşe serişdeleri bolan öşümlikleri ösdürip ýetişdirmek, hasylyny ýygnamak, taýýarlamak, neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary işläp taýýarlamak, öndürmek, taýýarlamak, gaýtadan işlemek, saklamak, dolanyşyga goýbermek, ýerleşdirmek, paýlamak, satyn almak, peýdalanmak, daşamak, ibermek, getirmek, äkitmek we ýok etmek bilen baglanyşykly Türkmenistanyň kanunçylygyna
laýyklykda rugsat edilen we gözegçilik edilýän işleriň görnüşleri;

**Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygy -** neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygynyň Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulyp amala aşyrylmagy;

**Neşekeşlik** - neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň ýa-da şolara kybapdaş maddalaryň haýsydyr birine fiziki we (ýa-da) psihiki taýdan baglylygy bilen şertlendirilen, adam edaraizminiň fiziki we psihiki taýdan işleýiş düzgünleriniň (ýagdaýynyň) düýpli bozulmagyna getirýän keselleme;

**Neşekeşlikden ejir çekýän adam (neşekeş)** - neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň ýa-da şolara kybapdaş maddalaryň haýsydyr birine fiziki we (ýa-da) psihiki taýdan bagly bolup durýan we ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş edarasy tarapyndan onuň keseliniň kesgitlemesi «neşekeşlik» diýlip ykrar edilen adam;

**Neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň bikanun ulanylmagy** - neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň lukmanyň kesgitlemesinden bidin ulanylmagy;

**Lukmançylyk güwänamasynyň geçirilmeginden, lukmançylyk barlagyndan ýa-da bejerişden boýun gaçyrylmagy** - neşe serişdelerini ýa-da psihotrop maddalary bikanun ulanýan adamyň hukuk goraýjy edaralaryň işgäriniň lukmançylyk güwänamasyny geçmek baradaky görkezmesini, şeýle hem lukmanyň bellän çärelerini we beren maslahatlaryny bilgeşleýin ýerine ýetirmezligi;

**Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň paýlanylmagy** - Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan tertibe laýyklykda anyk döwlet kärhanalarynyň we edaralarynyň [mundan beýläk - kärhanalar (edaralar)] özleri üçin bellenilen möçberlerde neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary olaryň dolanyşygyny amala aşyrmak üçin almagy;

**Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddaryň we prekursorlaryň bikanun ýerleşdirilmegi** - satmak, sowgat etmek, bermek, başga adama sançmak we beýleki her hili usullar arkaly olaryň ýaýradylmagy;

**Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary almak (edinmek)** - neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary satyn almak, beýleki harytlara ýa-da zatlara çalyşmak arkaly edinmek, karzyna ýa-da peşgeş almak, berginiň üzlüşilmegi hökmünde

almak, şeýle hem tapylan neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary eýelemek, düzüminde neşe serişdeleri bolan ösümlikleri [göknary we kenebi (kannabisi), düzüminde neşe serişdeleri bolan beýleki ösümlikleri ýa-da olaryň böleklerini] ýygnamak, eger şol adam olaryň neşe serişdeleridigini, psihotrop maddalardygyny ýa-da prekursorlardygyny bilýän bolsa;

**Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň saklanylmagy** - neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň ýa-da prekursorlaryň bir adamyň öz ýanyndan, jaýyndan, mellek ýerinden, başga bir gizlin ýerinden we oňa degişli beýleki ýerlerden tapylmagy bilen baglanyşykly düşünilip edilen islendik hereketler.

## Bap IV. Neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygy bilen bagly jenaýatlaryň görnüşleri. Neşe serişdeleriň bikanun dolanşygy bilen bagly jenaýatlaryň obýekti we predmeti

Türkmenistanyň raýatlarynyň bedeni we ruhy-ahlak taýdan sagdyn bolmagy, türkmen jemgyýetiniň ýaşamagynyň we onuň ulgamlarynyň kadaly işlemeginiň girewi bolup çykyş edýär. Türkmenistanyň Baş kanuny bolan, Konstitusiýanyň wajyp ýörelgeleriniň biri, ilatyň saglygyny, daş-töweregimizi gurşap alýan tebigaty, taryhy we medeni mirasymyzy, ahlaklylygy gorap saklamakdan ybaratdyr.

Ýokarda agzalan ýörelgäni berjaý etmeklik – bu her kimiň meýletin amala aşyrmaly işidir. Ýöne, köp adamlar degişli jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan ýetirmek bilen, bu ýörelgäni bozýarlar. Häzirki zaman dünýäsinde neşekeşlik ösýär, bu bolsa ilatyň saglyk howpsuzlygyna şikes ýetirýär.

Daşary ýurtlarda neşe serişdeleri ulanmagyň ösmegi, munuň özi Türkmenistana neşe serişdeleriň kontrabanda ýollary bilen aralaşmaga mümkinçiligi döredýär. Biziň döwletimizde bolsa ilatyň saglygy üçin uly alada edilýär. Türkmenistanda neşe serişdeleri ulanýan adamlar jemgyýet tarapyndan ýazgarylýar. Bu bolsa neşekeşlige garşy göreşde kanuny jogapkärçiligiň güýçlendirilmegini talap edýär.

Mysal üçin, Jenaýat kodeksinde **neşe serişdeleriň ýa-da psihotropik maddalarynyň satmak maksady bilen bikanun taýýarlanylmagy, gaýtadan işlenilmegi, edinilmegi, saklanylmagy, daşalmagy, iberilmegi (292-**

**nji madda)**; şeýle-de **satmazlyk maksady bilen bikanun taýyarlanylmagy (293-nji madda)**; **neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalaryň ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy (294-nji madda)**; **düzümi neşe maddaly gadagan edilen ösümlikleriň bikanun ösdürilip ýetişdirilmegi (295-nji madda)**; **neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalary ulanmaga yrmak (296-njy madda)**; **neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalary çekmek üçin mesgenleriň guralmagy ýa-da saklanmagy (297-nji madda)**; **neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny öndürmegiň, edinmegiň, saklamagyň, hasaba almagyň, goýbermegiň, daşamagyň ýa-da ibermegiň düzgünleriniň bozulmagy (299-njy madda); neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny almagahukuk berýän reseptleriň ýa-da beýleki resminamalaryň bikanun berilmegi ýa-da galplaşdyrylmagy (300-njy madda); köpçülikleýin çäreler geçirilende neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň ulanylmagynyň guralmagy (301-nji madda)** üçin jenaýat jogapkärçiligi bellenen.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygy bilen bagly jenaýatlar "**ILATYŇ SAGLYGYNYŇ GARŞYSYNA EDILEN JENAÝATLAR”** atly bapda görkezilen:

**“292 madda. Neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň satmak maksady bilen bikanun taýýarlanylmagy gaýtadan işlenilmegi, edinilmegi, saklanylmagy, daşalmagy, iberilmegi**

(1) Neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň satmak maksady bilen bikanun taýýarlanylandygy, gaýtadan işlenilendigi, edinilendigi, saklanylandygy, daşalandygy ýa-da iberilendigi, şeýle hem bikanun satylandygy üçin,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, üç ýyldan on ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly hereketleriň gaýtadan ýa-da deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan amala aşyrylandygy üçin ýa-da eger şol hereketleriň predmeti uly möçberdäki neşe serişdeler ýa-da psihotropiýa maddalary bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, alty ýyldan on bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Öz gulluk ýagdaýyna görä, neşe serişdeler ýa-da psihotropiýa maddalary ynanylan ýa-da olary gorap saklaýan adam ýa-da guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan şu maddanyň birinji

ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketleriň amala aşyrylandygy üçin, şonuň ýaly-da, eger şol hereketleriň predmeti aýratyn uly möçberdäki neşe serişdeler ýa-da psihotropiýa maddalary bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän on iki ýyldan ýigrimi bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

**BELLIKLER.**

1. Neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny meýletin tabşyran we neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşykly jenaýatlaryň üstüniň açylmagyna ýa-da öňüniň alynmagyna, şol işleri amala aşyran adamlary paş etmäge, olaryň jenaýatçylykly ýol bilen gazanan emlägini ele salmaga işjeň ýardam eden adam şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketleri üçin jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

2. Şu Kodeksiň 292, 294, 295, 296, 297 maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň haýsy-da bolsa birini öň amala aşyran adam jenaýaty gaýtadan eden diýlip ykrar edilýär.

3. Neşe serişdeler we psihotropiýa maddalary dolanyşygy bikanun girizilende olaryň uly we aýratyn uly möçberlidigi degişli döwlet edaraynyň çykaran netijesi boýunça kesgitlenilýär.

**293 madda. Neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň satmazlyk maksady bilen bikanun taýýalanylmagy, gaýtadan işlenilmegi, edinilmegi, saklanylmagy, daşalmagy, iberilmegi**

(1) Neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň satmazlyk maksady bilen bikanun taýýarlanylandygy, gaýtadan işlenilendigi, edinilendigi, saklanylandygy, daşalandygy ýa-da iberilendigi üçin,

**zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň kyrkysyndan ýüzüsine çenli möçberde jerime salynýar ýa-da bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.**

2) Şonun ýaly hereketleriň gaýtadan ýa-da deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan amala aşyrylandygy üçin,

üç ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

**BELLIKLER.**

1. Neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny meýletin tabşyran we neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşykly jenaýatlaryň üstüniň açylmagyna ýa-da öňüniň alynmagyna, şol işleri amala aşyran adamlary paş etmäge, olaryň jenaýatçylykly ýol bilen gazanan emlägini ele salmaga işjeň ýardam eden adam şol jenaýat üçin jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

2. Şu maddadaky jenaýaty eden adam şu Kodeksiň 292, 293, 294, 295, 296, 297 maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň haýsy-da bolsa birini öň amala aşyran bolsa, jenaýaty gaýtalan diýlip ykrar edilýär.

**294 madda. Neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy**

(1) Neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň ogurlanandygy ýa-da gorkuzyp alnandygy üçin,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, bäş ýyldan on ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly hereketler, eger:

a) gaýtadan;

b) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

w) neşe serişdeler ýa-da psihotropiýa maddalary onuň gulluk ýagdaýy bilen baglanyşykly ýa-da gorap saklamak ynanylan adam tarapyndan;

g) jan ýa-da saglyk üçin howply bolmadyk zorlugyň ulanylmagy bilen amala aşyrylandygy üçin,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, alty ýyldan on

iki ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketler guramaçylykly topar tarapyndan, şeýle hem jan ýa-da saglyk üçin howply bolan zorlugyň ulanylmagy bilen amala aşyrylandygy üçin ýa-da eger şol hereketleriň predmeti uly möçberdäki neşe serişdeler ýa-da psihotropiýa maddalary bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Şu maddanyň birinji, ikinji ýa-da üçünji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketler jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan ýa-da eger şol hereketleriň predmeti aýratyn uly möçberlerdäki neşe serişdeler ýa-da psihotropiýa maddalary bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, on iki ýyldan ýirgimi bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

**295 madda. Düzümi neşe maddaly gadagan edilen ösümlikleriň bikanun ösdürilip ýetişdirilmegi**

(1) Göknary, kenebi ýa-da düzümi neşe maddaly ösdürilip ýetişdirilmegi gadagan edilen beýleki ösümlikleri ekendigi ýa-da ösdürip ýetişdirendigi ýa-da şol ösümlikleriň sortuny ýaýradandygy üçin,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly hereketler, eger:

a) gaýtadan;

b) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

w) uly möçberde amala aşyrylandygy üçin,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, üç ýyldan sekiz ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

**296 madda. Neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny ulanmaga yrmak**

(1) Neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny ulanmaga yrandygy üçin,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly hereketler, eger:

a) gaýtadan;

b) kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da iki ýa-da şondan hem köp adam babatda;

w) fiziki zorlugy ulanmak ýa-da şony ulanmak howpuny salmak bilen amala aşyrylandygy üçin,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, üç ýyldan on ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketler, eger seresapsyzlyk sebäpli jebir çekeniň ölmegine getiren bolsa ýa-da onuň saglygyna agyr zeper ýetiren bolsa,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, alty ýyldan on iki ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

**297 madda. Neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalary çekmek üçin mesgenleriň guralmagy ýa-da saklanylmagy**

(1) Neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny çekmek üçin mesgenleri gurandygy ýa-da saklandygy üçin,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly hereketleriň gaýgadan amala aşyrylandygy üçin,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, bäş ýyldan on ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny ulanmak üçin jaýlaryň berlendigi üçin,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

**298 madda aýyryldy.**

**299 madda. Neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny öndürmegiň, edinmegiň, saklamagyň, hasaba almagyň, goýbermegiň, daşamagyň ýa-da ibermegiň, düzgünleriniň bozulmagy**

Neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny öndürmegiň, edinmegiň, saklamagyň, hasaba almagyň, goýbermegiň, daşamagyň ýa-da ibermegiň düzgünleriniň bozulandygy üçin, eger bu hereket görkezilen düzgünleri berjaý etmek öz borçlaryna girýän adam tarapyndan amala aşyrylan bolsa,

üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen ýa-da şonsuz iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

**300 madda. Neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny almaga hukuk berýän reseptleriň ýa-da beýleki resminamalaryň bikanun berilmegi ýa-da galplaşdyrylmagy**

Neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalary almaga hukuk berýän reseptleriň ýa-da beýleki resminamalaryň bikanun berlendigi ýa-da galplaşdyrylandygy üçin,

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan üç ýyla çenli mahrum edip ýa-da mahrum etmän iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

**301 madda. Köpçülikleýin çäreler geçirilende neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň ulanylmagynyň guralmagy**

Maşgala dabaralary, baýramçylyklar, gezelençler ýa-da beýleki köpçülikleýin çäreler geçirilende neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny ulanmagy gurandygy üçin,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýüzüsinden iki ýüzüsine çenli bolan çäklerde jerime salmak ýa-da iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”[6].

Neşe serişdeleri satmak maksady bilen bikanun taýýarlanmagy, edinilmegi, gaýtadan işlenilmegi, saklanylmagy, daşalmagy, iberilmegi üçin TJK-de seredilen jenaýat jogapkärçiligi bilen bir hatarda, özbaşdak maddada olary satmazlyk maksady üçin hem jenaýat jogapkärçiligi göz öňüne tutulan. Jenaýatyň esasy gös-göni obýekti bolup, neşe serişdeleriniň taýýarlanyşy, edinilişi, saklanyşy, daşalmagy, iberilmegi bolup durýar.

Neşe serişdeleriň ogurlygy diýip, olaryň bilgeşleýin bikanun döwlet, jemgyýetçilik guramalaryndan ýa-da aýry raýatlardan öz bähbidi üçin ýa-da başga birine geçirmek üçin alynmagyna düşünilýär.

---

[6] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997.

Bu jenaýatlaryň **obýekti bolup** - TJK-niň 30 bapda görkezilen, ilatyň saglyk howpsuzlygyny üpjün edýän, özara baglanyşykly jemgyýetçilik gatnaşyklary çykyş edýär. Jemgyýetçilik tertibi, jemgyýetçilik howplulygy we ilatyň saglygy özaralarynda berk baglynşyklydyr. Ýöne bu üç özbaşdak düýpli obýektler bolup, bularyň her haýsysyna belli bir jenaýat topary howp salyp biler. Şonuň üçin neşe serişdeler bilen baglanyşykly ähli jenaýatlaryň dgös-göni obýekti ilatyň saglygy bolup durýar. Kä-bir halatlarda bolsa, jemgyýetçilik tertibi gös-göni goşmaça obýekti bolup durýar.



Neşe serişdeler bilen baglanyşykly jenaýatlaryň gös-göni obýekti baradaky mesele boýunça jenaýat-hukuk edebiýatynda hem garaýyşlar dürli. Mysal üçin, Wronskiý A.M. şeýle hasaplaýar, ýagny: neşe serişdeleri bikanun taýýarlamakda we ýaýratmakda gös-göni obýekt adamyň saglygy we ömri, olaryň aktiw, jemgyýetçilik we zähmet

işjeňligi bolup durýar. Beýleki awtorlar bolsa beýle jenaýatlaryň gös-göni obýekti ilatyň saglygy we jemgyýetçilik howplulygy bolup durýar diýip hasaplaýar. Kä-bir halatlarda gös-göni obýekt hökmünde diňe ilatyň saglygyny belleýärler.

Şeýlelikde, neşe serişdeler we düzüminde neşe serişdesi bolan ösümlikler bilen baglanyşykly bikanun hereketli jenaýatlaryň düýp obýekti ilatyň saglygy bolup durýar. Goşmaça gös-göni obýekte düýp obýekti aňlatmaýan dürli görnüşli jemgyýetçilik gatnaşyklary degişlidir.Käbir ýagdaýlarda jenaýat düzüminiň alamaty hökmünde onuň predmeti hem görkezilýär. Meselem: neşe serişdeleri.[7]




**Tirýek** (opiý) – bu göknaryň guradylan şiresi bolup, onuň düzüminde morfin we kodein bar. Tirýek sözi grekçe “opus” ýagny “şerbet” diýen manyny aňladypdyr. Tirýek Ýewropada we Afrikada gadym zamanlardan bäri bolsa-da, ony ilki başda Aziýada peýdalanyp başlapdyrlar we bu ýer onuň esasy öndürilýän mekanyna öwrülipdir. Tirýegiň “lezzetini” çekibem,

[7] Уголовное право РФ. Особенная часть, Под.ред. Б.В.Здравомыслова. М-2001. стр 283

atybam alyp bolýar. Göknaryň çig mal hökmünde ulanylyşy ýitip gitdi. Gadymy müsürliler opiatlaryň lukmançylykda peýdalanylmagyny oýlap tapypdyrlar.Tirýek lukmançylyk maksatlary üçin grekler we rimliler tarapyndanam ulanylypdyr. Bu neşe serişdesi üsgülewügi basyp ýatyrýar, meýdany (täreti) kadalaşdyrýar, onuň agyry aýryjylyk ukyby lukmançylykda giňden peýdalanylýar.

XVIII asyryň ortalaryndan başlap, ilatyň köp böleginiň neşekeşlige baş uran ýurtlary bolan Hindistana we Hytaýa tirýek arap söwdagärleri tarapyndan eltilipdir. XIX asyryň dowamynda günbatar jemgyýetiniň öňünde neşekeşlige degişli kyn meseleleri goýan köp-köp açyşlyklar edilipdir. XIX asyrda Ýewropada we ABŞ-da neşe dermanlaryny almak ýeňil eken, sebäbi ony satmaklyga kanun taýdan rugsat berlipdir.

**Morfini** – adatça opiumdan alyp, arassa ýa-da beýleki neşe serişdeleri, ýa-da başga zatlar bilen garyp satýarlar. Ondan neşe serişdesi bolan geroini alyp bolýar. Ol 1806-njy ýylda Napolýonyň goşunynyň himigi tarapyndan oýlanylyp tapylýar. Sertuner diýlen adam ilkinji gezek morfiý bilen tejribe geçiripdir. Ol şeýle bir meýmiräp, keýp alypdyr weli, oňa özem haýran galypdyr. Şonuň üçin hem bu serişde greklerde **“ukyň hudaýy”** hasaplanýan Morfiniň adyny dakylypdyr.

XIX asyryň ortalarynda morfiý örän giň ýaýrapdyr, sanjym iňňeleriniň döredilmegi bolsa, Ýewropada we Birleşen Ştatlarda neşekeşligi giňeldipdir. Agyr ýaralanmalarda morfini deriň aşagyna urmak (sançmak) çalt we gowy netije berýär. Ýöne, morfinden gutulmak,

ýaradan gutulmakdan has kyn. Ady belli fransuz aýdymçysy Edit Piaf neşe serişdesi bolan morfä, şeýle bir bagly bolupdyr, hat-da ol tomaşaçylaryň öňünde ýykylmazlyk üçin, gös-göni sahnada özüne sanjym edýän eken.[8]

**Geroin –** opiatlaryň şasy hasaplanýar. Ol iň güýçli meýmirediji we weýran ediji jisimdir. Geroin 1898-nji ýylda birinji gezek Germaniýada, Baýer zawodynda nemes himigi Dressa tarapyndan döredilýär we agyryny aýryjy madda hökmünde ulanylyp başlanýar. Soňra ol, tä oňa öwrenişilýändigi bilinýänçe peýdalanylypdyr. Ilkinji gezek 1914-nji ýylda geroin Garrisonyň kanuny tarapyndan, ABŞ-nyň derman serişdeleriniň sanawyndan öçürilipdir. Ony öndürmek üçin ýörite rugsat gerek. “Arassa” geroin, çekmek üçin, emma onuň gidrohloridi bolsa, sanjym üçin niýetlenendir. Ony toplar (wena) damarlaryna urmaklyk ölüm howply, sebäbi mukdarynyň aşa düşmegi mümkin. Geroini beýleki neşe maddalary bilen garmaklyk hem ölüm howpludyr, sebäbi olaryň özara täsirleri astynda häsiýetleri güýçlenýär. Geroine baglylyk durmuşy ummasyz kynlaşdyrýar. Ony ulanýan adamlar mydama SPID, gepatit we ş.m. sanjym



[8] Машковский М.Д. Лекарственные средства. Харьков.1998.

arkaly ýaýraýan kesellere uçramagyň howpy astynda bolýarlar.

Geroin ilki günbatar Ýewropa ýurtlarynda, 1920-1930-njy ýyllar aralygynda uzak gündogar ýurtlarynda, 1935-1940-njy ýyllarda bolsa, ortaýer deňziniň howdanlarynda ýerleşýän döwletlere, ýagny Türkiýe, Müsür, Liwan, Siriýa, Gresiýa we ş.m. kontrabanda usuly bilen ýaýrap, XX asyryň ahyrlarynda biziň Garaşsyz, baky Bitarap döwletimize hem gelip ýetdi.



**Metadon** – bu dolulygyna emeli önüm. Ol Ikinji Jahan urşy döwründe nemes milletçileri tarapyndan oýlanyp tapylypdyr. Endam jany agyryly milletçiler, derman senagatyna göknary ulanmazdan, emeli opiatlary döretmegi buýurypdyrlar. Buýruk ýerine ýetirilipdir, şeýlelik-de milletçi neşebentleri dertlerinden dynýarlar, ýöne dünýä jemgyýetçiligine täze neşe serişdesi bolan– metadon inýär. Häzirki wagtda metadon geroinden dynmak maksady bilen ulanylýar. Bu geroiniň täsiriniň çalt gutaryp, günde birnäçe gezek sanjym edilýändigi bilen bagly, emma

metadon bolsa 1-3 günüň dowamynda-da täsirini ýitirenok. Metadon örän güýçli neşe serişdesi. Eger geroin goýlandan soň endam agyrysy 7-10 gün bolsa, metadondan soňky agyry aýlap dowam edýär. [9]



**Marihuana** – bu kenebiň ýapragynyň we gülüniň guradylyp, owradylan görnüşidir, *gaşiş* bolsa, kenebiň şepbigi ýa-da toşabydyr.[10]

**Kokain** – muny koki atly gyrymsy agajyň ýapraklaryndan alýarlar, ony indeýler 5 müň ýyl mundan öň çeýnäp başlapdyrlar. Kokain 1855-nji ýylda alnypdyr, emma onuň adama edýän täsiri 1980-nji ýylda bilinipdir. Bu ýerli agyryny aýryjy tebigy birleşmeleriň anyklananyň birinjisidir. Ony peýdalanyp başlan adamlaryň ilkinjileriniň biri Zigmund Freýddir. Ol ony ilkibaşda peýdaly hasaplap, soňra bolsa ýetmezçiliklerini tapyp, zyýanly hasaplapdyr. Soň-soňlar kokaini her-hili ruhy göteriji maddalara köp garyp, giňden peýdalanypdyrlar (meselem: Beýik Britaniýada). Emma 1903-nji ýylda jemgyýetçilik basyşy esasynda bu serişde azaldylýar, ýöne ýene-de 1970-nji ýyllarda kokaini ulanmaklyk has giň gerim alýar.

---

[9] Машковский М.Д. Лекарственные средства. Харьков. 1998.
[10] Сележинский Г.В. Маков цвет. Химия и жизнь, 1976, № 8 стр 59-61.

**Atropin** – Daturanyň esasy galýusinogeny. Datura gadymy Gresiýanyň we Wawilonyň ruhanylary tarapyndan her hili däp-dessurlarda ulanylypdyr. Hindistanyň ruhanylary daturanyň tohumyny iýipdirler, emma Ýewropa mollalary bolsa, daturanyň çaýyny içipdirler. Şeýdip olar ýa-ha Hudaý bilen gepleşipdirler ýa-da pygamberlige ýetmekligi ýeňilleşdiripdirler. Datura 1676-njy ýylda aşpezleriň säwligi bilen, Britan harbylarynyň naharyna goşulýar. Bu ýagdaý Jimstaunda (Wirjiniýada) bolup geçýär. Harbylaryň gözlerine her hili zatlar görünipdir, emma olaryň özlerini alyp baryşlary bolsa agyr serhoşlygy ýatladypdyr.



**LSD**– iň belli psihotomimetik serişdedir, birinji gezek 1938-nji ýylda Şwesariýada alnypdyr. 1970-nji ýyllarda ABŞ-da bu serişdesi ulanmaklyk epidemiýa ekeni. Ýagdaý erbetleşip, adamlaryň arasynda öz-özüni öldürmeklik köpelip başlapdyr. Ruhy keselhanalar ýaşlardan dolupdyr. Senator Robert Kennediniň geçiren barlaglarynyň netijesinde LSD-ni öndürmek we satmak gadagan edilipdir.[11]

XX asyryň çärýeginde, dünýä möçberinde neşe serişdeleri bilen üpjün ediji ýurtlar "Altyn üçburçluk" ýa-

[11] Осокина Л.А.,Потапов А.В. Яд, лекарство, деликатес. Химия и жизнь, 1988, № 11, стр 46-48.

da “Altyn ýarym aý” atly döwletleriň toplumy emele geldi. Bu ýurlar neşe serişdelerini ösdürip ýetişdirmek üçin, amatly tebigy şertler bilen tapawutlanýarlar. “Altyn üçburçluk” – uly baglyk çäkleri, demirgazyk Birmany, Taýlandyň demirgazygyny, günbatar Laosy we Hytaýyň bölekleýin gündogar sebitlerini öz içine alýar. Bu ýerde biri-birinden dili, däp-dessury, teniniň reňki bilen tapawutlanýan etniki toparlar, taýpalar ýaşaýarlar. Adat bolşy ýaly bu taýpalaryň hemmesi neşe serişdelerini ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýarlar. Geçen asyryň 80-nji ýyllarynda, iňlisler bu ýerleri özleriniň koloniýasyna öwrüpdirler. Bu ýerde esasy eksport edilýän haryt tirýek bolupdyr. Bu ýeriniň ýaşaýjylary, kontrobanda harydyny üçburçlukdan çykarmagyň dürli ussullaryny ulanypdyrlar.

“Altyn ýarym aýa” girýan döwletler, Türkiýänyň Anadolysy, Päkistanyň bir bölegi, Kaýmiriň şäherýaka çäklerini öz içine alýar. Ine, şeýle uly giňişliklerde göknar ösdürilip ýetişdirilýär. Şeýle-de, bu ýerlerde 200-e golaý gizlin gaýtadan işleýiş fabrikleri bolup, ol ýerde arassa geroini taýýarlaýarlar. Bu harydyň 70 göterimi Amerika, 85-göterimini bolsa Ýewropa bazaryna çykarýarlar. Bu günki-gün internetiň berýän maglumatlaryna görä, neşe söwdasynyň 50 milliardlyk aýlanyşygynyň 20 milliard dollary, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna degişlidir.

Bu maglumatlardan görnüşi ýaly, XX asyryň çärýeginde neşe serişdeleriniň ýaýramaklygy uly depginde ösýär. Biziň jemgyýetimiz häzir uly güýjüni şol bela garşy gönükdirdi. Neşe serişdelerini öndürmeklige we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy üznüksiz göreş alnyp barylýandygyna garamazdan, gynansak-da, neşe söwdasyny edýänler hem ellerini gowşuryp oturanoklar,

olaryň gizlin labaratoriýalarynda, bir gezek ulanylanda neşebent etmäge ukyply serişdeler alynýar. Hemme zat asyrlar boýy mundan öň bolşy ýaly gaýtalanýar: adamlar neşe serişdelerini ulanmaklygy dowam etdirýärler, emma şol serişdäniň adama weýran ediji täsiri bolsa has güýçlenýär.

**Metadon** – bu dolulygyna emeli önüm. Ol ikinji jahan urşy döwründe nemes milletçileri tarapyndan oýlanyp tapylypdyr. Endam jany agyryly milletçiler, derman senagatyna göknary ulanmazdan, emeli opiatlary döretmegi buýurypdyrlar. Buýruk ýerine ýetirilipdir, şeýlelik-de milletçi neşebentleri dertlerinden dynýarlar, ýöne dünýä jemgyýetçiligine täze neşe serişdesi bolan– metadon inýär. Häzirki wagtda metadon geroinden dynmak maksady bilen ulanylýar. Bu geroiniň täsiriniň çalt gutaryp, günde birnäçe gezek sanjym edilýändigi bilen bagly, emma metadon bolsa 1-3 günüň dowamynda-da täsirini ýitirenok. Metadon örän güýçli neşe serişdesi. Eger geroin goýlandan soň endam agyrysy 7-10 gün bolsa, metadondan soňky agyry aýlap dowam edýär. [12]

**Omnopon** – goňur ýa-da gyzylymtyl goňur reňkdäki külke. Ol suwda spirtde birneme ýaramaz ereýär, hloroformda kem-käsleýin ereýär, efirde eremeýär, omnoponyň suw erginleriniň gyzylymtyl goňras reňki bolýar, tagamy ajy, çaýkalanda gaty köpürjikleýär bu erginler kongo kagyzynda synalanda kagyz üýtgemeýär, gök lakmus kagyzy bolsa çalaja gyzylymtyl reňke geçýär.

---

[12] Машковский М.Д. Лекарственные средства. Харьков. 1998.

**Kiristalik morfin** – yssyz ak kristal külke. Amorf (kristal gurluşy bolmadyk) morfin-esas hem gabat gelýär. Morfin-esas suwda ýaramaz ereýär (sowuk suwda- 1:5000, gaýnan suwda- 1:500), edaraiki eredijilerde aňsat ereýär. Onuň tapaultly tarapy hem aşgarda ereýänliginligidir. Morfiniň suw erginleri gyzyl lakmys kagyzyny gök reňke öwürýär.

**Hlorly-wodorodly morfin**-ak,sozulýan, diş-diş kristallar ýa-da ak kristal külke. Nädogry saklananda onuň saralmagy mümkin onuň bir bölegini ( çekim boýunça) sowuk suwuň 25 böleginde we gyzgyn suwuň bir böleginde spirtinň 50 böleginde eredýärler. Hloroformda we efirde eremeýär diýen ýaly. Hlorly-wodorodly orfiniň suw erginleri reňksiz, tagamy ajy. Bu erginleriň lakmus kagyzyna täsirini bildirmeýärlär. Morfiniň duzunyň doýgyn suw erginine güçli duz kislotasy guýulanda diş-diş kristallar bölünip çykýar.

**Kodeion--** reňksiz kristallar. Gury howada çalygýar, kislotada we ammiak erginlerinde, suwda ereýär, gaýnan suwda ýaramaz ereýär, spirtde aňsat ereýär. Morfinden tapautlylykda kodein-esas aşgar erginlerinde eremeýär diýen ýaly. Onuň suw ereginleriniň ajy tagamy bolýar. Lakmus kagyzya aşgar reaksiýasyny berýär.

**Kodein-fosfaty -** reňksiz kristallar. Suwda oňat ereýär, kodein esasdan tapautlylykda spirtde kynlyk bilen ereýär. Fosforturşy kodeiniň suw erginleri reňksiz, açyk dury, tagamy ajy, we lakmus kagyzyna täsiri bildirmeýär.

**Gidrokodon fosfaty** - ýarymsintetik usul bilenkodeinden alynýar. Munuňam täsiri kodeiniňkä ýakyn. Külke we tabletka görnüşinde çykarylýar.

**Tekodin** - ýarym sintetik usul bilen tebainden alynýar. Munuňam täsir ediş häsiýeti morfiniňkä ýakyn.Tabletka we sanjym üçin suwuk ergin görnüşinde çykarylýar.

**Etilmorfin gidrohloridi ýa-da dionin** – muny sintetik usul bilen morfinden alýarlar. Täsir edişi kodeiniňki ýalyrak, ýöne uly atym bilenulanylanda kodeine garanda has güýçli neşe häsiýetlere eýe bolýar. Ol tabletka we külke görnüşinde ulanylýar.

**Lemoran** – sintetiki birleşme bolup, metilformitden (kodeinden) alynýar. Onuň edýän täsiri hem morfiniňki ýalyrak. Tabletka görnüşinde hem-de sanjym üçin suwuk ergin görnüşinde çykarylýar.

**Demorfan** – sintetiki birleşme. Ol metilformitden (kodeinden) alynýar.Täsir ediş häsiýeti kodeine meňzeş. Tabletka görnüşinde çykarylýar[1].

**Promedol** – sintetiki usul bilen alýarlar. Organizme täsir edişi morfine ýakyn. Tabletka görnüşinde hem-de sanjym üçin suwuk ergin görnüşinde çykarylýar. Kodein içilende adamyň ýüzi, göwresiniň ýokarky bölegi gyzarýar, soňra bolsa göçgünlilik duýgysy döreýär – adam ezberlenýär, sebäpsiz ýerden gülesi gelýär, elini-aýagyny hereketlendirýär, bir ýerde oturup bilmeýär, çalt hem

[1] H.A.Amanow . W.D.Fisak “Uçydyň eňreginde” A.,1990 . Sah 14.

üzlem-saplam gepleýär.Şeýle ýagdaý üç dört sagada çekýär. Morfini ýa-da tirýegi kabul eden adam uklaýar, kodein uky getirenok. Adamyň özini alyp baryşy alkogolly içgiden serhoş bolan adamyňky ýaly bolýar, ýöne alkogolyň ysy gelmeýär.



Jenaýatçylykly kast ediş predmetine häsiýetnama. Predmetiň häsiýetlerini alamatlaryny häsiýetlendirseň neşe serişdeleriň derman we ösümlik serişdelerine bölünýänligini bellemek gerek. Alnyş çeşmelerine görä, ony birnäçe topara birikdirip bolar:

1. Watanymyzyň medesinasynda ulanylýan derman neşe maddalar (kofein, kakoin gidrohloridi, morfinin gidrohloridi, tirýek we ş.m.), bu maddalar farmasewtika senagatynda taýynlanýar we lukmançylyk maksatlary üçin ulanylýar. Olary laboratoriýa şertlerinde hem taýynlamak mümkin.

2. Bejeriş maksatlary üçin ulanylmaýan maddalar (mysal üçin mem);

3. Biziň ýurdumyzda öndürilmeýän, ýöne beýleki döwletlerde ulanylyp biziň ýurdumyza kontrabanda ýollary bilen düşýän önümler (LSD, geroin we beýlekiler). Biziň lukmançylykmyzda geroin ulanylmasa-da, ony beýlekiler bilen deňeşdireňde morfiýadan 10 esse, tirýekden 20 esse güýçlidigini bellemek gerek.

**Meň** - sarymtyl-ýaşyl reňkli howada tiz garalýan, agyr ysly şepbeşikli maddadyr. Ol dürli görnüşli neşäni saklaýan keneplerň owradylan ýapraklaryndan taýýarlanýar. Praktikadan görnüşi ýaly meňi taýynlamak üçin diňe gadagan edilen däl-de, eýsem kenebiň dürli sortlarynyň hem bolýanlygy aý-aýdyňdyr. Ýagny kenepde tetragidrokannobinah bar.



**Tirýek** – bişip ýetişmedik göknardan bölünip alnan guradylan şire, ol garamtyl reňkli, özboluşly ysly we ajymtyk tagamlydyr. Tirýek 20 alkaloidi (morfiý, tebain, papawerin we beýlekiler) özünde saklaýar. Ýörite işlenenden soň tirýek ýörite görkezme esasynda bejeriş maksatlary üçin ulanylýan lukmançylyk preparaty bolup durýar. Morfiý – tirýekden öndürilýän preparat. Kokain günorta amerikan ösümlikleriniň biriniň ýapragyndan alynýar. Onuň ak reňkli maýda kristal görnüşi bar. Ol oftalmologiýada we stamotologiýada giňden ulanylýar.

Tejribelekde  görkezişi ýaly jenaýatyň predmeti diňe tirýek, meň ýaly taýýar neşe serişdeler bolup durman, olary taýýnlamak üçin çig mal hem degişlidir. Neşekeşler hemişe neşe taýynlamak bilen meşgul bolmaýarlar, olar köplenç neşe effekti berýän owradylan göknar gabyklaryny

ulanýarlar. Neşekeşler owradylan kenepleri hem neşe serişde hökmünde ulanýarlar.

**“Neşe serişdesi”** düşünjesine lukmançylyk edebiýatynda bellenilişi ýaly diňe sanawda görkezilen neşe serişdeler däl, eýsem beýleki düzüminde neşäni saklaýan preparatlar we ulanylanda neşe effekti berýän çig mal serişdeleri hem girýär.

**Şeýlelikde, neşe serişdeler diýip**, dürli tebigy döreýişli we ýasalan maddalaryň toparlary (fiziki alamat), merkezi damar ulgamyna täsir edip bilýän, aýratyn keýplik ýagdaýyna getirýän, neşe garaşlylyga çekýän (lukmançylyk alamaty), olary betnebisli ulanmak bilen ilatyň saglygyna howply bolup durýan (durmuş alamaty) maddalaryň toparyny bellemek zerur.

Predmetiň alamatyny anyklamaklyk etmişiň diňe häsiýetini we jemgyýetçilik howplulygyny kesgitlemek üçin däl-de, eýsem jenaýatyň maddalaşdyrmagyny kesgitlemek üçin zerur. Şeýlelikde, neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygy bilen bagly jenaýatyň predmeti – dürli taýyn tebigy we ýasama neşe serişdeleri, düzüminde neşe serişdeleri bolan ösümlikler we onuň bölekleri bolup durýar, jenaýatlaryň bir kysymly obýekti bolsa ilatyň saglygy bolup dyrýar.

Süpük neşekeşler bolsa ýörite lüle turbajygyny ulanýarlar. Meňi diňe çilim edip çekmek bilenem çäklenmeýärler, ony dürli naharlara-da goşýarlar. Meň zäherlenmesi ony ulanýan adam birnäçe gezek sorandan soň ýüze çykyp ugraýar. Adam edil alkogolly içgiden

serhoş bolýan ýaly ýagdaýda bolýar. Meňkeşde bir ýeňňillik şähdiaçyklyk duýgusy döreýär, kähälätlärda onuň dynuwsyz gülkisi tutýar. Bu neşe maddany çekýänleriň gözüne daş-töwerekdäki zatlar bolşundan uly bolup görünýär. Käbirleriniň gödekligi artýar, sebäpsiz ýerden uruşjak bolup durýar, huligançylyk hereketlerini edýär, olaryň käbirleriniň jyns islegleri güçlenýär, olaryň aýallary barada biedep depreşýän, hatda zorlukdanam gaýtmaýan azgyna öwrilýän halatlary seýrek bolmaýar.

Käbir adamlaryň meň çekmegiň täsiri netijesinde özini gödek alyp baryşy tiryek çekenden güýçli bolýar. Adamyň şeýle ýagdaýa ýetmegi ony bilkasdan adam öldirmek, adamyň synasyna dürli derejede şikes ýetirmek, aýal-gyzlary zorlamak ýaly agyr jenaýatlara ikekleýär. Tirýek täsirinden lällimläp ugraýan adamlardan tapawutlylykda meňkeşler göçgünli hem çakgan bolýarlar. Meňe-de tirýege öwrenişleri ýaly kem-kemden öwrenişýärler. Meň bilen zäherleniş ýagdaýy neşekeşleriňkiden ýa-da morfiniňkiden birneme ýeňil geçýar. Munuň özi 8-15 günläp dowam edýär, ýöne meň çekmek islegi has köp wagtlap saklanyp galýar[1].

Keselhana şertlerinden daşarda abistinent alamaty peýda bolanda meňkeş ony esli derejede yzaly geçirýär, her edip-hesip edip meň neşe tapmaga dyrjaşýar, ol uruşmakdan hem gaýtmaýar, öldürmek haýbatynam atýar, ol şeýle bir ganygyzgynlyk ýagdaýa ýetýär, hatda ol meň, neşe üçin pul bermese öz ejesini heläklemäge çenli ýetjekdigi hem ikuçly däl.

[1] H.A.Amanow . W.D.Fisak “Uçydyň eňreginde” A., 1990. Sah 17

Meňkeşlik netijesinde adam diňe pese gaçmaklyk bilen çäklenmän, onuň huşy ýaramazlaşýar, onuň beterläp kemakyllyga eltmegi hem mümkin. Bu kelle göçgünlilik aňyňy aldyrmak häsýetine geçýär. Bu neşe maddanyň ýaýramgy uly howp döredýär sebäbi meňkeşlige ylaýta-da ýaşlaryň arasynda köp duş gelinýär, meňiň topar gurap çekilmegi bolsa, oňa ýetginjeklieriň güýçli ünsüni çekýar we jenaýatçylykly ýagdaýlaryň bolmagyna eltýär.

Tirýek we meň satmak üçin jenaýatkärler tirýegi we kenebi ýaşyryn ekýärler. Daýhan birleşiklerinde meň kenebini ekmek gadagan edilenden soň, onuň ýaşyryn ekilmegi meňi bikanun taýýarlamagyň ýeke-täk çeşmesi bolup galýar. Tirýegi we kenebi ekmek üçin jenaýatkärler ilatly punkdan uzak, adam az sekýän, daşyndan seredeniňde gaty bildimeýan ösümlikli beýikli-pesli ýerleri saýlap alýarlar. Şeýle ýerleri adatça, derýalaryň, kanallaryň, çeşmeleriň boýlaryndan gözleýärler. Jenaýatkärler tapan şol ýerinde tirýek bilen kenebiň tohumyny ekýärler we ol ýerde diňe şolar ýetişip bişen döwründe peýda bolýarlar. Jenaýatkärler adatça neşe maddalary köp möçberde öz öýünde saklamaýarlar, eger neşe maddalary öz öýünde saklajak bolsalar, olary hiç zat bilmez ýaly edip gizleýärler (neşe maddalary öýde ýörite edilen gizlin ýerde, kümede gizleýärler, mellek ýeriň, howlusynyň bir ýerinde gömüp goýýarlar we ş,m). Şeýle neşe maddalary olaryň it ýatagynda, döledir mal kümelerinde gömen, hatda jebis ýapylan gap bilen hajathananyň we hapa suw guýulýan çukuryň içine gizlenen halatlaryna-da hem praktikada duş gelinýär. Neşe maddalary satmak üçin taýarlamak, satyn almak, şeýle hem satmak bilen meşgullanýan

jenaýatkärleriň topar gurnaýan halatlary hem seýrek bolmaýar, şonda olaryň hersiniň belli bir wezipesi bolýar. Durmuşda bolşy ýaly neşe serişdeleri satýanlaryň köpüsi hiç ýerde işlemeýärler. Olaryň birentegi dürli jenaýatkar üçin, şol sanda hem neşe serişdeleri ogurlandygy, tyaýýarlandygy we satandygy, ýaşyryn ýagdaýda tirýek we neşe meň kenebini ekenligi üçin öň kazyýetde iş kesilen adamlardyr. Tirýek, meň satmak bilen neşekeşler hem meşgullanýar, ýöne uly tirýek söwdasyny edýänler, adatça neşe ulanmaýarlar.

Eýýäm ýokarda bellenip geçilşi ýaly, neşe serişdeleri saklamak we satyljak ýerine daşamak üçin tirýek söwdasyny edýän uly söwdagärlerden, tanyşlaryndan, dogan-garyndaşlaryndan neşekeşlerden ýaran tutunýarlar.

Neşäni daşamak üçin transportyň ähli görnüşlerinden: deňiz derýa, howa, demir ýol we awtomobil transportlaryndan peýdalanýarlar[1].

Jenaýatkärler özleriniň münmeli hem-de düşmeli ýerlerini kemsiz öwrenýärler, tutulmakdan sypmak üçin, ýollaryny köplenç üýtgedýärler. Neşe söwdasyny edýän jenaýatkärler neşäniň ysy daşyna çykmaz ýaly pugta gaplaýarlar, olary gawun-garpyzyň içine hem salýarlar, düýbi iki gat çemodandyr şoňa meňzeş zatlary hem ulanýarlar, mürepbeli, hyýarly bankanyň içinde-de, termosyň demir gabyna-da, kitaplaryň içinede salýarlar. Neşäni jenaýatkärler synasynyň bir ýerine oramakda-da, emzikli çaganyň ýedarayna dykmakdan-da, kä halatlarda

[1] H.A.Amanow . W.D.Fisak “Uçydyň eňreginde” A., 1990 . Sah 17

janynyň howplylygyna garamazdan kiçi salafan meşoklara salynan neşäni içine ýuwudup geçirýän halatlary hem duş gelýär.

Jenaýatkärler neşe serişdeleri “eýesiz” usul bilen hem äkidip-getirýärler. Şeýle ýagdaýlarda neşäni ýanlary bilen alman, eýsem ony wagonlaryň lýuklarynda, öý haýwanlaryň kömegi arkaly, ýa-da keseki transport serişdelerinden hem peýdalanýarlar. Belli bir halatlarda sirklere ýa-da haýwanat baglaryna getirilýän ýabany haýwanlaryň germewleriniň içine salyp hem , şeýle-de agaçdan ýa-da demirden ýasalan jeset gaplarynda we ş.m dürli usullar arkaly döwlet serhetlerinden geçirilýän neşe serişdeleriň bikanun dolanşygyna köp halatlarda duş gelinýär. Neşekeşler biri-birini daşyndan, özini alyp barşyndan, üm-hereketinden, žargon dilinden gaty tanagyç bolýarlar. Ondan başgada narkotiti serişdelerini aeroportlarda, wagzallarda öz el goşlarynyň arasyna salyp, hasaba alyş barlagyndan geçirmekçi bolanlarynda nätanyş bigünä ýollagçylaryň ýuka ýürekliliginden peýdalanyp, olaradan kömekleşmegi haýyş edip, bigünä adamlary jenaýatçylykly ýagdaýlara sezewar edýärler.

## Bap V. Neşe serişdeleriň bikanun dolanşygy bilen bagly jenaýatlaryň obýektiw tarapy, subýektiw tarapy, jenaýatyň subýekti

**Ilatyň saglyk howpsuzlygy bilen baglanyşykly jemgyýetçilik gatnaşyklaryna, howp** abanýandygyny duýdurmak, şeýle hem olara garşy göreşmek maksady bilen, Türkmenistanyň JK-na ýörite ilatyň saglygyna garşy edilen jenaýatlar üçin jogapkärçiligi belleýän, 30-njy bap girizilen.

Neşe serişdeleriň bikanun dolanşygy bilen bagly jenaýatlar **obýektiw tarapdan** - düzgün boýunça hereketiň üsti bilen amala aşyrylýar. Olaryň käbirleri hereketiň we hereketsizligiň üsti bilen hem amala aşyrylyp bilner. Meselem: Türkmenistanyň JK-niň 299-njy maddasy, ýagny **neşe serişdelerini öndürmegiň, edinmegiň, saklamagyň, hasaba almagyň, goýbermegiň, daşamagyň ýa-da ibermegiň düzgünleriniň bozulmagy**. Bu topara girýän jenaýatlaryň köpüsi formal düzümli jenaýatlardyr..

Bu jenaýatlaryň **subýektiw tarapy** bilkastalýyn, göni niýet bilen edilýär.

Bu jenaýatlaryň **umumy subýekti** -16 ýaşyna ýeten, akly düzüw, fiziki şahsyýetyýetdir. Türkmenistanyň JK-niň 292-nji we 294-nji maddalarynda görkezilen jenaýatlaryň subýekti **14 ýaşyna ýeten şahsyýetyýetdir.** Bu topara

girýän jenaýatlaryň käbirleri diňe ýörite subýekt tarapyndan amala aşyrylýar.[13]

**Neşe serişdeleri bilen baglanyşykly jenaýatlaryň käbir görnüşleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:**

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 292-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatyň **esasy gönüden-göni** obýekti **ilatyň saglygy** bolup durýar. Şol bir wagtda seredilýän etmişler beýleki obýektlere we jemgyýetçilik gatnaşyklaryna kast edip, meselem, jemgyýetçilik howpsuzlygyna, döwlet edaralarynyň we kärhanalarynyň kadaly işlemegine zyýan ýetirip bilýärler. Agzalan gatnaşyklar seredilýän jenaýatlaryň düzüminiň gönüden-göni **goşmaça** obýekti bolup durýar.

**Neşe serişdeleri** diýlip, ösümliklerden alynýan, sintetiki usul bilen alynýan, şeýle hem Türkmenistan döwleti tarapyndan tassyklanyp, neşe serişdeleriniň we olaryň prekursorlarynyň sanawyna goşulan, adamyň merkezi beýni ulgamyna täsir edýän, neşe serişdelerini özünde saklaýan derman serişdelerine düşünilýär.

Neşe serişdeleriniň adyny we görnüşini takyk anyklamaklyk, neşe serişdeleri bilen baglanyşykly bikanun hereketler edilendigi baradaky işlere seredilende zerur bolup durýar. Olaryň görnüşini we hilini anyklamaklykda ýörite bilermenleriň kömegi gerek bolýandygy sebäpli, deslapky derňewde we kazýyetde işlere seredilende biologiýa ýa-da himiýa bilermenler seljermesi bellenilip,

---

[13] Уголовная право РФ. Особенная часть, Под.ред. Б.В.Здравомыслова. М-2001. стр 284.

olaryň beren netijesini almaklyk hökmany bolup durýar. Tejribe-de bilermenler seljermesiniň netijesi subutnama hökmünde peýdalanylanda, neşe serişdesi we onuň düzümi barada oba-hojalyk işgärleriniň (gök nar, kenep barada) we lukmançylyk edaralarynyň beren kepilnamalaryny, şeýle hem aýyplanýanyň degişli neşe serişdesiniň häsiýetiniň özüne mälimdigi baradaky görkezmelerini, ýokarda agzalan bilermenler seljermesiniň netijesi bilen çalşyryp ulanmaklyk gadagan edilýär.

Neşe serişdeleri belli bir göwrümi, agramy, takyk hil we möçber alamatlaryny özünde jemläp jenaýatyň predmeti hökmünde kesgitlenen görnüşli maddy obýekti emele getirýär. Neşe serişdeleriň möçberiniň edilen etmişi hukuk taýdan dogry bahalandyrmak üçin möhüm artykmaçlygy bardyr. Jenaýat edilende uly we aýratyn uly möçberdäki neşe serişdeleriniň bolmaklygy, etmişi Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynyň 2-3-nji bölekleri bilen maddalaşdyrmak üçin, ýörite alamat hasaplanylýar. Uly bolmadyk möçberde neşe serişdeleriniň satmazlyk maksady bilen bikanun edinilmegi we saklanylmagy dolandyryş jogapkärçiligini ýüze çykarýar. Bu barada Türkmenistanyň dolandyryş hukuk tetibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksiniň 45-1 maddasynda görkezilendir.

Şoňa laýyklykda “Neşe serişdelerini satmak maksady üçin niýetlenmän köp bolmadyk möçberde bikanun satyn alynmagy ýa-da saklanylmagy-

Iň pes zähmet hakynyň bir möçberine çenli jerime salynmagyna ýa-da gazanjynyň ýigrimi göterimini tutup galyp, bir aýdan iki aýa çenli düzediş işlerinde

işledilmegine, eger işiň ýagdaýyna görä hem-de düzgün bozujynyň şahsyýetyýeti nazara alnanda bu çäreleriň ulanylmagy ýeterlik däl diýlip hasap edilen aýratyn halatlarda bolsa — on bäş gije-gündize çenli dolandyryş taýdan tussag edilmegine eltýär.

Neşe serişdelerini satmak maksady üçin niýetlemän köp bolmadyk möçberde satyn alan ýa-da saklan adam özündäki şol serişdesi meýletin tabşyran bolsa, onda ol adam şu maddada göz öňünde tutulan hereketler üçin dolandyryş jogapkärçilikden boşadylýar „[14]

Mälim bolşy ýaly, hereket edýän kanunçylykda jenaýatyň predmetiniň bardygyny kesgitleýän neşe serişdeleriniň iň pes möçberi bellenilmändir, hukuk ulanyjylyk tejribesinde hukuk goraýjy edaralary etmişleri TJK-niň 292-nji we 294-nji maddalary bilen maddalaşdyrmak üçin neşe serişdeleriniň möçberini anyklamaklygyň zerurlygy ýok diýip hasaplaýarlar. Munuň bilen doly razylaşmak bolmaz. Adamyň bedenine (edaraizmine) hiç hili zyýan ýetirmeýän has pes möçberdäki neşe serişdesi, neşe serişdeleri bilen baglanyşykly jenaýatlaryň predmeti bolup durmaýar. Kesgitlenen görnüşdäki neşe serişdesiniň hakykatdan-da, güýçli derejede täsir edip bilýändigini anyklamaklyk hökmandyr, şunda ýene bir zady göz öňünde tutmaly, käbir neşe serişdeleriniň has az möçberde ulanylmagy hem adamyň bedenine zyýanly täsir edýär. Meselem, geroin, kokain, morfin, promedol we başgalar.

---

[14] Dolandyryş hukuk tetibiniñ bozulmalry hakyndaky bütewi kodeks. A-1984. 43/1madda.

## Mukdar boýunça uly bolmadyk, uly we aýratyn uly möçberlere degişli edilen bikanun dolanşykda ýüze çykarylan neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň

# SANAWY

| | Ady | Möçberleri gramda | | |
|---|---|---|---|---|
| | Neşe jisimleri | Uly bolmadyk (dan.....çenli) | Uly (..köp...çenli) | Aýratyn uly (köp) |
| 1 | Alfa-metilfentanil | 0-0,002 | 0,002-0,02 | 0,02 |
| 2 | Asetil-alfa-metifentanil | 0-0,002 | 0,002-0,02 | 0,02 |
| 3 | Amfetamin (fenamin) | 0,05-0,5 | 0,5-5,0 | 5,0 |
| 4 | Beta-gidroksi-3-metilfintanil | 0-0,002 | 0,002-0,02 | 0,02 |
| 5 | Garşiş | 1,0-25,0 | 25,0-250,0 | 250,0 |
| 6 | Garşiş ýagy | 1,0-10,0 | 10,0-100,0 | 100,0 |
| 7 | Geroin (garyndylara garylmazdan) | 0,250-5,0 | 5,0-50,0 | 50,0 |
| 8 | Kat ösümligi | 1 düýp | 2 düýp | 2 |
| 9 | Katinon | 0-0,02 | 0,02-1,0 | 1,0 |
| 10 | Kokanyň düýbi | 1 düýp | 2 düýp | 2 |
| 11 | Kokain (garyndylara garylmazdan) | 0,02-1,0 | 1,0-20,0 | 20,0 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 12 | Kenep ösümligi | 5-10 düýp | 10-20 düýp | 20 |
| 13 | Efedrinden (psewdoefedrinden) ýönekeý usulda taýýarlanan pereparatlar | 1-10ml | 10-500ml | 500ml |
| 14 | Göknar ösümligi (uky tutduryjy) | 5-10 düýp | 10-20düýp | 20 |
| 15 | Göknaryň samany (guradylan, guradylmadyk) | 50,0-1000,0 | 1000,0-5000,0 | 5000,0 10000,0 |
| 16 | Göknaryň samanynyň ekstrakty gury galyndysyna hasaplanan | 1,0-50,0 | 50,0-500,0 | 500,0 |
| 17 | Marihuana guradylan guradylmadyk | 5,0-50,0 25,0-250,0 | 50,0-500,0 250,0-2500,0 | 500,0 2500,0 |
| 18 | 3-metifentanil | 0-0,002 | 0,002-0,02 | 0,02 |
| 19 | 0-3-Monoasetilmorfin | 0,025-5,0 | 5,0-50,0 | 50,0 |
| 20 | 0-6-Monoasetilmorfin | 0,025-5,0 | 5,0-50,0 | 50,0 |
| 21 | Tirýek (şol sanda medisina ekstraksion) garyndylara garylmazdan | 1,0-50,0 | 50,0-500,0 | 500,0 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 22 | Asetilirlenen tirýek (garyndylara garamazdan) | 0,5-0,0 | 10,0-100,0 | 100,0 |
| 23 | Para-fluorofentanil | 0-0,002 | 0,002-0,02 | 0,02 |
| 24 | Sipeprol | 0-0,5 | 0,5-3,0 | 3,0 |
| 25 | Efedron (metkatinon) | 0-0,002 | 0,002-0,02 | 0,02 |
| 26 | Morfin (esasy we duzlary) | 0,1-1,0 | 1,0-5,0 (1% garnuwly 100-den 500 çenli ampul) | 5,0 1% garnuwly 500 ampul |
| 27 | Kodein (esasy we duzlary), we onuň her tabletka 0,015 gr az bolmadyk derman görnüşleri | 0,2-1,0 aramy 0,015gr bolan 13-66 tabletka | 1,0-10,0 agramy 0,015gr bolan 66-666 tabletka | 10,0 agramy 0,015gr bolan 666 tabletka |
| 28 | Promedol | 0,3-0,5 (1% garnuwly 30-50 ampul) | 0,5-5,0 1% garnuwly 50-500 ampul | 5,0 1% garnuwly 500 ampul |
| 29 | Fentanil, sufentanil | --- | 0-0,002-0,02 Agramy 2ml bolan 0,005% garnuwly 20-200 ampul | 0,02 agramy 2ml bolan 0,005% garnuwly 200 ampul |
| 30 | Asetildigidrokodein (asetilkodein) | 0,01-0,1 | 0,1-5,0 | 5,0 |
| 31 | Omnopon (pantopon) | 0,05-0,3 1% | 0,3-6,0 1% | 6,0 1% |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | garnuwly 5-30 ampul | garnuwly 30-600 ampul | garnuwly 600 ampul |
| 32 | Etilmorfin gidrohloridi (dionin) | 0,2-2,0 aramy 0,01gr bolan 20-200 tabletka | 2,0-50,0 aramy 0,01gr bolan 20-5000 tabletka | 50,0 aramy 0,1gr bolan 20-5000 tabletka |
| *33* | *Piritramid (dipidolor)* | *0,1-0,5 aramy 2 ml bolan 6-30 ampul* | *0,5-9,0 aramy 2 ml bolan 30-600 ampul* | *9,0 aramy 2 ml bolan 600 ampul* |

***Psihotrop maddalar:***

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Aminoreks | 0-0,01 | 0,01-0,1 | 0,1 |
| 2 | Brolamfetamin-DOB | 0-0,001 | 0,001-0,005 | 0,005 |
| 3 | DMA | 0,02-0,1 | 0,1-1,0 | 1,0 |
| 4 | DMGP | 0,02-0,1 | 0,1-1,0 | 1,0 |
| 5 | DMT (dimetiltriptamin) | 0,02-0,1 | 0,1-1,0 | 1,0 |
| 6 | DOET | 0,02-0,1 | 0,1-1,0 | 1,0 |
| 7 | DET (dietiltriptamin) | 0,02-0,1 | 0,1-1,0 | 1,0 |
| 8 | +) –lizergid, | | 0- | 0,00 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | LSD,LSD 25 | | 0,0001 | 01 |
| 9 | MDMA | 0-0,02 | 0,02-1,0 | 1,0 |
| 10 | MMDA | 0-0,02 | 0,02-1,0 | 1,0 |
| 11 | N-gidroksi MDA | 0-0,02 | 0,02-1,0 | 1,0 |
| 12 | N-etil MDA | 0-0,02 | 0,02-1,0 | 1,0 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 14 | Metakwalon | 0-0,05 | 0,05-1,0 | 1,0 |
| 15 | Metamfetamin (perwitin) | 0-0,02 | 0,02-1,5 | 1,5 |
| 16 | 4-metiaminoreks | 0-0,01 | 0,01-0,1 | 0,1 |
| 17 | Parageksil | 0-0,05 | 0,05-5,0 | 5,0 |
| 18 | PMA | 0-0,02 | 0,02-1,0 | 1,0 |
| 19 | Psihotrop maddaly kömelekleriň islendik görnüşiniň ösümlik bedenjigi (psilosibin, psilosin we başg.) | 0-0,5 | 0,05-50,0 | 50,0 |
| 20 | Psilosibin | 0-0,01 | 0,01-0,1 | 0,1 |
| 21 | Psilosin, psilotsin | 0-0,01 | 0,01-0,1 | 0,1 |
| 22 | Rolisiklidin (FSP) | | 0,01 çenli | 0,01 |
| 23 | STR, DOM | | 0,02çenli | 0,02 |
| 24 | Tenamfetamin | 0- | 0,02- | 1,0 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | MDA | 0,02 | 1,0 | |
| 25 | Tenosiklidin, TSP | | 0,01 çenli | 0,01 |
| 26 | Tetragidrokannabinol, onuň ähli izomerleri | 0-0,1-0,05 | 0,05-5,0 | 5,0 |
| 27 | Fensiklidin, PSP | | 0,01 çenli | 0,01 |
| 28 | Fenmetrazin | 0-0,1 | 0,1-1,0 | 1,0 |
| 29 | Fntermin | 0-0,1 | 0,1-1,0 | 1,0 |
| 30 | Etisiklidin, FSG | | 0,01 çenli | 0,01 |
| 31 | BDB | | 0,02-1,0 | 1,0 |
| 32 | MBDB | 0-0,02 | 0,02-1,0 | 1,0 |
| 33 | Alprazolam | ------ | 0,5-5,0 (agramy 0,25mg bolan 2000-20000 tabletka), agramy 1mg bolan 500 tabletka | 5,0 agramy 0,25mg bolan 20000 tabletka),agramy 0,5mg bolan 1000 tabletka, agramy 1mg bolan 5000 tabletka |
| 34 | Amobarbital | ----- | 0,6-30,0 | 30,0 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | (barbamil) | | agramy 0,1gr bolan 6-300 tabletka | agramy 0,1gr bolan 300 tabletka |
| 35 | Amfepramon (fepranan) | 0-0,125 agramy 0,025 gr bolan 1-5 dreže | 0,125-7,5 agramy 0,025gm bolan 5-300 draže | 7,5 agramy 0,025gm bolan 300 dreže |
| 36 | Bromezapam | --- | 0,5-5,0 | 5,0 |
| 37 | Buprenorfin (norfin, sangezik, tengezik, buprenal, buprenon) | 0-0,0012 (agramy 1ml bolan 1-4 bolan 1-2 ampul agramy 0,2 mg bolan 1-6 tabletka) | 0,0012-0,12 (agramy 1ml bolan 4-400 ampul agramy 2ml bolan 2-200 ampul agramy 0,2gr bolan 6-600 tabletka) | 0,12 (agramy 1ml bolan 400 ampul, agramy 2ml bolan 200mg bolan 600 tabletka ) |
| 38 | Glýutetimid (noksiron) esasy we duzlary | 0-1,5 (agramy 0,25mg bolan 1-6 tabletka | 1,5-25,0 agramy 0,25gm bolan 6-100 tabletka | 25,0 agramy 0,25gm bolan 100 tabletka |
| 39 | Dekstrometorfan (dimorfan) | 1,0 | 0,1-10,0 | 10,0 |
| 40 | Diazepam we benzodiazepiniň beýleki öndürijileri | ----- | 0,5-5,0 (agramy 5mg bolan 100-1000 tabletka | 5,0 (agramy 5mg bolan 1000 tabletka |
| 41 | Ketamin | 0,02 | 0,02-1,0 | 1,0 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 42 | Klonazeram | --- | 0,5-5,0 agramy 2mg bolan 250-25000 tabletka agramy 1mg bolan 500 tabletka | 5,0 agramy 2mg bolan 25000 tabletka, agramy 1mg bolan 5000 tabletk |
| 43 | Lorazepam | ---- | 0,5-5,0 | 5,0 |
| 44 | Medazepam | ----- | 0,5-5,0 (agramy 10mg bolan 50-500 tabletka | 5,0 (agramy 10mg bolan 500 tabletka) |
| 45 | Nitrazepam | ----- | 0,5-5,0 (agramy 5mg bolan 100-1000 tabletka | 0,5-5,0 (agramy 5mg bolan 1000 tabletka) |
| 46 | Oksazepam, nozepam | - --- | 0,5-5,0 (agramy 10mg bolan 50-500 tabletka | 0,5-5,0 (agramy 10mg bolan 500 tabletka |
| 47 | Pentazosin (fortlar) | agramy 0,05mg bolan 1 tabletka agramy 0,03mg bolan 1 ampul | agramy 0,05mg bolan 1-100tabletka agramy 0,03mg bolan 1-100 ampul | agramy 0,05mg bolan 100tabletka agramy 0,03mg bolan 100 ampul |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 48 | Pentobarbital we barbitur kislotasynyň beýleki öndürijileri | ----- | 0,6-30,0 | 30,0 |
| 49 | Sombriwin (propanidid) | 0,5 | 0,5-5,0 5% garnuwly 1-10 ampul | 5,0 5% garnuwly 10 ampul |
| 50 | Triazolam (halsion) | ---- | 0,5-5,0 | 5,0 |
| 51 | Fepranon (amfepramon) | 0-0,125 agramy 0,025 gr bolan 1-5 dreže | 0,125-7,5 agramy 0,025gm bolan 5-300 draže | 7,5 agramy 0,025gm bolan 300 dreže |
| 52 | Flunitrazepam | ---- | 0,5-5,0 | 5,0 |
| 53 | Ftorotan | 1ml | 1,0-50,0 ml | 50,0 ml |
| 54 | Hlordiazepoksid | ---- | 0,5-5,0 | 5,0 |
| 55 | Etaminal natriýa (nembutal) | 0-0,6 agramy 0,1mg bolan 1-6 tabletka | 0,6-30,0 agramy 0,1mg bolan 6-300 tabletka | 30,0 agramy 0,1mg bolan 300 tabletka |

Neşe serişdeleriniň ölçegi baradaky soraglar, her bir takyk ýagdaýda onuň möçberine (göwrümine, agramyna) şeýle hem adam bedenine täsir ediş derejesi boýunça neşe

serişdeleriniň görnüşine baglylykda çözülýär. Neşe serişdesiniň işjeňlik (aktiwlik) derejesi bolsa bilermenler seljermesiniň kömegi bilen anyklanylýar.

Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynda görkezilen jenaýatyň **obýektiw tarapy** işjeň hereketleriň amala aşyrylmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Görkezilen jenaýatlaryň düzüminiň kanun taýdan gurluşy şundan ybarat, ýagny jenaýaty **gutaran** diýip bilmeklik üçin, kanunda görkezilen etmişiň edilenligini anyklamaklyk ýeterlikdir. Muňa başgaça formal düzüm diýilýär. Netijesi (aýratyn agyr hem bolmagy mümkin) bolsa düzümiň daşynda bolup, diňe jogapkärçiligiň aýratynlandyrylmagyna täsir edýär.

Bu jenaýatçylykly etmişiň **obýektiw** tarapy, neşe serişdelerini satmaklyk maksady bilen bikanun edinmeklikde ýa-da saklamakda, taýýarlamakda, daşamakda, gaýtadan işlemekde, ibermekde şeýle hem neşe serişdelerini satmaklykda aňladylýar.

Neşe serişdelerini **bikanun edinmeklik** diýlende, olaryň satyn alynmagyna, edilen iş üçin hasaplaşyk serişdesi hökmünde alynmagyna, edilen kömek üçin ýa-da algynyň ornuna alynmagyna, beýleki harytlaryň ýa-da zatlaryň deregine çalşyrylyp alynmagyna, karz ýa-da sowgat hökmünde alynmagyna, kenebiň we göknaryň ýa-da olaryň bölekleriniň ýygnalmagyna, şeýle hem düzümi neşe jisimli ösümlikleriň hasyly ýygnalyp bolandan soňra, goralmaýan meýdanlarda galan galyndylaryň toplanylmagyna düşünilýär. Bu ýerde gürrüň bikanun usul bilen (beýleki jenaýatlaryň düzümini emele getirýän ogurlamakdan we ösdürmekden başga) neşe serişdeleriniň

edinilmegi barada gidýär. Neşe serişdelerini edinmeklik iki görnüşde amala aşyrylýar.

1. Tölegli görnüşde (satyn almaklyk, edilen hyzmat üçin hasaplaşyk serişdesi, algynyň ornuna almaklyk).

2. Mugt (sowgat almak, miras almak, tapyp almak).

Köplenç halatlarda neşe serişdeleri tölegli edinilýär.

Neşe serişdeleriniň günäkäriň eýelik etmegine geçen pursatyndan başlap, neşe serişdelerini **edinmek** jenaýaty gutaran hasap edilýär.

Neşe serişdeleriniň **bikanun saklanmagy** diýlende, olaryň günäkäriň eýeçiliginde saklanmagy (özüniň ýanynda, jaýyň içinde, gizlin ýerde we onuň eýeçiligine ýa-da ygtyýar edip bilýän ýerlerinde) bilen baglanyşykly islendik bikanun hereketlere düşünilýär. Başgaça aýdylanda, bu-ýerleşýän ýerine we saklanyş wagt dowamlylygyna seretmezden, saklamaklyga ygtyýarlygy ýok adam tarapyndan neşe serişdelerine eýelik edilmegidir. Neşe serişdelerini saklamaklyk **uzaga çekýän jenaýatdyr.**

Neşe serişdelerini saklap bermeklik üçin başga birinden alan adam hem neşe serişdelerini saklandygy üçin jogapkärçilige çekilmelidir. Bu ýagdaý hukuk ulanyjylyk tejribesinde hemişe hasaba alnyp durlanok.

Neşe serişdeleriniň uly möçberi bilermenler seljermesiniň netijesi boýunça kesgitlenilýär. Neşe serişdeleriniň uly möçberi baradaky mesele çözülende, kazyýetler neşe serişdeleriniň diňe bir möçberinden ugur alman, eýsem dürli görnüşli neşe serişdeleriniň adamyň bedenine (edaraizmine) täsir ediş derejesini hem nazarda tutmalydyrlar. Munda neşe serişdelerine gözegçilik edýän hemişelik gullugyň hödürnamalaryny hem hasaba almaklyk zerurdyr. Eger-de, günäkäriň hereketleri neşe serişdeleriniň

dürli görnüşleri bilen bagly bolsa, onda olaryň ölçegi umumy möçberden, şeýle hem pul gymmatlygyndan ugur alyp kesgitlenilýär.

Neşe serişdeleriniň **bikanun taýýarlanylmagy** diýlende, islendik hereketleriň netijesinde, degişli rugsady bolmadyk adam ýa-da adamlaryň topary tarapyndan, ulanmaklyk üçin ýaramly bolan neşe serişdeleriniň alynmagyna düşünilýär. Kanunyň manysyna görä, neşe serişdeleriniň yzygiderli alynmagyna gönükdirilen, olaryň dowamly öndürilişini hem neşe serişdeleriniň taýýarlanmagy hökmünde maddalaşdyrylmalydyr.

Köplenç neşe serişdeleri tebigy çig malyň (meselem tiryek, hindi kenebi) gaýtadan işlenmeginden ýa-da dürli hili himiki elementleriň islendik görnüşde (hususy şahsyýetler, şeýle hem muňa ygtyýarlygy bar bolan derman öndüriji lukmançylyk we beýleki guramalaryň işgärleri tarapyndan) goşulmagyndan alynýar.

Tejribe işgärleri neşe serişdeleriniň bikanun taýýarlanylmagy bilen baglanyşykly **jenaýatyň gutaran** pursatyny dürli hili kesgitleýärler. Käbir halatlarda, berlen jenaýatyň gutaran düzümi täze neşe serişdesiniň emele gelmegi bilen kesgitlenýär diýip hasaplaýarlar. Beýle düşünje kanunyň manysyna dogry gelmeýär.

1961-nji ýylda kabul edilen Neşe serişdeleri baradaky ýeke-täk Konwensiýa laýyklykda, neşeleriň taýýarlanylmagy, bir neşe serişdesiniň başga bir neşe serişdesine öwrülmek prosesiniň ähli basgançaklaryny öz içine alýar. Munda täze neşe serişdesiniň alynmagy- jenaýatyň düzüminiň gutarylandygyny aňladýan hökmany şert däldir. Öz-özünden bu serişdeleriň neşe serişdeli ösümliklerden we onuň böleklerinden, şeýle hem çig

maldan ýa-da ýarym çig maldan taýýarlanylmagy, dürli derman serişdeleriniň olaryň düzüminde bar bolan neşe serişdelerini almaklyk maksady bilen işlenilmegi ýa-da şeýle serişdeleriň himiki birleşmeleriň üsti bilen alynmagy neşe serişdeleriniň bikanun taýýarlanmagy baradaky jenaýatyň gutaran düzümini emele getirýär. Netijede "neşe serişdeleriniň taýýarlanylmagy" diýen düşünje olaryň öndüriliş basgançagyny hem gurşap alýar.

Şu ýerde bir mysala seredip geçeliň, jenaýat işi boýunça himiýa bilermenler seljermesi, aýyplanýandan tapylan we ondan alnan ösümligiň, özünde tirýegiň alkoloidlerini (neşe serişdeleri-morfin, kodein, tebain) saklaýan ukladyjy göknardygyny anyklapdyr. Bilermenler seljermesiniň netijesi boýunça görkezilen ösümlik göknaryň samanyndan guratmak usuly bilen taýýarlanan neşe serişdesi bolup durýar. Kazyýet günäkäriň hereketlerini neşe serişdelerini taýýarlamaklyga kast etmeklik diýip nädogry maddalaşdyrypdyr. Adamlaryň arasynda ulanmaklyga gadagan edilen we neşe serişdeleriniň hataryna goşulan ösümlikler we beýleki zatlar öz sanawyna göknaryň samanyny hem goşýarlar, sebäbi onuň özi neşe serişdesi hökmünde ulanmaklyga ýaramly bolup durýar.[15]

Şeýlelikde, görkezilen mysalda neşe serişdesini taýýarlamaklygyň alamatlarynyň bardygy takyk görünýär we Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen jenaýat düzümini emele getirýär.

[15] Судебная практика к Уговному кодексу Российской Федерации. М, 2001.стр.896-916

Göknaryň köreginden şiresiniň çykarylyp alynmagy neşe serişdeleriniň bikanun taýýarlanylmagy baradaky jenaýatyň **gutaran düzümini** emele getirýär, sebäbi göknaryň şiresi neşe serişdesi bolan tirýegi özünde saklaýar. Neşe serişdelerini taýýarlamaklygyň ýene-de bir görnüşi hökmünde arassalanan lukmançylyk pagtasynyň we hasasynyň (bint) göknaryň şiresi bilen gaýnadylamgyny görkezip bolar.

Şonuň üçin bu hereketlerde jenaýatyň düzümini görmedik we şeýle usul bilen neşe serişdelerini taýýarlan we daşan günäkär adamlar babatynda işi esassyz ýatyran kazyýýetleriň tejribesi ýalňyş diýlip hasap edilen.[16]

Neşe serişdelerini bikanun taýýarlamaklygyň gutaran düzüminiň emele gelmekligi üçin neşe serişdelerini işjeňlik (aktiwlik) derejesini anyklamaklyk hökman däldir.

Neşe serişdeleriniň bikanun **gaýtadan işlenilmegi** diýlende, olaryň degişli rugsat bolmazdan, güýçlülik derejesini we seri dumanlandyryjy täsirini ýokarlandyrmak maksady bilen täzeden işlenilmegine we goşmaça goşundylardan arassalanmagyna düşünilýär.[17]

Günäkäre neşe serişdelerini bikanun taýýarlamakda we gaýtadan işlemekde günä bildirilen her bir işde, taýýarlanylan serişdäniň neşe serişdeleri we olaryň prekursorlary baradaky sanawa goşulan ýa-da goşulmandygyny, onuň ulanyşa ýaramlydygyny, neşe serişdeleriniň täsirliligini güýçlendirmäge gönükdirilen hereketler amala aşyrylandan soň, şeýle hem goşmaça goşundylardan arassalanandan soň taýýar bolan önümde

---

[16] **БВС. СССР 1988 №4**
[17] БВС РФ 1998 №7

nähili täsir ediş derejeli neşe serişdäniň emele gelendigini anyklamaly.[18]

Bu ýagdaýlaryň ählisini anyklamaklyk kesgitli kynçylyklary döredýändigi sebäpli, zerur halatlarda neşe serişdäniň görnüşi, onuň ady, taýýarlanyş we gaýtadan işleniş usullary barada bilermenler seljermesiniň beren netijelerini peýdalanmak maksada laýyk hasap edilýär.

Neşe serişdeleriniň **bikanun daşalmagy** diýlende, bir ýerden beýleki bir ýere transportyň islendik (ýer üsti, ýerasty, suw, howa) görnüşi bilen daşaýyşyň usulyna we bikanun daşalýan neşe serişdesiniň saklanyş ýerine seretmezden, alnyp gidilmegine düşünilýär. [19]

Neşe serişdeleriniň daşalmagy ony saklamaklygyň bir görnüşi hökmünde seredilmelidir. Daşaýyş neşe serişdeleriniň eýesiniň hut özi tarapyndan amala aşyrylman, eýsem olary wagtlaýyn saklamaklyga alan adamlar tarapyndan hem amala aşyrylyp bilner. Adamyň özüniň ulanmagy üçin niýetlenen uly bolmadyk möçberdäki neşe serişdesiniň saparda wagtynda ýanyndan tapylmagy, neşe serişdeleriniň bikanun daşalmagy we saklanmagy hökmünde maddalaşdyrylmaly däldir.[20]

Seredilýän derejedäki işler barada kazyýet tejribesini jemlemekligiň netijeleri, günäkäriň hereketlerinde neşe serişdelerini bikanun daşamaklygyň düzüminiň esasy ölçeglerini aýdyňlaşdyrmaga ýardam berýär. Bu hökmany transport serişdesini ulanmaklykdan, neşe serişdesiniň möçberi düzgün boýunça bir gezek ulanylýan möçberden köp bolmalydygyndan, haçanda jenaýatyň predmeti bolup,

[18] БВС РФ 1998 №10
[19] БВС РФ 1998 №7
[20] БВС РФ 1998 №7

neşe serişdelerini özünde saklaýan ösümlikler çykyş eden ýagdaýynda, olaryň göwrüminiň täsirli bolmalydygyndan, neşe serişdeleriniň gizlenmelidiginden (maşynyň oturgyjynyň aşagynda, goş saklanýan ýerinde) ybaratdyr.[21]

Saparda wagtynda adamyň hereketlerinde bikanun daşamaklygyň düzüminiň bardygy baradaky mesele we görkezilen jenaýatyň düzümini neşe serişdelerini bikanun saklamaklykdan tapawutlandyrmaklyk kazyýet tarapyndan her bir takyk ýagdaýda, transport serişdesini ulanmaklygyň maksadyny, neşe serişdeleriniň möçberini, ölçegini, göwrümini we ýerleşýän ýerini şeýle hem beýleki işjeň (aktiw) ýagdaýlaryny hasaba almaklyk bilen çözülmelidir.

Neşe serişdeleriniň **bikanun iberilmegi** diýlende, olaryň bir ýerden başga bir ýere poçta aragatnaşyk ulgamynyň ýa-da ýan goşlaryň (bagaž) we el goşlaryň, şeýle hem haýwanlaryň (meselem: itler ýa-da guşlar (kepderi)) üsti bilen iberilmegine düşünilýär. Bu serişdeleriniň iberilmegi ugradyjy goşulmazdan hem amala aşyrylyp bilinýär. Bir ilatly toplumyň (punktuň ) çäklerinde neşe serişdelerini daşalmagy ýa-da iberilmegi ýokarda görkezilen etmişiň dürli görnüşi hökmünde maddalaşdyrylmalydyr.

Neşe serişdelerini bikanun ibermeklik we bikanun saklamaklyk, Türkmenistanyň gümrük araçäginden bikanun geçirmeklikden tapawutlandyrylmalydyr. Neşe serişdeleriniň gümrükden bikanun geçirilmegi, jenaýat kanuny tarapyndan jezalandyrylýan, kontrabandanyň

---

[21] Радченко В.И Некоторые вопросы судебной практики по делам о преступлениях связанных с наркотическими средствами, психотропными, сильнодействующими и ядовитыми веществами. //БВС РФю 1998ю №10 с 8.

düzümini emele getirýär we goşmaça Türkmenistanyň JK-niň254-nji maddasy bilen maddalaşdyrylmaga degişli bolup durýar.

Neşe serişdelerini ýaýratmaklygyň iň howply görnüşi olaryň **bikanun satylmagy** “islendik usulda yzyna gaýtarmaklyk ýa-da gaýtarmazlyk şerti bilen (satmaklyk, sowgat bermeklik, çalyşmaklyk, bergiň ornuna bermeklik, karz hökmünde bermeklik), şeýle hem ýaýratmaklygyň beýleki usullary bilen (meselem: neşe serişdelerini damardan goýbermeklik ýoly bilen) dolanyşyga girizilmegi bolup durýar. [22]

Görkezilen hereketleriň netijesinde beýleki şahsyýet, ýagny neşe serişdelerini kabul eden şahsyýet agzalan serişdeleriň eýesi bolup durýar. Neşe serişdesiniň berliş görnüşi, beýleki bir şahsyýetyň oňa hakykat ýüzünde eýelik etmegi, etmişiň hukuk taýdan maddalaşdyrylyşyna täsir etmeýär. Neşe serişdesiniň başga bir adam tarapyndan kabul edilen pursatyndan başlap, satmaklyk jenaýaty **gutarylan** hasaplanylýar.

Haçan-da, neşe serişdelerini ýaýratmaklyk damardan goýbermeklik ýoly bilen amala aşyrylsa, tejribe işgärleri günäkäriň hereketlerini maddalaşdyrmakda kynçylyk çekýärler. Käbir kazyýetler, bir adam başga bir adama damardan neşe serişdesini goýberen halatynda, görkezilen serişdesiň kime degişlidigine (ony goýberen adamamy ýa-da neşe serişdesini ulanýanyň özüne) seretmezden, neşe serişdesini ýaýradandygy üçin jogapkärçilige çekilmelidir, diýip ýalňyşlyk goýberýärler.

---

[22]БВС РФ. 1998 №7 с 7.

Raýatlar J. we B. öz tanyşy K-nyň öýüne gelipdirler we öz ýanlarynda getiren tirýeginden asetirlenen tirýegiň erginini taýýarlapdyrlar. Bu ergini K, J-nyň we B-nyň haýyşy boýunça olaryň damaryndan goýberipdir. Etrap kazyýeti K-ny neşe serişdelerini ýaýradanlygy üçin jenaýat jogapkärçiligine çekipdir. Welaýat kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazylar geňeşligi, hökümiň K baradaky şol bölegini ýatyrypdyr we işi önümçilikden togtadypdyr. Muňa esas edip bolsa, neşe serişdesiniň K-a degişli däldigini, onuň neşe serişdesini ýaýratmanlygyny, diňe J-nyň we B-nyň haýyşy boýunça neşe serişdesini ulanmaklyga ýardam berenligini, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda munuň jenaýat bolup durmaýandygyny görkezipdir.[23]

Raýatlaryň puluny ýa-da emlägini eýelemek maksady bilen neşe serişdeleri görnüşinde başga zatlary satýan adamyň hereketleri kezzapçylyk hökmünde maddalaşdyrylmalydyr. Satyn alyjylar bu ýagdaýda neşe serişdelerini bikanun edinmeklige kast edendigi üçin jogapkärçilik çekmelidirler.



[23] Köpetdag etrap kazyýetiň arhiwi.

Neşe serişdesini bikanun ýaýratmaklyk baradaky jenaýat düzüminiň emele gelmegi üçin, neşe serişdesini edinen adamyň agzalan serişde nähili ygtyýar edýändiginiň (özi ulanmak üçin, başga birine bermek üçin, özünde saklamaklyk üçin) hiç hili ähmiýeti ýokdur. Eger-de ýaýradyjy neşe serişdesiniň alyjy tarapyndan başga jenaýatlary amala aşyrmakda (meselem: mesgenleriň müşderilerini neşe serişdelerini ulanmaklyga yrmak ýa-da olara satmak) ulanylýandygyny bilýän bolsa, onda onuň etmişi degişli jenaýatlary amala aşyrmakda ýaran hökmünde maddalaşdyrylmalydyr.

Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynyň 2-nji bölegi **maddalaşdyrylan görnüşli jenaýat** üçin jogapkärçiligi belleýär.

Seredilýän jenaýatyň howplulyk derejesi, berlen jenaýat: a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan, b) gaýtadan, ç) uly moçberde, amala aşyrylan halatynda has hem ýokary bolýar.

**Jenaýatyň deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan amala aşyrylmagy** diýlende, jenaýaty etmeklik barada iki ýa-da ondan-da köp adamyň öňünden dilleşmegine düşünilýär. Dilleşmek göz öňünde tutulan netijeleriň başlanan pursatyna çenli, toparyň gatnaşyjylary tarapyndan neşe serişdeleriniň taýýarlanmagyny we neşe serişdelerini bilen baglanyşykly beýleki bikanun hereketleriň edilmegini aňladýar. Nähili görnüşde dilleşilendiginiň jenaýaty maddalaşdyrmaklyk üçin ähmiýeti ýokdur.

Jenaýatyň ***gaýtadan*** **e**dilmegi, Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen

hereketleriň haýsyda bolsa biriniň iki ýa-da ondan-da köp gezek amala aşyrylmagyny aňladýar. Munda adamyň eden etmişi üçin öň kazýyet tarapyndan iş kesilip jenaýat jogapkärçiligine çekilendiginiň (bu ýerde gürrüň iş kesilendigi barada däl-de jenaýatyň gaýtalanmagy barada gidýär) hiç hili täsiri ýokdur. Kanunda görkezilen hereketleriň jemi dürli-dürli hem bolup biler. Meselem: bir gezek neşe serişdesini daşan bolsa ikinji gezek satmaklygy.

1997-nji ýylyň Mart aýynyň 28-ne, Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň "Neşe serişdelerini bilen baglanyşykly kanun bozulmalara garşy göreş boýunça kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň iş ýörelgeleri hakyndaky" kararynyň, 13-nji bendine laýyklykda, neşe serişdelerini ogurlamak we olary soňundan satmak ýa-da satmazlyk maksady bilen saklamak, daşamak, ibermek, şonuň ýaly-da satmaklyk Türkmenistanyň JK-niň 294-nji maddasynyň, 292-nji ýa-da 293-nji maddalarynyň degişli bölekleriniň jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr. Ýöne olary satmak ýa-da satmazlyk maksady bilen bikanun taýýarlamak ýa-da satyn almak, soňundan olaryň gaýtadan işlenilendigine, saklanandygyna, daşalandygyna we iberilendigine, şeýle hem bir ýa-da birnäçe gezekde satylandygyna garamazdan, Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynyň 2-nji we 293-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulan gaýtalap etmek alamatlaryny emele getirmeýär.[24]

[24] Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň "Neşe jisimleri bilen baglanyşykly kanun bozulmalara garşy göreş boýunça kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň iş ýörelgeleri hakyndaky„ karary. Aşgabat-1998.

Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynyň 3-nji bölegi berlen **jenaýatyň aýratyn maddalaşdyryjy düzümini** göz öňünde tutýar. Bu ýerde Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynyň 1-2-nji böleklerinde göz öňünde tutulan etmişiň öz gulluk ýagdaýyna görä neşe serişdelerini ynanylan ýa-da olary gorap saklaýan adam ýa-da guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan amala aşyrylmagy, şonuň ýaly-da şol hereketleriň predmeti aýratyn uly möçberdäki neşe serişdelerini bolmalydyr.

Gürrüň ilkinji nobatda, öňünden bir ýa-da birnäçe jenaýatlary amala aşyrmaklyk üçin birleşen durnukly topar barada gidýär. Munda ***guramaçylykly toparyň*** her bir gatnaşyjysy edýän işine seretmezden, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygynda ýerine ýetirijiler hasaplanýar.

Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan jenaýat düzüminiň **subýektiw tarapy göni niýetiň** bardygy bilen häsiýetlendirilýär. Günäkär JK-niň 292-nji maddasynyň 1-3-nji bölekleriniň dispozisiýasynda görkezilen neşe serişdeleri bilen baglanyşykly bikanun hereketleri amala aşyrýandygyna düşünýär we şeýle hereketleriň edilmegini isleýär.

Neşe serişdelerini bikanun edinmeklikde ýa-da saklamaklykda ***satmaklyk maksadynyň bardygy*** etmişi JK-niň 292-nji maddasynyň 1,2,3-nji bölekleri bilen maddalaşdyrmak üçin esas bolup durýar. Satmaklyk ýa-da satmazlyk maksady bilen neşe serişdelerini bikanun taýýarlamaklyk, gaýtadan işlemeklik, daşamaklyk, ibermeklik amala aşyrylan halatynda ýokardaky ýaly maddalaşdyrmaklyk dogry hasaplanylýar.

Tejribede neşe serişdeleri bilen baglanyşykly bikanun hereketler amala aşyrylanda günäkäriň ýaýratmaklyk maksadynyň bardygyny anyklamaklyk belli bir derejede kynçylyk döredýär. Käbir ýagdaýlarda hukuk goraýjy edaralar günäkäriň ýaýratmaklyk maksady bar diýip, günäkäriň ýanyndan tapylan uly möçberdäki neşe serişdesinden ugur almak bilen aýdýarlar.

Hemme halatlarda bu dogry bolup durmaýar. Günäkärden alynýan uly möçberdäki neşe serişdesi, öz-özünden jedelsiz satmaklyk maksadynyň bardygyna şaýatlyk etmeýär.[25] Günäkärden alnan neşe serişdeleriniň möçberi diňe satmaklyk maksadynyň bardygyna şaýatlyk edýän beýleki maglumatlar bilen birlikde nazara alynmalydyr.

Jogapkärçilige çekilmäge degişli adamlar baradaky, satyn alnan neşe serişdeleriniň gymmaty baradaky, olaryň görkezilen adamlar tarapyndan ulanylýan ýa-da ulanylmaýandygy baradaky maglumatlar aýratyn bahalandyrylmaga degişlidir. Bu ýagdaýlary doly derňemezlik kazyýet tarapyndan ýalňyşlyk göýberilmegine getirip biler. Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynda görkezilen jenaýatlaryň **subýekti** - on dört ýaşyna ýeten Türkmenistanyň raýatlary, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlardyr.

Seredilýän jenaýatlaryň köplenç neşe serişdelerini özleri ulanýan, şol bir wagtda “neşekeş„ we “toksikoman„ keselli adamlar tarapyndan amala aşyrylýandygy sebäpli, kazyýet – psihiatriýa bilermenler seljermesini bellemeklik hökmandyr. Düzgün boýunça neşekeşler amala aşyran

[25] БВС СССР 1988 №4 с 42.

jemgyýetçilik howply etmişine gatnaşygynda akly düzüw hasaplanýarlar. Munuň şeýledigi, neşe serişdesini bilkastlaýyn düşünjeli ulanýan adamyň neşe garaşlylygyna düşendigine seretmezden öz hereketlerine jogap berip bilýändigi bilen düşündirilýär. Neşekeşleriň aglaba köpüsiniň öz hereketlerine gözegçilik etmeklik (aýratyn hem neşe ýetmezçiligi döwründe, başgaça döwülmek (lomka) diýip atlandyrylýan döwürde, olar çydap bolmajak ejir çekýärler) ukyby pes bolýar. Subýektiň öz günäsi bilen şeýle ýagdaýa düşendigi sebäpli, ol Türkmenistanyň JK-niňdegişli maddasyna laýyklykda jogapkärçilik çekmelidir. Şunuň bilen birlikde, neşe serişdelerini yzygiderli ulanmaklyk has ýokary derejä galan bolsa we munuň netijesinde şahsyýet öz hereketlerine jogap bermeklik mümkinçiligini ýitirse hem-de onuň aňynda düýpli üýtgeşmeler bolan bolsa, onda bilermenler seljermesi ony akly düzüw däl diýip hasaplap biler.

Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynyň 3-nji böleginde görkezilen jenaýatlaryň ýene-de bir ***özbaşdak düzümi*** bar. Bu ýerde gürrüň öz gulluk ýagdaýyna görä neşe serişdeleri ynanylan ýa-da olary gorap saklaýan adam tarapyndan, öndürmekligiň, taýýarlamaklygyň, gaýtadan işlemekligiň, hasaba almaklygyň, goýbermekligiň, ýaýratmaklygyň, satmaklygyň, paýlamaklygyň, daşamaklygyň, ibermekligiň, edinmekligiň, ulanmaklygyň, çykarmaklygyň ýa-da neşe serişdelerini ýok etmekligiň, şeýle hem ýörite gözegçilikde duran, neşe serişdelerini taýýarlamaklyk üçin niýetlenen gurallaryň we enjamlaryň saklanyş düzgünleriniň bozulmagy bilen amala aşyrylýan etmişiň esasynda ýüze çykýan jenaýat jogapkärçilgi barada gidýär.

Seredilýän jenaýat neşe serişdelerini öndürýän we olar bilen dürli işleri amala aşyrýan döwlet edaralarynyň we kärhanalarynyň kadaly işine, şeýle hem **ilatyň saglyk howpsuzlygyna** kast edýär.

Neşe serişdelerini taýýarlamak üçin ulanylýan, ýörite gözegçilikde duran gurallar we enjamlar bu j**enaýatyň predmeti** bolup durýar. Neşe serişdelerini taýýarlamak üçin ulanylýan gurallara we enjamlara şu aşakdakylar degişlidir: neşe serişdelerini tabletka görnüşine getirýän zawodda öndürilen ýa-da elde ýasalan maşynkalar, awtomatlaşdyrylan ýa-da elde işledilýän garyjylar (bu garyjylary aşhanada ulanylýan garyjylardan tapawutlandyrmak zerurdyr), ýarym çig mallar, boş ampulalar, dürli göwrümli kapsulalar we şprisler, kysymlaşdyrmaklyga niýetlenen ampulalar, erginleri arassalaýan enjamlar we başgalar.[26]

Bu etmişiň ýene-de bir **obýektiw tarapy** öz gulluk ýagdaýyna görä neşe serişdeler ynanylan ýa-da olary gorap saklaýan adam tarapyndan bellenilen ýörite düzgünleriň bozulmagydyr.

Agzalan düzgünleriň bozulmagy **hereket** we **hereketsizlik** ýoly bilen amala aşyrylyp bilner. Meselem, bu: degişli edaranyň ýa-da kärhananyň işgärlerinde iş gözükdirmesiniň (instruksiýa) ýoklugy sebäpli neşe serişdeleri öndürilende, gaplananda, saklananda arassaçylyk düzgünleriniň berjaý edilmezligi bilen, edaranyň ýa-da kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan görkezilen serişdeleri taýýarlamaklygyň, saklamaklygyň, daşamaklygyň ibermekligiň tetibine gözegçilik edilende

---

[26] Российская Юстиция. 2007 №3

harsallyga ýol berilmegi bilen, neşe serişdeleri berilende ýa-da goýberilende zerur gözegçiligiň amala aşyrylmazlygy, ünsden düşürilmegi, netijede munuň hem neşe serişdelerini jenaýatçylykly maksatlarda ulanmaga getirmekligi bilen aňladylýar.[27]

Berlen jenaýatyň **gutarylan düzüminiň** emele gelmegi üçin jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmagy hökman däldir. Neşe serişdeleriniň aýlanyşygy bilen baglanyşykly düzgünleriň bozulmagy ýeterlikdir. Berlen jenaýatyň howplulygy neşe serişdeleriniň gözegçilikden çykmaklygyna şert döredýänliginde jemlenýär.

Serdilýän jenaýatyň **subýektiw tarapy** günäniň *niýet* (göni ýa-da gytaklaýyn) ýa-da ***seresapsyzlyk*** (ýeňilkellelik we harsallyk) görnüşleri bilen häsiýetlendirilýär.

Berlen jenaýatyň **subýekti** hökmünde, öz gulluk ýagdaýyna görä neşe serişdeleri ynanylan ýa-da olary gorap saklaýan wezipeli şeýle hem beýleki adamlar çykyş edýärler.

Bu düzgünleriň bozulmagyna ýol beren wezipeli adam, bu jenaýat bilen bir hatarda döwlet gullugynyň bähbitlerine garşy edilen (wezipe ygtyýarlyklaryndan hyýanatçylykly peýdalanmak, para alamak we başgalar) etmiş üçin hem jenaýatlaryň jemi boýunça Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynyň 3-nji bölegi we 181-nji, 184-nji maddalary esasynda jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişlidir.

---

[27] Мирошниченко Н.А. Музыка А.А Уголовна-правовая борьба с наркоманией. Киев. 1988 .
стр. 129.

Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynyň belliginde neşe serişdeleri bilen baglanyşykly bikanun hereketler amala aşyrylanda **jenaýat jogapkärçiliginden boşatmaklygyň ýörite görnüşi** görkezilipdir. Şol bellige laýyklykda "Neşe serişdelerini meýletin tabşyran we neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşykly jenaýatlaryň üstüniň açylmagyna ýa-da öňüniň alynmagyna, şol işleri amala aşyran adamlary paş etmäge, olaryň jenaýatçylykly ýol bilen gazanan emlägini ele salmaga işjeň ýardam eden adam, şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketleri üçin jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar".[28] Bu kada neşe serişdeleri bilen baglanyşykly bikanun hereketleri amala aşyran adamlaryň **işjeň ökünjini** kadalaşdyrmaklyk bilen belli bir derejede arassalaýyş gönükdirmesini özünde jemleýär.

Kanun neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşykly jenaýat jogapkärçiliginden boşamaklygyň iki sany şertini göz öňunde tutýar: a) neşe serişdelerini häkimiýet edaralaryna meýletin tabşyrmaklyk; b) neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşykly jenaýatlaryň üstüniň açylmagyna ýa-da öňüniň alynmagyna, şol işleri amala aşyran adamlary paş etmäge, olaryň jenaýatçylykly ýol bilen gazanan emlägini ele salmaga işjeň ýardam etmeklik.

Neşe serişdelerini **meýletin tabşyrmaklyk** diýlende, hakykat ýüzünde olary doly peýdalanmaklyga mümkinçiligi bolan adamyň bu serişdeleri häkimiýet

---

[28] Türkmenistanyñ Jenaýat kodeksi. A., 1997.

wekillerine (esasanam hukuk goraýjy edaralara) meýletin tabşyrmaklygyna düşünilýär. Neşe serişdelerini meýletin tabşyrmaklyga niýet bar bolup (hukuk goraýjy edaralara ýazmaça görnüşde arza ýazylyp entek tabşyrylmadyk bolsa hem) ýöne entek tabşyrylmadyk bolsa, neşe serişdelerini bilen baglanyşykly hereketleriň amala aşyrylandygy üçin jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykýar.

Neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşyklygy jenaýatlaryň **üstüniň açylmagyna ýa-da öňüniň alynmagyna işjeň ýardam** berilmegi diýmeklik, berilen jenaýatyň üstüniň açylmagyna ýa-da öňüniň alynmagyna, işiň hakyky ýagdaýlarynyň anyklanmagyna, jenaýatçylykly etmişiň amala aşyrylmagyna gatnaşan adamlary, olaryň bolýan ýerini we olaryň saklanyşyny takyklamaga, dolanyşykdan alnan ýa-da ogurlanan emlägi gözlemäge we yzyna gaýtarmaga gönükdirilen kanunda göz öňünde tutulan, polisiýa edaralary tarapyndan amala aşyrylýan dessin-gözleg işlerine subýektiň meýletin gatnaşmaklygyna düşünilýär.



**Türkmenistanyň JK-niň 294-nji maddasynda neşe serişdeleriniň ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy barada takyk berlen:**

Türkmenistanyň SSR-niň Jenaýat kodeksi neşe serişdelerini **ogurlamaklygyň** dürli

görnüşleri üçin jenaýat jogapkärçiligini göz öňünde tutýardy, ondan tapawutlylykda Türkmenistanyň 1997-nji ýylda kabul edilen Jenaýat kodeksiniň 294-nji maddasynyň dispozisiýasy diňe bir ogurlamaklygy däl-de eýsem **gorkuzyp almaklygy** hem özünde jemleýär. Bu baradaky teklipler ýörite edebiýatlarda irki döwürlerden bäri öňe sürülýär.[29] Munda kanun çykaryjy neşe serişdeleriniň diňe bir ogurlanmagy bilen däl-de, olaryň gorkuzyp alynmagy bilen hem gurşalan hereketleriň güýçlendirilen howpuny hasaba alypdyr.

Neşe serişdeleriniň döwlet jemgyýetçilik guramalaryndan, eýeçiligiň dürli görnüşlerine degişli kärhanalardan we edaralardan ýa-da raýatlardan **ogurlanmaklygy** – bu neşe serişdeleriniň bikanun bilkastlaýyn eýelenmegi şeýle hem özi ulanmaklyk ýa-da başga hili bikanun işler üçin ulanmaklyk maksady bilen alynmagydyr.

Neşe serişdeleriniň **gorkuzyp alynmagy** – bu olaryň berilmegini zorluk ulanmak, şeýle hem kesekiniň emlägini ýok etmek ýa-da zaýalamak haýbatyny atmak bilen talap edilmegidir. Jebir çekeniň ýa-da onuň ýakynlarynyň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine düýpli zyýan ýetirýän, jebir çekeni we onuň ýakynlaryny masgaralaýjy maglumatlaryň şeýle hem beýleki maglumatlaryň ýaýradylmagy hem gorkuzyp almaklyk hasaplanylýar.

---

[29] Мирошниченко Н.А. Музыка А.А Уголовна-правовая борьба с наркоманией.; Минковский Г.М, Побегайло Е.Ф, Ревин В.П Уголовна-правовые средства борьбы с наркотизмом в России. М. 1994 .

Jenaýat kodeksiniň 294-nji maddasy bilen maddalaşdyrmaklyk üçin neşe serişdeleriniň kime degişlidigininiň (döwlet we jemgyýetçilik guramalary, gatyşyk, hususy kärhanalar, edaralar şeýle hem neşe serişdelerine kanuna laýyk ýa-da bikanun ygtyýar edýän aýry-aýry raýatlar) ähmiýeti ýokdur.

Seredilýän jenaýatyň esasy **gönüden-göni obýekti** ilatyň saglyk howpsuzlygy bolup durýar. Neşe serişdelerini ogurlamakda şeýle hem gorkuzyp almakda goşmaça obýekt hökmünde eýeçilik gatnaşyklary, şahsyýetyýetiň jan we saglyk howpsuzlygy we başgalar çykyş edýär. Jenaýatyň predmeti neşe serişdesidir. Berlen predmeti boýunça seredilýän jenaýat beýleki garyşyk jenaýatçylykly etmişlerden esasan hem kesekiniň emlägini iýmeklikden we gorkuzyp almaklykdan tapawutlanýar .

Bir zady göz öňünde tutmaly, ösümlik görnüşli (kenebiň ýapraklary, güli, göknaryň köregi we başgalar) neşe serişdelerini edinmeklik barada gürrüň edilende tejribede etmişi maddalaşdyrmaklyk we ogurlygyň predmetini bahalandyrmaklyk bilen baglanyşykly meselelerde kynçylyklar ýüze çykýar. Haçan-da agzalan ösümlikler oba-hojalyk kärhanalarynyň meýdanlaryndan we raýatlaryň mellek ýerlerinden bikanun alnan ýagdaýlarynda, bu hereketler ogurlyk hasap edilmän köp halatlarda neşe serişdelerini taýýarlamaklyk, şeýle hem edinmeklik diýlip nädogry bahalandyrylýar. Ỳöne, kenebiň tozanjyklarynyň, göknaryň samanynyň we köreginiň neşe serişdeleri bolup durýandygy we olary ulanmaklyk goşmaça gaýtadan işlemekligi talap etmeýändigi sebäpli, olaryň ýygnalmagyny neşe serişdelerini taýýarlamaklyk we

ýasamaklyk hökmünde maddalaşdyrylyşy bilen razylaşmak mümkin däl. Eger-de düzümi neşe serişdeli ösümlikler ýa-da onuň bölekleri hojalyk maksatlary üçin ekilmedik goralmaýan ýerlerden ýygnalan bolsa, onda bu hereketler neşe serişdelerini satmaklyk maksady bilen şeýle hem satmaklyk maksady bolmazdan edinmeklik hökmünde maddalaşdyrylmalydyr. Düzümi neşe serişdeli ösümlikler we olaryň bölekleri hojalyk maksatlary üçin niýetlenen goralýan ýerlerde ekilen bolsa, bu ösümlikleriň we onuň bölekleriniň ýygnalmagy bilen bikanun meşgullanýan adamyň hereketlerini neşe serişdelerini ogurlamaklyk diýip, Türkmenistanyň JK-niň 294-nji maddasy bilen maddalaşdyrmaklyk bolar. Munda düzümi neşe serişdeli ösümlikleriň ýa-da şeýle ösümlikleriň bölekleriniň ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy **gutarylan jenaýat** hökmünde maddalaşdyrylmalydyr.

Neşe serişdeleriniň ogurlanmagy şeýle hem gorkuzyp alynmagy, az derejede zyýan ýetirilen we düýbünden zyýan ýetirilmedik halatlarynda-da, özüniň jemgyýetçilik howplulyk derejesini ýitirmeýär. Döwlet tarapyndan bahalandyrylmadyk neşe serişdeleri hem ogurlamaklygyň we gorkuzyp almaklygyň predmeti bolup biler.

Bu barada Russiýa Federasiýasynyň Jenaýat kodeksine düşündirişler baradaky kitabyna salgylansak şeýle mysaly görmek bolar. L. we beýlekiler neşe serişdelerini gözläp, oba-hojalyk kärhanasynyň howlusyna giripdirler we kombaýndan 3,5 kg kenebiň tozanjygyny ogurlapdyrlar. Bilermenler seljermesi bu tozanjyklary neşe serişdesi bolup durýan meň diýip hasaplapdyr. Bu ýerde

neşe serişdesini edinmeklik ogurlyk ýoly bilen amala aşyrylypdyr.[30]

Ogurlyk, talaňçylyk, garakçylyk, kezzapçylyk, edinmeklik, harç etmeklik, gulluk ygtyýarlyklaryndan hyýanatçylykly peýdalanmaklyk ýoly bilen amala aşyrylan hereketler neşe serişdelerini **ogurlamaklygyň** düzüminiň **obýektiw tarapyny** emele getirýär.

Bu serişdelerini ***gorkuzyp almaklyk obýektiw tarapdan***, üç hili görnüşde beýan edilýän jebir çekene psihiki taýdan zorluk (haýbat ) ulanmak ýoly bilen amala aşyrylýar. Bu beýan edilýän görnüşler şu aşakdakylardan ybarat:

1. Fiziki zorlugy ulanmak barada haýbat atmak;
2. Kesekiniň emlägini ýok etmeklik ýa-da zaýalamaklyk barada haýbat atmak;
3. Jebir çekeniň we onuň ýakynlarynyň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine düýpli zyýan ýetirip biljek, jebir çekeni ýa-da onuň ýakynlaryny masgaralaýan maglumatlary şeýle hem beýleki maglumatlary ýaýratmaklyk haýbatyny atmaklyk .

Türkmenistanyň JK-niň 294-nji maddasynyň 1-nji böleginde (ogurlamaklygyň şeýle hem gorkuzyp almaklygyň ýönekeý düzümi) jenaýatçylykly etmişiň edilmeginiň takyk usullary görkezilmändir. Ỳöne deňeşdirme seljermesi, bu ýerde ogurlygyň, güýç ulanmazdan garakçylygyň, kezzapçylygyň, şeýle hem

---

[30] БВС СССР -1976 №5 с 34, Комментарий к уголовному кодексу РФ. М. 2008, стр 601.

gorkuzyp almaklygyň maddalaşdyryş alamatlary bolmasa-da, bu jenaýatlaryň özleriniň bardygyny görkezýär.

Neşe serişdelerini ogurlamaklygyň şeýle hem gorkuzyp almaklygyň ***maddalaşdyrylan görnüşi*** haçanda etmiş: 1) gaýtadan; 2) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan; 3) neşe serişdeleri onuň gulluk ýagdaýy bilen baglanyşykly ýa-da gorap saklamaklyk ynanylan adam tarapyndan; 4) jan ýa-da saglyk üçin howply bolmadyk zorlugyň ulanylmagy bilen amala aşyrylan halatynda doly derejede öz beýanyny tapýar.

Türkmenistanyň JK-niň 294-nji maddasynyň 3-4-nji bölekleri neşe serişdeleriniň aýratyn agyr ýagdaýlarda (aýratyn maddalaşdyryş görnüşi) ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýar. Muňa bu hereketleriň: 1) guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan; 2) neşe serişdeleri uly we aýratyn uly möçberlerde bolsa; 3) jan ýa-da saglyk üçin howply bolan zorlugyň ulanylmagy bilen amala aşyrylmagy degişlidir.

Neşe serişdelerini ogurlamaklyk ýa-da gorkuzyp almaklyk jenaýatynyň **gutaran** pursaty, etmişiň obýektiw tarapynyň mazmunyna garaşlydyr.

Neşe serişdelerini edinmeklik ogurlyk, talaňçylyk, we kezzapçylyk ýoly bilen amala aşyrylsa onda jenaýat neşe serişdelerine eýelik edilen we olara ygtyýar etmek mümkinçiliginiň (gizlemek, äkitmek we ş.m) dörän pursatyndan gutaran hasplanýar. Neşe serişdelerini

ogurlamaklyk eger-de iýmeklik, harç etmeklik ýa-da gulluk ýagdaýlardan hyýanatçylykly peýdalanmaklyk bilen edilse, onda etmiş ynanylan adam tarapyndan (gulluk ýagdaýlary bilen baglanyşykyly ýa-da goramak ynanylan adam) neşe serişdeleriniň alnan we ol serişdelere hakykat ýüzünde öz islegine görä ygtyýar etmeklik we peýdalanmaklyk mümkinçiliginiň dörän pursatyndan gutarylan hasap edilýär. Neşe serişdelerini ogurlamaklyk, garakçylykly çozuş ýoly bilen amala aşyrylan halatlarynda, jenaýat jan ýa-da saglyk üçin zorluk ulanylan ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpy bilen baglanyşykly çozuşyň edilen pursatyndan gutarylan hasaplanýar.

Gorkuzyp almaklyk, neşe serişdeleriniň berilmegi üçin bikanun talaplaryň bildirilen pursatyndan gutarylan hasaplanýar.

Berlen jenaýatyň ***subýektiw tarapyny, göni niýet*** görnüşindäki günä emele getirýär. Günäkär neşe serişdelerini bikanun edinýändigine, şeýle hem gorkuzyp alýandygyna düşünýär we şony isleýär. Neşe serişdelerini ogurlamaklygyň şeýle hem gorkuzyp almaklygyň düzüminiň emele gelmegi üçin betnebislik niýetleri ýaly konstruktiw alamatlaryň bolmagy hökmandyr diýlen pikir bar. Bu pikir bilen alymlar doly razylaşmaýarlar. Neşe serişdeleri ogurlananda şahsyýet eden jenaýatyndan hemişe maddy bähbit gözläp durmaýar. Onuň bu jenaýaty etmekligi üçin başga sebäpler hem bolmaklygy mümkin: neşe teşneligini gandyrmaklyk (abstinensiýanyň ýüze çykmagynda), neşekeşlikden ejir çekýän adama gynanç bildirmeklikden, zerur gerekçilikden we başgalar. Bu ýagdaýlarda betnebislik niýetleri ýok, ýöne berlen

jenaýatyň düzümini emele getirýän alamatlar mese- mälim görnüp dur. Netije-de, neşe serişdeleriniň ogurlanmagyny ýa-da gorkuzyp alynmagyny gürrüňsiz betnebislikden edilýän hyýanatçylygyň hataryna goşup bolmaýar.

Berlen düşündiriş, jenaýatyň deliliniň, berlen jenaýatyň düýpli ýagdaýlarynyň hataryna degişli däldigini aňlatmaýar. Jenaýatyň delilini anyklamaklyk hökmanydyr, sebäbi ol seredilýän etmişiň häsiýetini we howplulyk derejesini bahalandyrmaga täsir edýär. Ogurlamaklygyň ýa-da gorkuzyp almaklygyň **maksadyny** anyklmaklyk hem talap edilýär, sebäbi jenaýatyň satmaklyk maksady bilen amala aşyrylmagy özüniň hukuk netijeleri boýunça satmazlyk maksady bilen amala aşyrylan jenaýatdan tapawutlanýar. Neşe serişdelerini ogurlamaklygyň ýa-da gorkuzyp almaklygyň geljekde satmaklyk üçin amala aşyrylandygy anyklanan ýagdaýlarynda günäkäriň hereketleri goşmaça jenaýata taýýarlyk hökmünde, Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasynyň 1-nji bölegi bilen maddalaşdyrylmalydyr.

Türkmenistanyň JK-niň 294-nji maddasy ulanylanda, etmişi neşe serişdelerini edinmeklik hökmünde goşmaça maddalaşdyrmaklygyň zerurlygy ýok, sebäbi ogurlamaklyk ýa-da gorkuzyp almaklyk diýen düşünje, olaryň ählisini gurşap alýar. Eger-de, ogurlanandan ýa-da gorkuzyp alnandan soňra neşe serişdelerini satmaklyk maksady bilen ýa-da şeýle maksady bolmazdan saklamaklyk gaýtadan işlemeklik, daşamaklyk we ibermeklik ýaly hereketler amala aşyrylsa, onda etmiş Türkmenistanyň JK-niň 292-nji we 294-nji maddalarynda görkezilen jenaýatlaryň jemi boýunça maddalaşdyrylmalydyr.

Seredilýän jenaýatyň ***subýekti*** bolup, on dört ýaşyna ýeten şahsyýetler bilen birlikde, wezipeli ýa-da maddy jogapkär, şeýle hem neşe serişdelerini goramaklyk ynanylan adamlar çykyş edýärler.

Ogurlamklygyň ýa-da gorkuzyp almaklygyň maddalaşdyryş we ýörite maddalaşdyryş (deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary, jenaýatyň guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan edilmegi, gaýtadan amala aşyrylmagy, neşe serişdeleriniň uly we aýratyn uly möçberi, jan ýa-da saglyk üçin howply bolmadyk ýa-da howply bolan zorlugy ulanmak ýa-da şeýle zorlugy ulanmak haýbatyny atmaklyk) alamatlarynyň seljermesi, ýagny düşündirişi barada ýokarda beýleki jenaýatlaryň seljermesine, seredenimizde gürrüň edip geçdik.

Neşe serişdelerini ogurlamaklyk ýa-da gorkuzyp almaklyk gulluk ýagdaýlaryny peýdalanmak bilen amala aşyrylmagy bu günäkär tarapyndan belli bir maksat üçin gulluk boýunça hukuga garşy hereketleriň amala aşyrylmagydyr. Bu jenaýatyň subýekti bolup döwletiň ýa-da döwlete degişli däl (meselem: hususy eýeçilige degişli saglygy bejeriş hassahanasy) edaralaryň gullugynda duran adamlar çykyş edýär. Şeýle adamlara neşe serişdeleri gulluk



taýdan ulanmaklyga berlen ýa-da gorap saklamaklyk ynanylan adamlar degişlidir. Bular: lukmançylyk işgärleri (lukmanlar, şepagat uýalary, derman ýasaýjylar), neşe serişdeleri öndürilýän kärhanalaryň işgärleri, neşe serişdeleri saklanýan ambarlaryň goragçylary, garawullar, häkimiýet edaralarynyň wekilleri we başgalar.

**Düzümi neşe serişdeli gadagan edilen ösümlikleriň bikanun ösdürilip ýetişdirilmegi baradaky kadalar Türkmenistanyň JK-niň 295-nji maddasynda berlen:**

Bu **jenaýatyň predmeti** - birinjiden Türkmenistanyň çäklerinde ösdürip ýetişdirilmegi gadagan edilen ösümlikler, bikanun dolanyşykda ulanylmagy gadagan edilen we neşe serişdeleriniň sanawyna goşulan göknaryň we kenebiň kesgitlenen görnüşleri.

Düzümi neşe serişdeli ösümlikleri bikanun **ekmeklik** – bu düzümi neşe serişdeli ösümlikleriň, tohumyndan ýa-da şitilinden degişli rugsatnama bolmazdan islendik ýer böleginde we boş ýerlerde ekilmegidir. Bu ýagdaýda ösümlikleriň ekilen pursatyndan garaşylýan netijeleriň alynmagyna garamazdan, jenaýat gutarylan hasaplanýar.

Düzümi neşe serişdeli ösümlikleri bikanun **ösdürip ýetişdermeklik** – diýlende düzümi neşe serişdeli ösümlikleriň, hasylynyň ýetişýän pursatyna çenli, seredilmegine düşünilýär. Meselem: olaryň suwarylmagy, dökün berilmegi, olary ýekelemeklik we çyrpmaklyk. Bu ýagdaýda düzümi neşe serişdeli ösümlikleri ösdürip

ýetişdirmeklik üçin ilkinji hereketleriň edilen pursatyndan jenaýat **gutaran** hasaplanýar. [31]

Düzümi neşe jisimli ösümlikleriň **sortunyň ýaýradylmagy** diýlende – diňe bir düzümi neşe serişdeli ösümlikleriň ekilmegi ýa-da ösdürilip ýetişdirilmegi bolman, eýsem täze sortlaryň çykarylmagyna, olaryň hasyllylygynyň artdyrylmagyna gowy bolmadyk howa şertlerine hem ösümlikleriň çydamlylygynyň artdyrylmagyna we uýgunlaşmagyna düşünilýär.

Jenaýatyň **subýektiw tarapy** göni niýet bilen edilýändigi bilen häsiýetlendirilýär, ýagny adam düzümi neşe serişdeli ösümlikleri bikanun ekýändigine, ösdürip ýetişdirýändigine ýa-da onuň täze sortlaryny ýaýradýandygyna düşünýär we şeýle hereketleri amala aşyrmak isleýär. Jenaýatyň **subýekti**-16 ýaşyna ýeten akly düzüw fiziki şahsyýet.[32] Türkmenistanyň JK-niň 295-nji maddasynyň 2-nji böleginde aýratyn maddalaşdyryş alamatlary:

a) gaýtadan;
b) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan,
c) uly möçberde – berlipdir.

Bularyň her biri barada Türkmenistanyň JK-niň 292-nji maddasy barada gürrüň edenimizde düşündiriş berip geçirildi.

---

[31] Постатейный комментарий к Уголовному Кодексу РФ. (Исправленный и дополненный ) М-2005 стр 535.
[32] Постатейный комментарий к Уголовному Кодексу РФ. (Исправленный и дополненный ) М-2005 стр 536.

**Türkmenistanyň JK-niň 296-njy maddasyna laýyklykda :** Neşe serişdelerini ulanmaklyga yrmaklyk diýlende, başga adamlarda neşe serişdelerini ulanmaklyga isleg döredýän islendik bilkastlaýyn hereketleriň edilmegine (meselem: haýyş etmek, teklip etmek, maslahat bermek, ýalbarmak we başgalar) düşünilýär. Ulanmaklyga yrmaklyk neşe serişdelerini ýaýratmaklygyň dürli hili görnüşleriniň biri bolmak bilen, özboluşly güýçlendirilen jemgyýetçilik howpuny döredýär, sebäbi şeýle usul bilen esasan hem kämillik ýaşyna ýetmedikleriň we ýaşlaryň arasynda neşekeşleriň giň köpçüligi emele gelýär. Seredilýän jenaýatyň **obýekti** ilatyň saglyk howpsuzlygydyr. Jenaýatçylykly hyýanatçylygyň **predmeti** bolup, neşe serişdeleri çykyş edýär.

Türkmenistanyň JK-niň 296-njy maddasynda görkezilen jenaýatyň **obýektiw tarapy** iki sany sany esasy görnüşde beýan edilýär.

**Birinjisi,** teklip etmek, maslahat bermek, haýyş etmek, ynandyrmak, ýalan geplemek, neşe serişdelerini ulanandan soň adamyň alýan keýpini öwmeklik bilen başga bir adamda neşe serişdelerini ulanmaklyga bolan islegi döretmek.

Seredilýän jenaýatyň obýektiw tarapynyň **ikinji** bir görnüşi neşe serişdelerini ulanmaklyga zorluk ulanmak ýa-da haýbat atmaklyk usuly bilen mejbur etmeklikden ybaratdyr.

“Yrmaklyk” diýlen düşünje neşe serişdelerini ulanmaklyga bir gezek şeýle hem köp gezek meçew bermekligi gurşap alýar. Başga adamy neşe serişdelerini ulanmaklyga yrmak, onuň neşekeş bolmagyna getirýär, şeýle hereketleriň bir gezek edilmegi hem jenaýatyň düzümini emele getirýär.

Neşe serişdelerini **ulanmaklyk** diýlende, onuň tabletka (kodein, barbamil), paroşok (guran morfiý we opiý, geroin) görnüşinde, sanjym arkaly (morfin, promedol), poroşokdan dem almaklyk bilen (kokain), çekmeklik bilen (tirýek), ösümlik görnüşinde çeýnemek usuly bilen (koka ýapragy), galyndylarynyň ulanylmagyna (meselem:göknaryň samany) we başgalara düşünilýär.

Bu jenaýatyň **gutaran pursatyny** kesgitlemekde ýörite edebiýatlarda dürli hili garaýyşlar beýan edilen. Seredilýän jenaýatyň obýektiw tarapy, yrmaklyk netijesinde ýüze çykýan netijäni etmişiň hökmany alamatynyň hasabyna goşmaýar. Şonuň üçin hem yrmaklygyň netijesinde, diňe neşe serişdeleriniň hakykat ýüzünde ulanylmagy jenaýatyň gutaran pursatyny emele getirýär diýlip, ýalňyşlyklara ýol berilýär. Seredilýän jenaýat adamda neşe serişdelerini ulanmaklyga isleg döretmek maksady bilen täsir edilen pursatyndan **gutaran** hasaplanýar. Munda onuň neşe serişdelsini ulanandygynyň ýa-da ulanmandygynyň täsiri ýokdur. Bu jenaýat formal düzümlidir.

Seredilýän jenaýat düzüminiň **subýektiw tarapy** günäniň, göni niýetdäki görnüşi bilen häsiýetlendirilýär-günäkäriň başga birini neşe serişdelerini ulanmaklyga

yrmagynyň jemgyýetçilik howply häsiýetine düşünmegi we jenaýatçylykly netijäni islemegi. Bu jenaýatyň edilmeginiň delili, jebir çekeni neşe serişdelerini ulanmaklyga çekmeklikdir.

**Jenaýatyň subýekti** -16 ýaşyna ýeten, akly düzüw islendik adam bolup bilýär. Türkmenistanyň JK-niň 296-njy maddasynyň 2-nji böleginiň "b" bendinde görkezilen etmişiň ýagny kämillik ýaşyna ýetmedigi neşe serişdelerini ulanmaklyga yrmaklygyň subýekti ýöritedir, bu etmiş boýunça diňe 18 ýaşyna ýeten, akly düzüw şahsyýet subýekt bolup bilýär.

Seredilýän jenaýatyň maddalaşdyryş alamatlary şulardan ybaratdyr:

1. Gaýtadan edilmegi.
2. Kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da iki ýa-da şondan hem köp adam babatda edilmegi.
3. Fiziki zorlugy ulanmak ýa-da şony ulanmak howpuny salmak bilen amala aşyrylmagy.

Neşe serişdelerini ulanmaklyga kämillik ýaşyna ýetmedigi yrmaklyk bolanda, günäkäriň görnetin 18 ýaşyna ýetmedik babatda jenaýat edýändigini bilýändigini aňladýar.

Iki ýa-da şondan-da köp adamy neşe serişdelerini ulanmaklyga yrmaklyk, munuň özi günäkär tarapyndan bir wagtda ýa-da dürli-dürli wagtda iki ýa-da şondan-da köp

adamda neşe serişdelerini ulanmaklyga bolan islegi döretmek üçin dürli hili hereketleriň edilmegidir.[33]

Türkmenistanyň JK-niň 296-njy maddasynyň 2-nji böleginiň “w” bendinde görkezilen zorluk barada gürrüň edilende başga birinde neşe serişdelerini ulanmaga isleg döretmek üçin fiziki we psihiki zorlugyň ulanylmagyna düşünilýär.

Fiziki zorluk, jebir çekeniň saglygyna ýeňil, orta agyrlykdaky ýa-da agyr şikes ýetirmek, ony horlamak, ezýet çekdirmek, şeýle hem saglyga zyýan ýetirýän beýleki zorlukly hereketler (urmaklyk, bikanun azatlykdan mahrum etmek ýa-da azatlygyny çäklendirmek) görnüşinde aňladylýar. Haýbat atmaklyk jebir çekeni ýokarda agzalan fiziki zyýany ýetirmek howpy bilen gorkuzmaklykdan ybaratdyr.

Eger-de, neşe serişdelerini ulanmaklyga yrmaklygyň netijesinde jebir çeken ölen bolsa ýa-da onuň saglygyna agyr şikes ýetirilen bolsa, seredilýän jenaýatyň **ýörite maddalaşdyryjy** alamaty emele gelýär.

Şu jenaýaty etmekde güman edilýäne, Türkmenistanyň JK-niň 296-njy maddasynyň 3-nji bölegi bilen günä bildirmeklik üçin jebir çekeniň hakykatdan hem neşe serişdelerini ulanmaklyga yrmaklygyň netijesinde (meselem: aşa köp ulanylmagy) ýogalandygyny, seredilýän etmiş bilen jebir çekeniň ölüminiň arasynda sebäpli baglanyşygyň bardygyny anyklamaly. Eger-de, sebäpli

---

[33] Практика Верховного суда РФ по уголовным делам за 1992-1994 г.г, М-1995 с.49.

baglanyşyk ýok bolsa, bu etmişi jenaýatyň ýörite maddalaşdyryş alamatlary bilen maddalaşdyrmak zerurlygy ýokdur.

Neşe serişdelerini ulanmaklyga yrmaklygyň netijesinde, seresapsyzlykdan jebir çekeniň ölmegi, Türkmenistanyň JK-niň 296-njy maddasynyň 3-nji bölegi bilen maddalaşdyrylýar, ony goşmaça Türkmenistanyň JK-niň 105-nji maddasy bilen maddalaşdyrmaklyk gerek däldir. Berlen ýagdaýlarda adamyň ölmegine getirmegi, neşe serişdelerini ulanmaklyga yranlygy üçin jeza çäresi bellenilende, jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan aýratyn agyr ýagdaý hökmünde hasaplanylýar.

**Türkmenistanyň JK-niň 297-nji maddasynda neşe serişdelerini çekmeklik uçin mesgenleriň guralmagy we saklanmagy barada berlen**. Şoňa laýyklykda:

Neşe serişdelerini ulanmak üçin niýetlenen **mesgenler** diýlende- neşe serişdelerini ulanmaklyk uçin şol bir adam ýa-da dürli adamlara berilýän ýaşaýyş (jaý, öý, otag, daça) ýa-da beňleki (howly, garaż, ýerzemin) jaýlara düşünilýär.

Mesgenleriň **guralmagy** diýlende – belli bir jaýyň maddy we guramaçylyk taýdan işledilmegine düşünilýär. Meselem: jaýyň edinilmegi we onuň gurallaşdyrylmagy, hyzmat ediş gullugynyň hakyna tutulmagy, geljekki müşderileriň gözläp tapylmagy, mesgeniň işleýiş gün tertibiniň düzülmegi we başgalar.

Mesgenleriň **saklanmagy** diýlende – jaýlara hakykat ýüzünde arakesmesiz işletmek maksady bilen eýeçilik edinilmegine düşünilýär.

Jenaýat mesgenleri guraýjy üçin–onuň döredilen pursatyndan, saklaýjy üçin bolsa–mesgeniň işiniň amala aşyrylmagy üçin hyzmatlaryň edilip başlanan pursatyndan gutaran hasaplanýar.

Jenaýat **göni niýet** bilen amala aşyrylýar, günäkär neşe serişdelerini ulanmaklyk üçin mesgenleri gurnaýandygyna ýa-da saklaýandygyna düşünýär we şeýle hereketleri etmekligi isleýär. Munda jenaýaty maddalaşdyrmaklyk üçin, günäkäriň betnebislik ýa-da başga hili maksadynyň bardygynyň ähmiýeti ýokdur. [34]



Eger-de, mesgenleriň müşderilerine neşe serişdeleri mesgeniň hyzmat ediş gullugy tarapyndan berilse ýa-da olar neşe serişdelerini ulanmaklyga yrylsa, onda jenaýat goşmaça Türkmenistanyň JK-niň 292-nji we 296-njy maddalary bilen maddalaşdyrylýar.

Bu jenaýatyň **subýekti** – 16 ýaşyna ýeten, akly düzüw, fiziki şahsyýetyýet.

**Türkmenistanyň JK-niň 300-nji maddasyna laýyklykda:** Neşe serişdelerini almaga hukuk berýän reseptleriň ýa-da beýleki resminamalaryň bikanun berlendigi ýa-da galplaşdyrylandygy .

[34] Постатейный комментарий к Уголовному Кодексу РФ. (Исправленный и дополненный ) М-2005 стр 536.

Bu jenaýatyň **predmeti** - neşe serişdesini almaklyga hukuk berýän reseptler ýa-da beýleki resminamalar.



**Resept** – lukmanyň, dermanhana tarapyndan düzümi neşe jisimli dermanlary bermeklige rugsat berýän, zerur maglumatlary girizen, ykrar edilen görnüşdäki resminamasydyr.

Neşe serişdelerini almaklyga hukuk berýän **beýleki resminamalar** - agzalan serişdeleri bermeklige esas bolýan resminamalar. Meselem: neşe serişdeleriniň dolanyşygy bilen baglanyşykly işleriň kesgitli görnüşine rugsat berýän ygtyýarnamalar (lisenziýa), düzümi neşe serişdeli derman serişdeleriniň çykdaýjy edilendigini hasaba alyş kitaby, ýatymlaýyn bejergi alan hassanyň kesel taryhyndan göçürme.

# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY[35]

## Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar, prekursorlar we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş çäreleri hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2004 ý, № 4)

(Türkmenistanyň 18.04.2008 ý. № 192-III we 18.04.2009 ý. № 32-IV Kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Şu Kanun neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň, prekursorlaryň dolanyşygyna gözegçilik çygrynda döwlet syýasatynyň hukuk esaslaryny kesgitleýär we raýatlaryň saglygyny, döwlet we jemgyýetçilik howpsuzlygyny goramak maksady bilen olaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş çärelerini belleýär.

## I bap. Umumy düzgünler

### 1-nji madda. Esasy düşünjeler

şu Kanunda şu aşakdaky esasy düşünjeler peýdalanylýar:

**neşe serişdeleri** - neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň Sanawyna girizilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna, şol sanda BMG-niň neşe serişdeleri

[35] Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, A.,2004 , № 4

hakynda 1961-nji ýyldaky Bitewi konwensiýasyna düzedişler girizmek hakynda 1972-nji ýyldaky Teswirnama laýyklykda oňa girizilen düzedişler bilen BMG-niň neşe serişdeleri hakynda 1961-nji ýyldaky Bitewi konwensiýasyna laýyklykda gözegçilik edilmäge degişli sintetiki ýa-da tebigy maddalar, olaryň serişdeleri, şol sanda derman serişdeleri, şeýle hem ösümlikler;

**psihotrop maddalar** - neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň Sanawyna girizilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna, şol sanda BMG-niň psihotrop maddalary hakynda 1971-nji ýyldaky Konwensiýasyna laýyklykda gözegçilik edilmäge degişli sintetiki ýa-da tebigy maddalar, olaryň serişdeleri, şol sanda derman serişdeleri, şeýle hem tebigy materiallar;

**neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň prekursorlary (mundan beýläk - prekursorlar)** - neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň Sanawyna girizilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna, şol sanda BMG-niň neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş hakynda 1988-nji ýyldaky Konwensiýasyna laýyklykda gözegçilik edilmäge degişli neşe serişdeleri we psihotrop maddalar öndürilende, taýýarlanylanda, gaýtadan işlenilende peýdalanylýan maddalar;

**neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň kybapdaşlary** - himiki gurluşy we häsiýeti babatda neşe serişdelerine, psihotrop maddalara meňzeş, psihika şonuň

ýaly işjeň täsir edýän, Türkmenistanda gözegçilik edilmäge degişli neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň Sanawyna girizilmedik, Türkmenistanda dolanşygy gadagan edilen sintetiki ýa-da tebigy maddalar;

**düzüminde neşe serişdeleri ýa-da psihotrop maddalar bolan serişdeler (mundan beýläk - serişdeler)** - Türkmenistanda gözegçilik edilmäge degişli neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň Sanawyna girizilen neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň birini ýa-da birnäçesini düzüminde saklaýan islendik fiziki ýagdaýdaky maddalaryň garyndysy;

**neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy** - düzüminde neşe serişdeleri bolan öşümlikleri ösdürip ýetişdirmek, hasylyny ýygnamak, taýýarlamak, neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary işläp taýýarlamak, öndürmek, taýýarlamak, gaýtadan işlemek, saklamak, dolanyşyga goýbermek, ýerleşdirmek, paýlamak, satyn almak, peýdalanmak, daşamak, ibermek, getirmek, äkitmek we ýok etmek bilen baglanyşykly Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda rugsat edilen we gözegçilik edilýän işleriň görnüşleri;

**neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygy -** neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygynyň Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulyp amala aşyrylmagy;

**neşekeşlik** - neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň ýa-da şolara kybapdaş maddalaryň haýsydyr birine fiziki we (ýa-da) psihiki taýdan baglylygy bilen şertlendirilen, adam edaraizminiň fiziki we psihiki taýdan işleýiş düzgünleriniň (ýagdaýynyň) düýpli bozulmagyna getirýän keselleme;

**neşekeşlikden ejir çekýän adam (neşekeş)** - neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň ýa-da şolara kybapdaş maddalaryň haýsydyr birine fiziki we (ýa-da) psihiki taýdan bagly bolup durýan we ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş edarasy tarapyndan onuň keseliniň kesgitlemesi «neşekeşlik» diýlip ykrar edilen adam;

**neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň bikanun ulanylmagy** - neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň lukmanyň kesgitlemesinden bidin ulanylmagy;

**lukmançylyk güwänamasynyň geçirilmeginden, lukmançylyk barlagyndan ýa-da bejerişden boýun gaçyrylmagy** - neşe serişdelerini ýa-da psihotrop maddalary bikanun ulanýan adamyň hukuk goraýjy edaralaryň işgäriniň lukmançylyk güwänamasyny geçmek baradaky görkezmesini, şeýle hem lukmanyň bellän çärelerini we beren maslahatlaryny bilgeşleýin ýerine ýetirmezligi;

**neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň paýlanylmagy** - Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan tertibe

laýyklykda anyk döwlet kärhanalarynyň we edaralarynyň [mundan beýläk - kärhanalar (edaralar)] özleri üçin bellenilen möçberlerde neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary olaryň dolanyşygyny amala aşyrmak üçin almagy;

**neşe serişdeleriniň, psihotrop maddaryň we prekursorlaryň bikanun ýerleşdirilmegi** - satmak, sowgat etmek, bermek, başga adama sançmak we beýleki her hili usullar arkaly olaryň ýaýradylmagy;

**neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary almak (edinmek)** - neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary satyn almak, beýleki harytlara ýa-da zatlara çalyşmak arkaly edinmek, karzyna ýa-da peşgeş almak, berginiň üzlüşilmegi hökmünde almak, şeýle hem tapylan neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary eýelemek, düzüminde neşe serişdeleri bolan ösümlikleri [göknary we kenebi (kannabisi), düzüminde neşe serişdeleri bolan beýleki ösümlikleri ýa-da olaryň böleklerini] ýygnamak, eger şol adam olaryň neşe serişdeleridigini, psihotrop maddalardygyny ýa-da prekursorlardygyny bilýän bolsa;

**neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň saklanylmagy** - neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň ýa-da prekursorlaryň bir adamyň öz ýanyndan, jaýyndan, mellek ýerinden, başga bir gizlin ýerinden we oňa degişli beýleki ýerlerden tapylmagy bilen baglanyşykly düşünilip edilen islendik hereketler.

**2-nji madda. Türkmenistanda gözegçilik edilmäge degişli neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň sanawy**

1. Türkmenistanda gözegçilik edilmäge degişli neşe serişdeleri, psihotrop maddalar we prekursorlar neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýan ýörite Sanawyna (mundan beýläk - Sanaw) girizilýär we döwlet tarapyndan ulanylýan gözegçilik çärelerine baglylylykda şu asakdaky sanawlara goşulýar:

- Türkmenistanyň kanunçylygyna, BMG-niň neşe serişdeleri hakynda 1961-nji ýyldaky Bitewi konwensiýasyna we BMG-niň psihotrop maddalar hakynda 1971-nji ýyldaky Konwensiýasyna laýyklykda Türkmenistanda dolanyşygy gadagan edilen neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň sanawyna (mundan beýläk - 1-nji Sanaw);

- dolanyşygy Türkmenistanda çäklendirilen we Türkmenistanyň kanunçylygyna, BMG-niň neşe serişdeleri hakynda 1961-nji ýyldaky Bitewi konwensiýasyna we BMG-niň psihotrop maddalar hakynda 1971-nji ýyldaky Konwensiýasyna laýyklykda gözegçilik çäreleri bellenilýän neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň sanawyna (mundan beýläk - 2-nji Sanaw);

- dolanyşygy Türkmenistanda çäklendirilen we gözegçilik çäreleriniň käbirini aýyrmaga Türkmenistanyň kanunçylygyna we BMG-niň psihotrop maddalar hakynda 1971-nji ýyldaky Konwensiýasyna laýyklykda ýol berilýän

psihotrop maddalaryň sanawyna (mundan beýläk - 3-nji Sanaw);

- dolanyşygy Türkmenistanda çäklendirilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna hem-de BMG-niň neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş hakynda 1988-nji ýyldaky Konwensiýasyna laýyklykda gözegçilik çäreleri bellenilýän prekursorlaryň sanawyna (mundan beýläk - 4-nji Sanaw).

2. Turkrnenistanda gözegçilik edilmäge degişli neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň Sanawlaryny düzmegiň, uýtgetmegiň we olaryň üstüni ýetirmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

3. Türkmenistanda gözegçilik edilmäge degişli neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň Sanawlary Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertibe laýyklykda köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde resmi taýdan çap edilmäge degişlidir.

4. Her bir görnüşi üçin aýry-aýry gözegçilik düzgüni bellenilen neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň birnäçesini özünde jemleýän serişdeler olar üçin göz öňünde tutulan iň berk gözegçilik düzgünine laýyklykda gözegçilik edilmäge degişlidir.

**3-nji madda. Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar we prekursorlar hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy**

1. Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar, prekursorlar we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş çäreleri hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy şu Kanundan we Türkmenistanyň neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy çygryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

2. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda şu Kanundakydan başga düzgünler bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň düzgünleri ulanylýar.

**4-nji madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň, prekursorlaryň dolanyşygy çygrynda we olaryň bikanun dolanyşygyna we ulanylmagyna garşy göreş çäreleri barada döwlet syýasaty**

Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň, prekursorlaryň dolanyşygy çygrynda we olaryň bikanun dolanyşygyna we ulanylmagyna garşy göreş çäreleri baradaky döwlet syýasaty şu aşakdakylara gönükdirilendir:

- neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň, prekursorlaryň dolanyşygyny we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş çärelerini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmäge;

-neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy çygryndaky işlere döwlet gözegçiligini amala aşyrmaga;

-neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy çygryndaky işleri ygtyýarlylandyrmagy üpjün etmäge;

- Türkmenistanda dolanyşygyna rugsat berlen neşe serişdelerini we psihotrop maddalary döwlet belligine almagy geçirmäge;

- neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy çygrynda kärhanalaryň (edaralaryň) işini pudagara we pudaklaýyn dolandyryşy utgaşdyrmaga;

-neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygynyň we ulanylmagynyň öňüni almaga gönükdirilen işleri guramak baradaky wezipeleri toplumlaýyn çözmäge;

-neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygy we ulanylmagy bilen baglanyşykly jenaýatlary ýüze çykarmak we olaryň öňüni almak boýunça derhal agtaryş çärelerini amala aşyrýan edaralaryň işini kamilleşdirmäge;

- neşekeşligiň ýaýradylmagy we onuň bilen baglanyşykly hukuk bozulmalary bilen göreşi göz öňünde tutýan öňüni alyş çäreleri amala aşyrmaga;

- sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmäge we ornaşdyrmaga, neşekeşligiň öňüni almak we onuň garşysyna göreşmek boýunça toplumlaýyn çäreleri geçirmäge;

- neşekeşligiň ýaýradylmagyna garşy we şonuň bilen baglanyşykly hukuk bozulmalaryna garşy göreşe Türkmenistanyň jemgyýetçilik birleşiklerini, dini guramalaryny we raýatlaryny çekmäge;

- neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň, prekursorlaryň dolanyşygyna gözegçilik çygrynda hem-de olaryň bikanun dolanyşygyna we ulanylmagyna päsgelçilik döredýän çäreleri amala aşyrmaga köptaraplaýyn we ikitaraplaýyn halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga.

**5-nji madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy çygryndaky işiň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi**

1. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy çygryndaky işiň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we onuň ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň, prekursorlaryň dolanyşygy çygryndaky işiň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi hem-de olaryň bikanun dolanyşygyna we ulanylmagyna garşy göreş çärelerini amala aşyrýan edaralaryň sanawy we olaryň ygtyýarlyklary hem-de jogapkärçiligi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

**6-njy madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş boýunça pudagara edarasy**

1.Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Neşekeşlige garşy göreş boýunça döwlet utgaşdyryjy topary (mundan beýläk – Döwlet topary) dahylly ministrlikleriň, pudaklaýyn doladyryş edaralarynyň we gulluklaryň neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş boýunça özara ylalaşykly hereketlerini we işlerini utgaşdyrmagy üpjün edýän pudagara edara bolup durýar.

2. Döwlet toparynyň iş tertibi we onuň düzümi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýan Düzgünnama arkaly kesgitlenilýär.

## II bap. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň weprekursorlaryň dolanyşygy çygryndaky işleriygtyýarlylandyrmagyň tertibi

**7-nji madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy çygryndaky işleri ygtyýarlylandyrmak**

1. Sanawa girizilen we dolanyşygy Türkmenistanda gözegçilik edilmäge degişli neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy bilen baglanyşykly işleri ygtyýarlylandyrmak işi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Neşe serişdelerine garşy göreşmek boýunça döwlet gullugy tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Sanawa girizilen we dolanyşygy Türkmenistanda gözegçilik edilmäge degişli neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy bilen baglanyşykly işlere ygtyýarnama diňe edara görnüşindäki taraplara berilýär.

**8-12-nji maddalary Türkmenistanyň 18.04.2009 ý. № 32-IV Kanuny esasynda güýjüni ýitiren.**

## III bap. Neşe serişdeierini we psihotrop maddalary işläp taýýarlamak, öndürmek we taýýarlamak

### 13-nji madda. Täze neşe serişdelerini we psihotrop maddalary işläp taýýarlamak

1. Täze neşe serişdelerini we psihotrop maddalary işläp taýýarlamak - munuň özi lukmançylyk maksatlary bilen peýdalanmak üçin neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň has ýokary netijeli, az howply we gözegçilik etmesi ýeňil bolan, häzirki bar bolanlary bilen deňeşdirende has ýokary bejerijilik häsiýetine eýe bolan görnüşlerini gözlemekdir, öwrenmekdir we döretmekdir.

2. Täze neşe serişdelerini we psihotrop maddalary işläp taýýarlamaga diňe döwlet buýurmalaryna laýyklykda ýol berilýär we ol işiň şu görnüşine ygtyýarnamasy bolan döwlet ylmy-barlag edaralaryna tabşyrylýar.

3. Klinikadan öňki bolan barlaglar olaryň netijeliligine baha bermek we ony subut etmek maksady bilen geçirilýär.

Täze neşe serişdelerini we psihotrop maddalary işläp taýýarlaýjylar olaryň klinikadan öňki barlaglaryny

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylýan şertlerde we tertipde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirmäge boçludyr.

4. Täze neşe serişdelerini we psihotrop maddalary taýýarlaýjylaryň hukuklary döwlet tarapyndan goralýar.

**14-nji madda. Täze neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň kliniki barlaglary**

1. Lukmançylyk maksatlary üçin peýdalanmaga niýetlenilen täze neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň kliniki barlaglary (mundan beýläk - kliniki barlaglar) Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň karary boýunça geçirilýär.

2. Kliniki barlaglar ýöriteleşdirilen bejeriş-öňüni alyş edaralarynda geçirilýär, olaryň sanawy Türkmenistanyň Saglygy goraýys we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

3. Täze neşe serişdelerini we psihotrop maddalary işläp taýýarlaýjylar ýa-da kliniki barlaglary geçirmegi buýrujylar kliniki barlaglary geçirmek üçin Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine degişli haýyşnama berýärler. Oňa neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň nusgalary we olar hakdaky maglumatlary özünde jemleýän materiallar, klinikadan öňki barlaglaryň netijeleri, şeýle hem kliniki barlaglaryň rnaksatnamasynyň taslamasy goşulýar.

4. Ýöriteleşdirilen bejeriş-öňüni alyş edarasy neşe serişdelerini we psihotrop maddalary işläp taýýarlaýjylar ýa-da kliniki barlaglary geçirmegi buýrujylar bilen olary geçirmek barada şertnama baglaşýar. Kysymlaýyn şertnamanyň görnüşi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

Kliniki barlaglaryň netijeleri Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine berilýär.

5. Bejeriş-öňüni alyş edarasy kliniki barlaglar başlanmazdan öň ätiýaçlandyryş edarasy bilen barlaglara gatnaşýan adamlaryň ömrüni we saglygyny ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmaga borçludyr.

Şol adamlaryň meýletin razylygy ýazmaça tassyklanylmalydyr.

Kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäkli adam kliniki barlaglara öziniň kanuny wekilleriniň ýazmaça beren razylygy bilen gatnaşyp biler.

6. Kliniki barlaglar geçirilýän wagtynda, eger şol barlaglara gatnaşýan adamyň ömri we saglygy üçin howply ýagdaý ýüze çyksa, şolaryň arasy kesilip bilner.

Kliniki barlaglary bes etmek hakyndaky karary görkezilen barlaglaryň maksatnamasynyň ýolbaşçysy kabul edip biler.

Kliniki barlaga gatnaşýan adam barlagyň işlendik döwründe oňa gatnaşmakdan boýun gaçyryp biler.

7. Kliniki barlagy maliýeleşdirmek işi neşe serişdelerini we psihotrop maddalary işläp taýýarlanyň ýa-da kliniki barlaglary geçirmegi buýranyň serişdeleriniň hasabyna geçirilýär.

8. Kliniki barlaglar doly ýa-da gysgaldylan maksatnama boýunça halkara tejribesinde ulanylýan talaplary hasaba almak bilen geçirilýär.

**15-nji madda. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň öndürilişi hem-de taýýarlanylyşy**

1. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň önümçiligi – munuň özi olary ösümliklerden, himiki we (ýa-da) beýleki maddalardan köpçülikleýin almaga gönükdirilen işdir.

2. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary taýýarlamak - munuň özi ösümliklerden, dermanlardan, himiki we beýleki maddalardan neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň peýdalanmaga taýýar görnüşlerini, derman serişdeleri almaga gönükdirilen işdir.

3. Şu Kanun tarapyndan kesgitlenilen maksatlar üçin peýdalanylýan neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň öndürilmegi we taýýarlanylmagy döwletiň bellän paýynyň çäklerinde, anyk neşe serişdelerini we psihotrop maddalary öndürmäge ygtyýarnamasy bolan, döwlet belligine alnyşyndan geçen kärhanalarda (edaralarda) amala aşyrylýar.

4. Neşe serişdelerini we psihotrop maddalary öndürmek üçin zerur bolan enjamlary satyn almak,

taýýarlamak we peýdalanmak işleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

5. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň öndürilmegi we taýýarlanylmagy tehnologik düzgün boýunça önümçiligi guramagyň düzgünlerine we hiline, döwlet standartlaryna, tehniki şertlere, şeýle hem halkara kadalarynyň talaplaryna gözegçiligi berjaý etmek bilen amala aşyrylýar.

Önümgiligiň we öndüriji kärhana (edara) tarapyndan önümçilik gözegçiligini geçirmegiň tehnologik düzgünleri Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen ylalaşylýar.

6. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň dolanyşygy çygryndaky işi amala aşyrýan kärhanalar (edaralar) hususylaşdyrylmaga we başga görnüşlerde döwlet eýeçiliginden bolup aýyrmaklyga degişli däldir.

Şeýle hem neşe serişdelerini we psihotrop maddalary öndürijiler bolan bitewi tehnologik ulgamy düzýän kärhanalary (edaralary) hususylaşdyrmak we başga görnüşlerde döwlet eýeçiliginden bölüp aýyrmak gadagan edilýär.

7. Türkmenistanyň çäklerinde neşe serişdelerini we psihotrop maddalary öndürýän kärhanalar (edaralar) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet belligine alynmaga degişlidir.

**16-njy madda. Neşe serişdelerini we psihotrop maddalary gaýtadan işlemek**

Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň gaýtadan işlenilmegi - munuň özi şonuň netijesinde arassalanylmagy (başga garyndylardan saplanylmagy), serişdede neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň toplanmagynyň artmagy, şeýle hem olaryň esasynda neşe serişdeleri ýa-da psihotrop maddalar bolmadyk maddalaryň alynmagy bolup geçýän işdir.

Neşe serişdelerini we psihotrop maddalary gaýtadan işlemek işiň görkezilen görnüşine ygtyýarnamasy bar bolan kärhanalar (edaralar) tarapyndan amala aşyrylýar.

**17-nji madda. Neşe serişdelerini we psihotrop maddalary gaplamak hem-de olara bellik etmek**

1. Öndürilýän we taýýarlanylýan neşe serişdeleriniň hem-de psihotrop maddalaryň hemmesiniň Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugy bilen ylalaşyp bellän talaplaryna laýyklykda daşky we içki gaplary bolmalydyr.

2. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň daşky gaby onyň içindäkileriň şol gabyň bitewiligini bozmazdan çykarylyp alynmak mümkinçiligini aradan aýyrmalydyr.

3. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň içki gabyna iki sany gyzyl zolak bilen bellik edilmelidir.

## IV bap. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryňdöwlet belligine alynmagy

**18-nji madda. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň döwlet belligine alynmagy**

1. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň Türkmenistanda dolanyşygyna olar döwlet belligine alnanyndan soň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýol berilýär.

2. Döwlet belligine şular degişlidir, ýagny:

- täze neşe serişdeleri we psihotrop maddalar;

- öň bellige alnan neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň täze utgaşdyryjylary;

- öň bellige alnan, ýone başga görnüşlerde, täze böleklere bölmek ýa-da kömekçi maddalaryň başga düzümi bilen öndürilen (taýýarlanylan) neşe serişdeleri we psihotrop maddalar;

-täzeden işläp çykarylan neşe serişdeleri we psihotrop maddalar.

3. Neşe serişdelerini we psihotrop maddalary döwlet belligine almak işi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi ýa-da onuň ygtyýarly edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

4. Türkmenistanda bellige alnan neşe serişdeleri we psihotrop maddalar Türkmenistanda ulanmaga rugsat edilen neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň

Sanawynda bolan neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň döwlet sanawyna girizilýär.

Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň Döwlet sanawyny ýöretmek we neşir etmek işini Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi amala aşyrýar.

**19-njy madda. Neşe serlşdelerini we psihotrop maddalary döwlet belligine almagyň tertibi**

1. Neşe serişdelerini we psihotrop maddalary döwlet belligine almak işi olary öndürýäniň ýa-da üpjün edijiniň ýazmaça ýüztutmasy esasynda amala aşyrylýar.

Neşe serişdelerini we psihotrop maddalary bellige almak hakyndaky ýazmaça ýüztutmanyň ýanyna şular goşulýar, ýagny:

- neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň nusgalary hödürlenilýän gabynda olaryň ady, söwda belgisi;

- neşe serişdelerini we psihotrop maddalary öndüreniň ady we salgysy;

- neşe serişdelerini we psihotrop maddalary öndürmek üçin berlen ygtyýarnama;

- täsir edýän neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň ady (sinonimleri);

- öndürmegiň görnüşi;

- neşe serişdesiniň we psihotrop maddanyň düzümi;

- ulanmagyň usullary, ulanylmagyna bolan görkezmeler we garşy gelmeler;

- dermanyň ulanyş mukdary (dozirowkasy);

- goýbermegiň şertleri;

- saklamagyň möhleti we şertleri;

- neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň beýleki ýurtlarda bellige alnandygy hakynda maglumatlar;

- neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň täze görnüşleri üçin klinikadan öňki we kliniki barlaglaryň materiallary (maglumatlary);

- neşe serişdesi we psihotrop maddasy üçin kadalaşdyryjy resminamalar;

- hil güwänamasy;

- bellige alnandygy üçin ýygymyň tölenendigini tassyklaýan resminama.

Bellige alnandygy üçin ýygymyň möçberi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi bilen ylalaşmak esasynda tassyklanylýar.

2. Görkezilen materiallara (maglumatlara) seredilmegi netijesinde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi ýa-da onuň ygtyýarly edarasy üç aý möhletiň dowamynda neşe serişdesini we psihotrop maddany bellige almak ýa-da bellige almakdan boýun gaçyrylandygy hakynda karar kabul edýär. Ol hakda arza

berijä üç günüň dowamynda delillendirilen ýazmaça jogap ýollanylýar.

Bellige almakdan boýun gaçyrylandygy baradaky karar babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenllen tertipde kazyýete şikaýat edilip bilner.

3. Döwlet sanawyna girizilen neşe serişdelerine we psihotrop maddalara bellige alyş belgisi goýulýar, arza berijä bolsa olaryň Türkmenistanda dolanyşykda bolmagyna rugsat berlen möhleti görkezilen tassyknama berilýär. Şu möhletiň geçmegi bilen neşe serişdeleri we psihotrop maddalar gaýtadan bellige alynmaga degişlidir.

Bellige almak hakyndaky karar bilen neşe serişdeleri we psihotrop maddalar üçin kadalaşdyryjy resminama hem tassyklanylýar.

4. Neşe serişdesiniň we psihotrop maddanyň kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýändigi ýüze çykarylan halatynda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi ýa-da onuň ygtyýarly edarasy onuň ulanylmagyny gadagan etmek hakynda karar kabul edip biler.

5. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň bellige alnandygy baradaky karar olaryň dolanyşygyna gözegçiligi amala aşyrmaga ygtyýarly edaralaryň dykgatyna üç günüň dowamynda ýetirilýär.

6. Bellige almak üçin berlen resminamalar neşe serişdesini we psihotrop maddany bellige almagy amala aşyrýan edarada saklanmaga degişlidir.

## V bap. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryňwe prekursorlaryň dolanyşygy

**20-nji madda. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň dolanyşygynyň tertibi**

1. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň Türkmenistanyň çäklerindäki dolanyşygy diňe şu Kanun we oňa laýyklykda kabul edilýän Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen maksatlarda we tertipde amala aşyrylýar.

2. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň Türkmenistanyň çäklerindäki dolanyşygy çygryndaky işiň ähli görnüşleri kärhanalar (edaralar) tarapyndan işiň anyk görnüşine ygtyýarnama alanlaryndan soň amala aşyrylýar.

**21-nji madda. Prekursorlaryň dolanyşygynyň tertibi**

1. 4-nji Sanawa girizilen prekursorlaryň dolanyşygynyň tertibi şu Kanun we Türkmenistanyň kadalaşdyryjy beýleki hukuk namalary arkaly düzgünleşdirilýär.

2. Kärhanalar (edaralar) 4-nji Sanawa girizilen prekursorlary öz önümçiliginde işiň görkezilen görnüsine ygtyýarnamasy bolan mahalynda önümçilige zerur bolan mukdarlardan köp bolmadyk möçberlerde edinip we peýdalanyp bilerler.

3.4-nji Sanawa girizilen prekursorlary neşe serişdelerini ýa-da psihotrop maddalary bikanun

taýýarlamak maksady bilen peýdalanmak üçin niýetlenilendigini tassyklaýan esaslar bar mahalynda olar dolanyşykdan haýal edilmän alynýar.

**22-nji madda. Neşe serişdelerine we psihotrop maddalara döwletiň bellän paýlary**

Neşe serişdelerine we psihotrop maddalara döwletiň bellan paýlary (mundan beýlak - paýlar), şeýle hem Sanawa goşulan ösümlikleriň dolanyşygyny amala aşyrmak üçin berilýän paýlar Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan Türkmenistanyň neşe serişdelerine we psihotrop maddalara bolan hajatlaryny hasaplamak esasynda bellenilýär, olaryň dolanyşygy şonuň çäklerinde amala aşyrylýar.

**23-nji niadda. Käbir neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň dolanyşygynyň çäklendirilmegi ýa-da gadagan edilmegi**

1. 1-nji Sanawa girizilen neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň dolanyşygyna diňe şu Kanunyň 36-njy, 37-nji we 38-nji maddalarynda göz öňünde tutulan maksatlarda ýol berilýär.

2. 2-nji we 3-nji Sanawa girizilen neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň dolanyşygyna lukmanyň bellemegi boýunça lukmançylyk maksatlary bilen, şeýle hem şu Kanunyň 36-njy, 37-nji we 38-nji maddalarynda göz öňünde tutulan maksatlarda ýol berilýär.

3. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň kybapdaşlarynyň dolanyşygy Türkmenistanda gadagan edilýär.

**24-nji madda. Sanawa girizilen ösümlikleriň ösdürilip ýetişdirilmegi**

1. Ösümlikleriň ösdürilip ýetişdirilmegi - munuň özi olaryň ekilmegi, ösdürilmegi, bejerilip idedilmegi we köpeldilmegidir.

2. Sanawa girizilen ösümlikleri şu Kanunda göz öňünde tutulandakydan başga halatlarda Türkmenistanyň çäklerinde ösdürip ýetişdirmek gadagan edilýär.

3. Sanawa girizilen ösümlikleri ösdürip ýetişdirmäge diňe kärhanalara (edaralara) döwletiň bellän paýyndan ýokary geçmeýän möçberlerde rugsat edilýär.

4. Sanawa girizilen ösümlikleri ösdürip ýetişdirmäge we olary diňe senagat, lukmançylyk we ylmy maksatlar üçin peýdalanmaga rugsat bermegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

**25-nji madda. Neşe serişdelriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň saklanylmagy**

1. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary saklamak işi degişli kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelýän ýörite jaýlarda amala aşyrylýar.

2. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary saklamak şu Kanunda we Türkmenistanyň

beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulandakydan başga halatlarda gadagan edilýär.

**26-njy madda. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary daşamagyň tertibi**

1. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary daşamak -daşamagyň usullaryna garamazdan olary bir ýerden başga ýere geçirmek üçin amala aşyrylan islendik hereketlerdir.

2. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary Türkmenistanyň çäklerinde daşamagy amala aşyrmak hukugy kärhanalara (edaralara) işiň şu görnüşine degişli ygtyýarnamany alanyndan soň berilýär.

3. Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar we prekursorlar daşalanda olaryň goragy şol ýüki daşaýan kärhanalar (edaralar) tarapyndan amala aşyrylýar.

4. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary daşamagyň tertibi, şeýle hem munuň üçin gerekli resminamalary resmileşdirmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

5. Şu Kanunyň 33-nji maddasyna laýyklykda diňe lukmançylyk maksatlary üçin alnan neşe serişdelerini we psihotrop maddalary ýanynda götermäge şahsyýety adamlara rugsat edilýär.

**27-nji madda. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary ibermek**

1. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary ibermek - poçta arkaly, ýük ugratmak görnüşinde ýa-da başga usul bilen başga ýere geçirilmegi iberiji gatnaşmazdan amala aşyrylýar.

2. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň poçta arkaly, şol sanda başga döwletlere iberilmegi gadagan edilýär.

3. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň başga döwletler tarapyndan Türkmenistana we Türkmenistan tarapyndan başga döwletlere iberilimegine adatdan daşary ýagdaýlarda ynsanperwerlik kömegi görnüşinde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kabul eden kararyna laýyklykda rugsat berilýär.

**28-nji madda. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlarygoýbermek, ýerleşdirmek we paýlaşdyrmak**

Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary goýbermek, ýerleşdirmek we paýlaşdyrmak işi Türkmenislanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde işiň şu görnüşine ygtyýamamasy bar mahalynda kärhanalar (edaralar) tarapyndan amala aşyrylýar.

**29-njy madda. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary edinmek**

Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary edinmäge şu Kanunda göz öňünde tutulan maksatlar üçin ýol berilýär we ol kärhanalar (edaralar) tarapyndan diňe Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

**30-njy madda. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlaryTürkmenistanyň çäklerine getirmek we ondan äkitmek**

1. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary Türkmenistanyň çäklerine getirmek we ondan äkitmek (mundan beýläk - getirmek, äkitmek) - munuň özi olary başga döwletiň gümrük çäklerinden Türkmenistanyň gümrük çäklerine ýa-da Türkmenistanyň gümrük çäklerinden başga döwletiň gümrük çärlerine geçirmekdir.

2. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň her gezekki getirilmegi (äkidilmegi) üçin rugsatnama we Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan bellenilen tertibe laýyklykda halkara nusgasyndaky güwänama alynmalydyr.

Berlen rugsatnama görkezilen işe ygtyýarnamasynyň bardygyna garamazdan başga bir kärhana (edara) berlip bilinmez.

3. Şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen rugsatnamany we güwänamany almak üçin kärhana (edara) Döwlet toparyna arza berýär, onda şular görkezilmelidir:

- getirmegiň (äkitmegiň) görnüşi (aýratynlygy) we maksatlary;

- neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary getirmegi (äkidilmegi) amala aşyrýan kärhananyň (edaranyň), şeýle hem ýüki alýanyň ady we salgysy;

- neşe serişdesiniň, psihotrop maddanyň we prekursoryň halkara patentlenen ady, eger ol bar bolsa, ýa-da onuň çykarylan wagtynda dakylan ilkinji ady, ýa-da çykarylýan neşe serişdesiniň, psihotrop maddanyň we prekursoryň soňky ady;

- neşe serişdesiniň we psihotrop maddanyň derman görnüşi;

- neşe serisdesini, psihotrop maddany we prekursorlary öndürýäniň hil babatdaky güwanamasynyň bardygy;

- neşe serişdesiniň, psihotrop maddanyň we prekursoryň şol tapgyrdaky mukdary;

- getirmegiň (äkitmegiň) möhletleri;

- getirmek (äkitmek) üçin peýdalanylmaga niýetlenllýän ulagyň görnüşi;

- Türkmenistanyň gümruk serhediniň kesilip geçiljek ýeri we senesi;

- Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertibe laýyklykda berilýän beýleki maglumatlar.

4. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň her gezekki tapgyryna olary getirmäge (äkitmäge) berlen rugsatnamanyň tassyklanylan nusgasy goşulýar, ol getirilýän (äkidilýän) ýurduň ygtyýarly edarasyna hem iberilýär.

5. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň getirilmegine (äkidilmegine) neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary getirmäge (äkitmäge) we daşamaga diňe ygtyýarnamasy bar mahalynda rugsat edilýär.

Olaryň eltilip berlendigini tassyklamak maksady bilen import we eksport edýän edaralaryň arasynda neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň anyk tapgyrynyň gelip gowşandygy hakynda eksport güwänamasyna bellik edilen getiriş we äkidiş güwänamasy alşylýar.

6. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary getirmegi (äkitmegi) amala aşyrýan kärhanalaryň (edaralaryň) atlary we salgylary takyk görkezilmese, olary getirmek (äkitmek) gadagan edilýär.

7. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary Türkmenistanyň gümrük çäklerinden üstüaşyr geçirmek Türkmenistanyň kanunçylygynda göz oňünde tutulanyndakydan başga halatlarda gadagan edilýär.

8. Eger getirilýän (äkidilýän) neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň hakyky mukdary rugsatnamada görkezilen mukdara gabat gelmese, onda

olary getirmek (äkitmek) işi ýüze çykan laýyk gelmezlik aýdyňlaşdyrylýança togtadylýar.

9. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň getirilmegine (äkidilmegine) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen talaplar bozulan halatynda olar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda dolanyşykdan alynmaga ýa-da muzdsuz elinden alynmaga (konfiskasiýa edilmäge) degişlidir.

**31-nji madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň ýok edilmegi**

1. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary ýok etmek işi şeýle halatlarda amala aşyrylýar, ýagny:

- neşe serişdeleriniň, psihotrop jişimleriň we prekursorlaryň ýaramlylyk möhleti geçende;

- şu Kanunyň 17-nji maddasynda bellenilen talaplar bozulanda;

- neşe serişdeleri, psihotrop maddalary we prekursorlar himiki, fiziki ýa-da başga täsire sezewar edilmegi netijesinde olaryň ýaramsyzlyk derejesi olary düzetmek ýa-da gaýtadan işlemek mümkinçiligini aradan aýyrýan bolsa;

- neşe serişdeleri, psihotrop maddalary bikanun dolanyşykdan konfiskasiýa edilende, tapylanda ýa-da eýesiniň elinden alnanda we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenen tertibe laýyklykda şolar mundan beýläk ulanylmaga degişli däl halatynda.

2. Neşe serişdelerini we psihotrop maddalary öndürmek üçin peýdalanylýan prekursorlaryň, gurallaryň we enjamlaryň mundan beýläk kanuny dolanyşykda peýdalanylmagy maksada laýyk däl diýlip ykrar edilende olar hem ýok edilmäge degişlidir.

3. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary, prekursorlary, olary öndürmek üçin peýdalanylýan gurallary we enjamlary ýok etmek işi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde geçirliýär.

## VI bap. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryňpeýdalanylmagy

**32-nji madda. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň lukmançylyk maksatlary üçin peýdalanylmagy**

1. 2-nji we 3-nji Sanawlara girizilen neşe serişdeleri we psihotrop maddalar lukmançylyk maksatlary üçin peýdalanylyp bilner.

2. Neşe serişdelerini we psihotrop maddalary bellemegiň we peýdalanmagyň tertibi we şertleri, olaryň bir dermannamada ýazyp bolýan mukdary Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrigi tarapyndan kesgitlenilýär.

3. Saglygy goraýşyň hususy sektorynyň saglygy goraýyş işgärlerine we halk saglygy goraýşy bilen meşgullanýan adamlara

(tebiplere) neşe serişdelerini we psihotrop maddalary öz işinde ulanmak gadagan edilýär.

4. 2-nji we 3-nji Sanawlara girizilen, gaýragoýulmasyz lukmançylyk kömegini bermäge niýetlenen neşe serişdeleri we psihotrop maddalar sanitar ulaglaryndaky, halkara gatnawynyň deňiz we howa gämilerindäki we halkara demir ýol gatnawlarynyň otlularyndaky ilkinji lukmançylyk kömeginiň dermanhanajyklarynda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan Düzgünnama laýyklykda bolup biler.

**33-nji madda. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň şahsyýety adamlara lukmançylyk maksatlary üçin goýberilmegi**

1. Lukmançylyk maksatlary üçin neşe serişdeleri we psihotrop maddalary şahsyýety adamlara işiň görkezilen görnülişine degişli ygtyýarnamasy bar bolan döwlet saglygy goraýyş ulgamynyň dermanhana edaralarynda ýörite resmikagyzlara ýazylan dermannamalar boýunça goýberilýär.

2. Neşe serişdelerini we psihotrop maddalary goýbermegiň tertibi, ýörite dermannama resmikagyzlarynyň görnüşi, olary doldurmagyň, bermegiň, bellige almagyň, hasaba almagyň we saklamagyň tertibi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi bilen ylalaşmak esasynda bellenilýär.

Lukmançylyk maksatlary üçin şahsyýety adamlara neşe serişdelerini we psihotrop maddalary goýbermek

hukugy berlen dermanhana edaralarynyň, şeýle hem olaryň wezipeli adamlarynyň sanawy Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilýär.

**34-nji madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň üstüaşyr geçýän gatnawyň ýolagçylaryny bejermek üçin peýdalanylmagy**

1. Türkmenistanyň çäklerinden üstüaşyr geçip barýan daşary ýurt raýaty bolan ýa-da raýatlygy ýok syrkaw adam özini bejertmek üçin 2-nji we 3-nji Sanawlara girizilen neşe serişdelerini we psihotrop maddalary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde öz ýany bilen äkidip biler.

2. Eger şol adam Türkmenistanyň çäklerinde saklanmaga mejbur bolsa we lukmanlaryň netijenamasy boýunça keseliniň bejerilmesini dowam etdirilmegine mätäç bolsa, oňa neşe serişdelerini we psihotrop maddalary goýbermeklik Türkmenistanyň döwlet bejeriş edaralarynyň daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy ýok adamlara lukmançylyk kömegini bermegiň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan Düzgünleri esasynda berlen dermannama boýunça amala aşyrylýar.

**35-nji niadda. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň weterinariýada peýdalanylmagy**

Weterinariýada we haýwanlary tutmak üçin peýdalanylýan neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň

Sanawy, şeýle hem olary edinmegiň (satyn almagyň), paýlamagyň, saklamagyň şertleri hem-de peýdalanmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

**36-njy madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň ylmy we okuw maksatlary üçin peýdalanylmagy**

Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň ylmy we okuw maksatlary üçin peýdalanylmagyna işiň anyk görnüşine ygtyýarnamasy bar bolan ýörite döwlet edaralaryna rugsat berilýär.

**37-nji madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň seljeriş we kriminalistik işlerde peýdalanylmagy**

Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary ýüze çykarmak ýa-da deňeşdirme (meňzetme) maksady bilen seljeriş işleri geçirilende olary peýdalanmaga Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ygtyýarly döwlet edarasyna rugsat berilýär.

**38-nji madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň derhal agtaryş işlerinde peýdalanylmagy**

Gözegçilikli ibermeklik, gözegçilikli satyn almaklyk, kriminalistik seljermeleri geçirilende, deňeşdirme (meňzetme) üçin nusgalar ýygnalanda, neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş alyp barýan işgärleri

okatmak, şeýle hem gulluk agtaryş itlerini ýörite taýýarlamak üçin derhal agtaryş işlerini amala aşyrýan edaralara neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda peýdalanmaga rugsat berilýär.

**39-njy madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy çygryndaky işler hakynda hasabat**

Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy çygryndaky işlere ygtyýarnamalaryň eýeleri bolan kärhanalar (edaralar), şeýle hem öz ygtyýarlyklaryna göra, neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygyny ygtyýarnamasyz amala aşyrýan döwlet edaralary öz alyp barýan işleri barada Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan Düzgünnama laýyklykda hasabatlary bermäge borçludyrlar.

**40-njy madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň tükellenilmegi**

1. Öz bar bolan ygtyýarnamasyna laýyklykda ýa-da öz ygtyýarlyklaryna göra neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy çygrynda işleri amala aşyrýan kärhanalar (edaralar) öz ygtyýarynda durýan neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň her çärýekde tükelleýiş işlerini geçirmäge we olaryň deňeçerligini (balansyny) düzmäge boçludyrlar.

2. Tükelleýşiň barşynda ýüze çykarylan kemçilikler üç günüň dowamynda Döwlet toparynyň we Türkmenistanyň içeri işler edaralarynyň dykgatyna ýetirilýär.

**41-nji madda. Neşe serişdeleri, psihotrop maddalary we prekursorlar bilen geçirilen çäreleri (operasiýalary) bellige almagyň geçirilmegi**

1. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy çygryndaky işler amala aşyrylanda islendik çäreler (operasiýalar) bar bolan ygtyýarnamasyna ýa-da onuň ygtyýarlylygyna göra, şeýle işleri amala aşyrýan kärhananyň (edaranyň) ýolbaşçysynyň buýrugy bilen bu borçlar üstüne ýüklenilen adamlar tarapyndan bellige alyş žurnallarynda ýörite hasaba we bellige alynmaga degişlidir.

2. Bellige alyş žurnallary olara iň soňky ýazgy girizilenden soň on ýylyň dowamynda saklanylýar.

3. Bellige alyş žurnallarynyň görnüşi, olary ýöretmegiň we saklamagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

## VII bap. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygyna garşy herekeller

**42-nji madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygyna gözegçiligi amala aşyrmaga ygtyýarly edaralar**

1. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň, prekursorlaryň dolanyşygyna we olaryň ulanylyşyna Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy, Türkmenistanyň Baş prokuraturasy, Türkmenistanyň Adalat ministrligi we öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beýleki degişli guramalar we edaralar gözegçiligi amala aşyrmaga ygtyýarly edilen edaralar bolup durýar.

2. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreşi alyp barmak we olaryň ulanylmagyny utgaşdyrmak işi Döwlet topary tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreşi guramak işi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýan degişli döwlet maksatnamalary esasynda amala aşyrylýar.

**43-nji madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygyna gözegçiligi amala aşyrmaga ygtyýarly**

**edilen edaralaryň wezipeli adamlarynyň hukuklary we borçlary**

1. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy bilen baglanyşykly işleriň tertibiniň bozulandygy hakynda saýatlyk edýän ýeterlik esaslar bar mahalynda Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy, prokuratura, içeri işler, milli howpsuzlyk edaralarynyň, gümrük we serhet gulluklarynyň wezipeli adamlarynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde şulara hukugy bardyr, ýagny:

- Sanawa girizilen ösümlikleriň ösdürilip ýetişdirilmegi mümkin bolan ýerleri, neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň işlenilip taýýarlanylýan, öndürilýän, taýynlanylýan, gaýtadan işlenilýän, saklanylýan, goýberilýän, ýerleşdirilýän, paýlanylýan, satyn alynýan, peýdalanylýan we ýok edilýän ýerlerinde barlag geçirmäge;

- neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň öndüriliş we taýýarlanylyş işiniň gidişiniň bellenilen düzgünlere we şu Kanuna laýyk gelşini barlamaga, zerur halatlarda deňeşdirme barlagyny geçirmek üçin olardan nusgalar almaga;

- neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň elýeter bolmagyna ýol bermezlik maksady bilen jaýlary möhürlemage;

- gözegçilik borçlaryny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan düşündirişleri we resminamalaryň berilmegini talap etmäge;

- neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy bilen baglanyşykly işleriň amala aşyrylýan gulluk jaýlaryny, şeýle hem oňa ýanaşyk ýerleri barlamaga;

- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda raýatlaryň jaýlarynda we öýlerinde, beýleki ýasaýyş we ýaşalmaýan jaýlarynda agtaryş işlerini amala aşyrmaga;

- şahsyýety adamlary, poçtany we ugradylýan ýükleri, ulag serişdelerini we geçirilýän ýükleri barlap gözden geçirmäge;

- öz teninde neşe serişdelerini, psihotrop maddalary ýa-da prekursorlary gizläp getirýändir diýip çak etmäge esas bolan adamlary lukmançylyk gözden geçirişinden geçirmek üçin olary saglygy goraýyş edaralaryna ibermage;

- neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy bilen baglanyşykly işleriň görnüşlerine ygtyýarnamalary bolan kärhanalara (edaralara) ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmak hakynda ýerine ýetirilmegi hökmany bolan tabşyryklary bermäge;

- Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilýän tertipde gözegçiligiň beýleki çärelerini amala aşyrmaga.

2. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygyna gözegçiligi amala aşyrmak bilen baglanyşykly çäreler geçirilende şu maddanyň 1-nji böleginde görkezilen wezipeli adamlar şu Kanuna,

Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalaryna pugta laýyklykda hereket etmäge borçludyrlar.

Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygyna gözegçiligi amala aşyrmagyň bellenilen tertibiniň bozulan halatlary ýüze çykarylan ýagdaýlarda günäkär wezipeli adamlar Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde jogapkärçilige çekilmage degişlidir.

**44-nji madda. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary gözegçilikli ibermegiň we gözegçilikli satyn almagyň geçirilişi**

Jenaýatlaryň öňüni almak, üstüni açmak we soňuna çykmak, neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşykly adamlary ýüze çykarmak üçin derhal agtaryş işlerini amala aşyrýan edaralaryň şu aşakdakylary geçirmäge hukugy bardyr, ýagny:

- gözegçilikli ibermek - derhal agtaryş çäreleri geçirilende, şunda derhal agtaryş işini amala aşyrýan edaralaryň ygtyýar bermegi bilen we gözegçilik etmegi astynda neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary, şeyle hem olary öndürmek we taýýarlamak üçin niýetlenilen gurallary ýa-da enjamlary bir erden başga ýere geçirmäge, aýratyn halatlarda bolsa, beýleki ýurtlaryň ygtyýarly edaralary bilen ylalaşyk boýunça Türkmenistanyň çäklerine getirmäge (ondan äkitmage), onuň çäklerinden üstüaşyry geçirmäge ýol berilýär;

- gözegçilikli satyn almak - derhal agtaryş çäreleri geçirilende, şunda derhal agtaryş işini amala aşyrýan edaralaryň ygtyýar bermegi bilen we gözegçiligi astynda neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary, şeýle hem olary bikanun taýýarlamak üçin niýetlenilen gurallary ýa-da enjamlary satyn almaga, saklamaga we daşamaga ýol berilýär.

**45-nji madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň muzdsuz elinden alynmagy (konfiskasiýa edilmegi)**

Bikanun dolanyşykdaky we eýesiz neşe serişdeleri, psihotrop maddalary, olaryň kybapdaşlary we prekursorlar, şeýle hem olaryň bikanun taýýarlanylmagy we ulanylmagy üçin peýdalanylýan maddalar, gurallar we enjamlar, neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygynda peýdalanylýan hem-de şunuň bilen baglanyşykly işler netijesinde alnan emläk we maliýe serişdeleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda dolanyşykdan aýrylmaga we elinden muzdsuz alynmaga (konfiskasiýa edilmäge) degişlidir.

Olary mundan beýläk peýdalanmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

**46-njy madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşykly resmi ýüztutmalaryň ýerine ýetirilmegi**

Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygy we ulanylmagy bilen baglanyşykly meseleler boýunça Döwlet toparynyň, döwlet häkimiýet we doladyryş edaralarynyň resmi ýüztutmalarynyň görkezilen möhletlerde wezipeli adamlar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

**47-nji madda. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary wagyz etmegiň gadagan edilmegi we mazamlamagyň çäklendirilmegi**

1. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň, şeýle hem olary taýýarlamagyň usullarynyň, alynýan ýerleriniň we neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy çygrynda kanuna garşy gelýän hereketleriň wagyz edilmegi gadagan edilýär.

2. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary işläp taýýarlamak, gaýtadan işlemek, ulanmak we peýdalanmak baradaky pikirleri (taglymlary) kopçülige ýaýratmak, şonuň ýaly-da şeýle pikirleri (taglymlary) özünde jemleýän kitap önümlerini we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň önümlerini öndürmek we ýaýratmak, ýa-da şu maksat bilen başga hereketleri amala aşyrmak gadagan edilýär.

3. Neşe serişdelerini, psihotrop maddalary we prekursorlary wagyz etmek, şeýle hem saglygy goraýyş işinde näsagyň erkini basyp ýatyrmaga gönükdirilen neşe serişdelerini we psihotrop maddalary düzüminde saklaýan

ýa-da onuň psihiki we fiziki saglyk ýagdaýyna ýaramaz täsirini ýetirýän derman serişdelerini ulanmagy wagyz etmek gadagan edilýär.

4. Düzüminde neşe serişdeleri we psihotrop maddalary bolan derman serişdeleriniň mazamlanylmagyna diňe döwlet saglygy goraýyş edaralarynyň resmi metbugat neşirlerinde ýol berilýär.

**48-nji madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygyna we ulanylmagyna garşy göreş çäreleriniň maliýeleşdirilmegi**

Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygyna we ulanylmagyna garşy göreş çärelerini maliýeleşdirmek işleri Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki maliýe çeşmeleriniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

## VIII bap. Neşekeşlikden ejir çekýän näsaglara narkologik kömek we ol berlende raýatlaryň hukuklarynyň kepillikleri

**49-njy madda. Lukmanyň kesgitlemesi bolmasa, neşe serişdelerini we psihotrop maddalary ulanmagyň gadagan edilmegi**

Lukmanyň kesgitlemesi bolmasa, neşe serişdelerini we psihotrop maddalary ulanmak Türkmenistanda gadagan edilýär.

**50-nji madda. Neşe serişdelerini we psihotrop maddalary bikanun ulanýan adamlaryň ýüze çykarylmagy**

1.Şahsyýety adamyň neşe serişdelerini, psihotrop maddalary ýa-da olaryň kybapdaşlaryny bikanun ulanýandygy hakynda ygtyýarly döwlet edaralaryna resmi maglumat gelip gowşanda ýa-da neşe keýpindedigine esaslandyrylan şübhe bolanda ol lukmançylyk güwänamasynyň geçirilmegine degişlidir.

2. Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň, şeýle hem olaryň kybapdaşlarynyň bikanun ulanylýandygy şaýatlaryň görkezmeleri, neşe keýpiniň alamatlarynyň ýüze çykarylmagy, lukmançylyk güwänamasynyň netijeleri, şeýle hem barlanylýanyň bedeninde neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň bardygynyň anyklanylmagy bilen tassyklanylyp bilner.

3. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň ýa-da olaryň kybapdaşlarynyň bikanun ulanylmagy netijesinde emele gelýän neşe keýpiniň ýagdaýyny anyklamak lukmançylyk güwänamasyny (barlagyny) geçirmek borjy öz üstüne ýüklenen lukmanyň ygtyýarlygyna girýär.

"Neşekeşlik" keseliniň kesgitlemesi lukmanlyk ýa-da harby-lukmanlyk topary tarapyndan bellenilýär.

4. Neşe serişdelerini ýa-da psihotrop maddalary ulanmaga ýykgyn edýän adamlary, şeýle hem olaryň bikanun dolanyşygyna dahyly bolan adamlary hasaba almagy we bellige almagy Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň narkologiýa gullugyndan alnan maglumat boýunça Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy alyp barýar.

5. Neşe serişdelerini ýa-da psihotrop maddalary bikanun ulanýan adamlary ýüze gykarmagyň we hasaba almagyň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilýär.

**51-nji madda. Lukmançylyk güwänamasy we lukmançylyk barlagy**

1. Lukmançylyk güwänamasy - munuň özi hünärmen lukman tarapyndan neşe keýipliliginiň bardygyny ýa-da ýokdugyny kesgitlemek maksady bilen şahsyýety adamyň barlanylmagydyr.

2. Lukmançylyk barlagy - munuň özi hünärmen lukman tarapyndan adamyň keseliniň kesgitlemesiniň "neşekeşlik" diýip ýa-da şeýle zadyň ýokdugyny bellemek maksady bilen şahsyýety adamyň barlanylmagydyr.

3. Lukmançylyk güwänamasy hukuk goraýjy edaralaryň, lukmançylyk barlagy bolsa narkolog-lukmanyň ýollamagy boýunça geçirilýär.

4. Lukmançylyk güwänamasynyň geçirilmeginden ýa-da lukmançylyk barlagyndan boýun gaçyran şahsyýety

adam narkologiýa edarasyna Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda mejbury tertipde getirilip bilner.

5. Lukmançylyk güwänamasyny we lukmançylyk barlagyny geçirmegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.

6. Lukmangylyk güwänamasyna we lukmançylyk barlagyna ibermek hakyndaky karar babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde kazyýete şikaýat edilip ýa-da prokuror tarapyndan garşylyk görkezilip bilner.

7. Lukmançylyk güwänamasyny we lukmançylyk barlagyny geçirmek üçin çykdajylar degişli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna, goşmaça lukmançylyk hyzmatlaryna zerurlyk ýüze çykanda bolsa, olar lukmançylyk güwänamasy we lukmançylyk barlagy geçirilýän adamyň hasabyna tölenilýär.

**52-nji madda. Neşekeşlikden ejir çekýän adamlara narkologik kömek**

1. Neşekeşlikden ejir çekýän adamlara Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda narkologik kömegiň berilmegini we onuň saglygy goraýyş-durmuş taýdan saglygyny we zähmete ukyplylygyny dikeltmegine ýardam edilmegini döwlet kepillendirýär.

2. Neşekeşlikden ejir çekýän adamlara narkologik kömegi eýeçiligiň görnüşine garamazdan, şeýle işe ygtyýarnamasy bolan we bejeriş işlerini Türkmenistanyň

kanunçylygynda bellenen tertipde geçirýän saglygy goraýyş edaralary tarapyndan berilýär.

Döwlet saglygy goraýyş ulgamynyň neşekeşlikden ejir çekýän adamlara narkologik kömegi berýän edaralaryň hususylaşdyrylmagy we dolandyrmak üçin ynanylan adama berilmegi gadagan edilýär.

3. Neşekeşlikden ejir çekýän adama narkologik kömek olar meýletin ýüz tutanlarynda ýa-da olaryň razylygy bilen berilýär, kämillik ýaşyna ýetmediklere bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulandakydan başga halatlarda olaryň ata-eneleriniň ýa-da kanuny wekilleriniň haýyşy ýa-da razylygy bilen berilýär.

4. Narkologiýa edarasyna bejeriş tapgyryny geçmek üçin meýletin ýüz tutan adama onuň haýyşy boýunça bejeriş çäreleriniň gizlinligi üpjün edilýär. Şol adam hakyndaky maglumat diňe resmi taýdan ýüz tutulan halatlarda hukuk goraýyş edaralaryna berlip bilner.

5. Keseliniň kesgitlemesi "neşekeşlik" diýlip goýlan, lukmançylyk gözegçiliginden we bejerişinden boýun gaçyrýan, neşe serişdelerini hem-de psihotrop maddalary ýa-da olaryň kybapdaşlaryny ulanmagy dowam etdirýän adamlara kazyýetiň çözgüdi boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda mejbury bejeriş çäreleri bellenilýär.

6. Neşekeşlikden ejir çekýän adamlara narkologik kömek berlende olar "Raýatlaryň saglygyny goramak

hakynda" Türkmenistanyň kanunynda göz öňünde tutulan näsaglaryň hukuklaryndan peýdalanýarlar.

7. Meýletin bejeriş tapgyry gutarandan soň şol näsaga onuň haýyşy boýunça geçirilen bejeriş hakynda onuň wagtyny görkezmek bilen lukmançylyk güwänamasy berilýär.

**53-nji madda. Neşekeşlikden ejir çekýän şahsyýety adamlaryň hukuklarynyň çäklendirilmegi**

1. Neşekeşlikden ejir çekýän adamlar hünär işiniň we ýokary howplulyk çeşmeleri (ýagny, adamlara we daşky tebigy gurşawa zyýan ýetirmegiň ýokary howpunyň mümkinçiligini doredýän aýratyn häsiýetli obýektleri, enjamlary we maddalary ulanmak we peýdalanmak bilen baglanyşykly) işleriň aýry-aýry görnüşlerini ýerine ýetirmäge wagtlaýyn (üç ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen soňundan lukmanlylyk güwänamasyny geçmek hukugy bilen) ýaramsyz diýlip ykrar edilip bilner.

2. Şahsyýety adamyň hünär işiniň we ýokary howplulyk çeşmeleri bilen baglanyşykly işleriň aýry-aýry görnüşlerini ýerine ýetirmage ýaramlydygy hakyndaky çözgüt hünar işiniň we ýokary howplulyk çeşmeleri bilen baglanyşykly işleriň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmak üçin saglygy goraýyş taýdan ýaramazlyklaryň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan Sanawyna laýyklykda saglygy goraýyş edarasynyň lukmançylyk topary tarapyndan kabul edilýär.

Olar bilen meşgullanmaga çäklendirmeler bellenilýän hünär işiniň we ýokary howplulyk çeşmeleri bilen bagşanysykly işleriň aýry-aýry görnüşleriniň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

3. Şahsyýety adamyň neşekeşlikden ejir çekýändigi sebäpli hünär işiniň we ýokary howplulyk çeşmeleri bilen baglanyşykly işleriň aýry-aýry görnüşlerini ýerine ýetirmage ýaramsyz diýlip ykrar edilendigi hakyndaky çözgüt babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde kazyýete şikaýat edilip bilner.

4. Neşekeşlikden ejir çekýän adamlar degişli içeri işler edaralarynda, Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynda hasapda durmaga, şeýle hem saglygy goraýşyň döwlet ulgamynyň bejeriş-öňüni alyş edaralarynda Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde hasapda durmaga we lukmançylyk gözegçiliginde bolmaga degişlidir.

5. Neşe serişdelerini ýa-da psihotrop maddalary ulanmagy netijesinde öz maşgalasyny maddy taýdan agyr ýagdaýa goýýan adamyň kämillik ukyby kazyýet tarapyndan çäklendirilip bilner, şonuň bilen baglanyşyklylykda oňa Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda howandarlyk bellenilýär.

**54-nji madda. Neşekeşlikden ejir çekýän adamlara narkologik kömegi bermek boýunça işleriň utgaşdyrylmagy**

1. Saglygy goraýyşyň döwlet ulgamynyň narkologik kömegi berýän edaralary işi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan utgaşdyrylýan Türkmenistanyň narkologiýa gullugyna girýär.

2. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi neşekeşligiň öňüni almak we Türkmenistanyň ilatyna narkologik kömegi guramak boýunça, narkologiýa gullugyny ösdürmage, neşekeşlik meseleleri boýunça ylmy barlaglary geçirmäge, neşekeşligi anyklamagyň, bejertmegiň we öňüni almagyň häzirki zaman usullaryny işläp taýýarlamaga we durmuşa ornaşdyrmaga, neşekeşikden ejir çekýän adamlary saglygy goraýyş-durmuş taýdan saglygyny we zähmete ukyplylygyny dikeltmäge gönükdirilen maksatly maksatnamalaryň taslamalaryny işläp taýýarlaýar we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine tassyklamak üçin hödürleýär.

## IX bap. Jemleýji düzgünler

### 55-nji madda. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygy hem-de olaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş çäreleri babatda Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygy

Türkmenistan özüniň baglaşan halkara şertnamalaryna laýyklykda daşary ýurtlar, olaryň ygtyýarly edaralary, şeýle hem neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň dolanyşygyna gözegçiligi hem-de olaryň

bikanun dolanyşygyna garşy göreş çärelerini amala aşyrýan halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk edýär.

**56-njy madda. Şu Kanunyň bozulmagy üçin jogapkärçilik**

Şu Kanunyň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige eltýär.

**57-nji madda. Şu Kanunyň ýerine ýetirilişine gözegçilik**

Şu Kanunyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Baş prokurory we oňa tabynlykdaky prokurorlar amala aşyrýarlar.

## Ulanylan edebiýatlar:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń Konstitusiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003

14. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasy we nesil saglygy. Aşgabat. 2004

15. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 1997

16. Türkmenistanyň kanuny “Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar, prekursorlar we olaryň bikanun dolanşygyna garşy göreş çäreleri hakynda”. Aşgabat, 2004

17. Türkmenistanyň Prezidentiniň karary “Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalarynyň we prekursorlarynyň sanawlaryny tassyklamak hakynda”. Aşgabat, 2007

18. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň “Neşe serişdeleri bilen baglanyşykly kanun bozulmalara garşy göreş boýunça kanunçylygyň kazyýetler tarapyndan ulanylyşynyň iş ýörelgeleri hakyndaky,, karary. Aşgabat. 1998

19. Türkmenistan SSR-niň Ýokary Sowetiniň prezidiumynyň permany “Arakhorlary we neşekeşleri mejbury bejergä ugratmak we zähmet taýdan terbiýelemek barada”. Aşgabat. 1965

20. Ataýew H.A. Türkmeniastanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. Aşgabat 1998.

21. Amanow H.A. Uçudyň erňeginde. Aşgabat, 1999

22. А.Габиани. На краю пропасти. М., 1989

23. А. Габиани. Наркотизм. М., 1974

24. О.В.Колесник. Уголовно-правовые проблемы борьбы с наркоманией. М.,1988

25. К.Ш.Курманов. Наркомания: Уголовно-правовые и криминологические проблемы. Бишкек.1999

26. Н.Мирошниченко. Уголовно-правовые проблемы борьбы с наркоманией. 1988

27. Постатейный коментарий к уголовному кодексу РФ-ии (исправленный и дополненный). Москва. 2005

28. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002

29. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002

30. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004

31. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008

32. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001

33. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001

34. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008

35. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008

36. Уголовное право России, Общая и Особенная часть: учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Н.Г.Кадникова. М., 2006

37. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У

38. Уголовное право России: Часть Общая: Учеб. для вузов. Отв.ред./ проф. Л.Л.Кругликов, М., 2006

39. Уголовное право России: Особенная часть: Учебник (УМО РФ) Под ред./ В.Н. Кудрявцева, А.В. Наумова, М., 2004
40. Антонян Ю.М., Бородин С.В. Преступное поведение и психические аномалии. М., 1998
41. Назаренко Г.В. Принудительные меры медицинского характера в уголовном праве. М.,2000
42. В.П. Панов. Международное уголовное право. Москва. 1997
43. Сарыева Г.Д. Закон против наркомании. Агитатор Туркменистана. 1987. №19.
44. Сарыева Г.Д. Наркомания и ее криминогенная роль. Ашгабат. Материалы конференции. 1990
45. Saryýewa G.D. Neşekeşligiň taryhy. XXI asyr – neşesiz. Aşgabat,2000
46. Saryýewa G.D. Neşäniň bikanun dolanşygyna garşy jenaýat hukuk çäreleri. Il saglygy – yurt baýlygy. Aşgabat, 2002
47. Saryýewa G.D. Neşekeşlik bilen bagly jenaýatlaryň öňüni almak. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasy we nesil saglygy. Aşgabat, 2004
48. Мирошниченко Н.А., Музыка А.А. Уголовно-правовая борьба с наркоманией. Киев. 1988.
49. Радченко В.И. Некоторые вопросы судебной практики по делам о преступлениях связанных с наркотическими средствами, психотропными, сильнодействующими и ядовитыми веществами. Москва. 1988

50. Машковский М.Д. Лекарственные средства. Харьков. 1998
51. Committee Сележинский Г.В. Маков цвет. Химия и жизнь. 1976
52. Осокина Л.А, Потапов А.В. Яд, лекарство, деликатес. Химия и жизнь.1988
53. Миньковский Г.М, Побегайло Б.Ф., Ревин В.П. Уголовна-правовые средства борьбы с наркотизмом в России. Москва. 1994
54. Практика Верховного Суда РФ-ии по уголовным делам за
1992-1994 г.г. Москва. 1995
55. Смирнов Б.Е. Наркомания знак беды. Москва. 1998.

M A Z M U N Y

Giriş .........................................................................9

Bap I. Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler ýýamynda Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistanda neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygyna garşy alyp barylýan göreş çäreleri. Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ilatyň saglygy barada alyp barýan aladasy we neşekeşlige garşy göreş syýasaty...........................................................................14

Bap II. Neşe serişdelere garşy göreşiń taryhy meseleleri. Neşe serişdeleriň bikanun ýaýramagynyň we ulanyl magynyň taryhy...................................................25

Bap III. Neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygy barada düşünje..........................................................................38

Bap IV. Neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygy bilen bagly jenaýatlaryň görnüşleri. Neşe serişdeleriň bikanun dolanşygy bilen bagly jenaýatlaryň obýekti we predmeti...........................................................................45

Bap V. Neşe serişdeleriň bikanun dolanşygy bilen bagly jenaýatlaryň obýektiw tarapy, subýektiw tarapy, jenaýatyň subýekti........................................................75

Neşe serişdeleriniň bikanun dolanşygy bilen bagly jenaýatlary kanun tarapyndan jemgyýet üçin aýratyn howply etmiş diýilip seredilmegi. .................................123

Ulanylan edebiýatlaryň sanawy. ...........................174